Nýu Ýork Times
iň köp satylýan
kitaplaryň awtory

LIZA
BIWER

# GÜÝÇLI ZENAN

## GÜNÜŇ SÖZI

Durmuşyň güýçden hem
yhlasdan nädip doldurylyşy

Gadyrly dostlar,

Men siziň Hudaý bilen, adamlar we öz-özümiz bilen sazlaşykda ýaşanyňyzda, güýçde ösmegiňizi, imanda berkemegiňizi we şatlanmagyňyzy çyn ýürekden isleýärin we munuň üçin doga-dileg edýärin. Hudaýyň Sözüni okamak, ony yglan etmek we durmuşa ornaşdyrmak bilen siz imanda ösersiňiz we güýje eýe bolarsyňyz!

Güýç – bu size berlen çagyryşdyr we buýrukdyr. Biziň diňe bir güýjümizi görkezmek däl-de, eýsem ony nireden alýandygymyz hem wajypdyr. Medeniýetmiz bize güýjüň içimizde döreýändigini aýdýar, ýöne hakykat ynamylygyň we güýjüň hakyky çeşmesiniň Hudaýdygynda jemlenendir.

Siz güýçlüsiňiz, sebäbi Mesihde size güýç, söýgi we sagdyn akyl berlendir. Siz Onuň Sözüniň hakykatynda güýçlüsiňiz we dogrulyga bolan ymtylyşyňyzda yranmazsyňyz.

Beýgeliň we ***öz*** durmuşyňyzda ***Onuň*** güýjüni gözläň!

Mesihdäki söýgi bilen,



Liza
LisaBevere@ymail.com

MessengerX

Messenger INTERNATIONAL

# GÜÝÇLI ZENAN

## GÜNÜŇ SÖZI

Durmuşyň güýçden hem
yhlasdan nädip doldurylyşy

LIZA BIWER

*Strong Devotions,* Turkmen, by Lisa Bevere
© 2025 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as Strong Devotions

Additional resources in Turkmen by John and Lisa Bevere
are available for free download and video streaming at
**MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the Author: LisaBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is NOT FOR SALE

*Güýçli zenan,* Türkmen dilinde, awtory Liza Biwer
© 2025 Messenger International
MessengerInternational.org
Asyl nusgasy iňlis dilinde Strong Devotions ady bilen neşir edildi.

Jon bilen Liza Biweriň türkmen dilindäki goşmaça resurslary
mugt ýüklemek we wideolary görmek üçin **MessengerX.com**
s aýtyna we **MessengerX** App-e giriň.
Habarlaşmak üçin: LisaBevere@ymail.com

Bu kitap Messenjer Internesenldan sowgat we SATUWA DEGIŞLI DÄL

Ýüklemek App Store
Almak Google Play

App Store Apple Inc-iň söwda belgisi bolup, ABŞ-da we beýleki ýutrlarda hasaba alnandyr.
Google Play we Google Play logotipi Google LLC-iň söwda belgisidir.

# MAZMUNY

## 1-NJI BÖLÜM – *Hudaýda güýçli zenan*


1 GÜÝÇLI BOLMAK – BU KADALY ZAT . . . . . 2
2 MESIHDE YNAMLY ZENAN . . . . . . . . 4
3 ÝEKE DÄL ZENAN . . . . . . . . . . . 6
4 HUDAÝ TARAPYNDAN SÖZI EŞIDILEN ZENAN . . 8
5 BIZIŇ HAKYKY ISLEGIMIZ . . . . . . . . 10
6 TEŞNELIGI GANDYRYLAN ZENAN . . . . . . 12
7 SÖÝGI BILEN KÖŞEŞDIRILEN ZENAN . . . . . 14
8 HUDAÝ TARAPYNDAN GORALÝAN ZENAN . . . 16
9 ÜNSÜMLIKDE . . . . . . . . . . . . 18


## 2-NJI BÖLÜM – *Ruhda güýçli zenan*


1 AÝDYMYŇ GÜÝJI . . . . . . . . . . . 22
2 YNAMLY WE BILÝÄN ZENAN . . . . . . . . 24
3 SAGDYN ÝÜREK . . . . . . . . . . . 26
4 ZENANLYK TEBIGATYNY KABUL EDIŞ . . . . 28
5 ÖZÜŇE ERK ETMEGIŇ GÜÝJI . . . . . . . 30
6 GYZGYN DUÝGULY ZENAN . . . . . . . . 32
7 TAGZYM ETMEK – AÝDYMDAN HAS ULY ZATDYR 34
8 RUHY YGTYÝARLYK . . . . . . . . . . 36
9 RUHDA DOGA ETMEK . . . . . . . . . . 38

## 3-NJI BÖLÜM – *Arassaçylykda güýçli zenan*


1 ARASSA ZENAN . . . . . . . . . . . 42
2 WEPALY ZENAN . . . . . . . . . . . 44
3 DAŞKY WE IÇKI . . . . . . . . . . . 46
4 AJAÝYP ŞEKIL BERLEN ZENAN . . . . . . . 48
5 RUHY BAGLAR . . . . . . . . . . . 50
6 ŞYPA BERÝÄN ÖKÜNME . . . . . . . . 52
7 NIKANY SYLAMAK . . . . . . . . . . 54
8 GORAGLY ZENAN . . . . . . . . . . . 56
9 GELIN . . . . . . . . . . . . . 58


## 4-NJI BÖLÜM – *Hakykatda güýçli zenan*


1 PÄHIMLI GÜRLEÝÄN ZENAN . . . . . . . . 62
2 BÜTEWI . . . . . . . . . . . . . 64
3 DIWARLAR . . . . . . . . . . . . 66
4 AÝLAWLY ÖWRÜM . . . . . . . . . . 68
5 ÖKÜNMELER ÝURDUNY TERK EDIP . . . . . . 70
6 SÖÝÜLÝÄN ZENAN . . . . . . . . . . 72
7 IKINJI DEREJELI DÄL . . . . . . . . . 74
8 SENIŇ BÜTIN SÖÝGIŇ . . . . . . . . . 76
9 NURDA GEZMEKLIK . . . . . . . . . . 78


## 5-NJI BÖLÜM – *Gatnaşyklarda güýçli zenan*


1 HIÇ HAÇAN INKÄR EDILMEÝÄN ZENAN . . . . 82
2 GAPMA-GARŞYLYKLAR GYZAN
WAGTYNDAKY PARAHATÇYLYK . . . . . . . 84
3 SÖÝGINIŇ ALYP BARÝAN ÝERI . . . . . . . 86
4 YNAMLY GORAGYŇ ASTYNDA . . . . . . . 88

5 PÄHIMLI JORA . . . . . . . . . . . . 90
6 ADALAT HUDAÝY . . . . . . . . . . . 92
7 GYBATDAN DAŞDA . . . . . . . . . . 94
8 SAZLAŞYKDA ÝAŞAÝAN ZENAN . . . . . . 96
9 PÄK AHLAKLY JEMGYÝETDE ÖSÝÄN ZENAN . . 98

## 6-NJY BÖLÜM – *Göresde güýçli zenan*

1 HÜŞGÄR WE SERESAP ZENAN . . . . . . 102
2 ERKEK BILEN AÝALYŇ ARASYNDAKY PARAHATÇYLYK . . . . . . . . . . 104
3 BAGYŞLAMAZLYK GANDALLARY . . . . . 106
4 SIZIŇ GAÇYBATALGAŇYZ . . . . . . . 108
5 RUHY SÖWEŞIŇ GÜÝÇLI ÝERINDE . . . . . 110
6 GALKANLAR WE PEÝKAMLAR . . . . . . 112
7 HAKYKY URUŞ . . . . . . . . . . . 114
8 ÝAGTYLYKDAKY SÖWEŞ . . . . . . . . 116
9 AÝGYTLYLYKDAN DOLY ZENAN . . . . . . 118

## 7-NJI BÖLÜM – *Merhemetde güýçli zenan*

1 SIZIŇ GEÇMIŞIŇIZ GELJEGIŇIZ DÄLDIR . . 122
2 BAGYŞLANAN ZENAN . . . . . . . . . 124
3 REHIMDAR ZENAN . . . . . . . . . 126
4 GÜNÄ DUÝGUSY DÄL-DE, ÖSÜŞ . . . . . 128
5 ÝÜREK BAGY . . . . . . . . . . . 130
6 PIKIRLER ÇARÇUWASY . . . . . . . . 132
7 BOÝUN ALMAK WE GOÝBERMEK . . . . . 134
8 ÝIGRENÇDEN AZAT ZENAN . . . . . . . 136
9 ÝAZGARMASYZ . . . . . . . . . . . 138

## 8-NJI BÖLÜM – *Özüne erk etmekde güýçli zenan*


1 DIŇLEMEGI BAŞARÝAN ZENAN . . . . . . 142
2 IÝMITDE SAKLANYP BILÝÄN ZENAN . . . 144
3 GAHAR – BU KADALY ZAT . . . . . . 146
4 SÖZLERI ÖLÇERMEGI BAŞARÝAN ZENAN . . 148
5 HALAS EDIJI ÖKÜNÇ . . . . . . . . 150
6 SÖZDE KÖK URAN ZENAN . . . . . . 152
7 EKIŞ WE HASYL . . . . . . . . . 154
8 DYNÇ ALŞYŇ GÜÝJI . . . . . . . . 156
9 HUDAÝYŇ ZENAN ILÇISI . . . . . . . 158


## 9-NJY BÖLÜM– *Azatlykda güýçli zenan*


1 GÜNÄDEN HALAS EDILEN ZENAN . . . . . 162
2 TÄZE ÝÜREK . . . . . . . . . . 164
3 GÜNÄNI BOÝUN ALMAGYŇ GÜÝJI . . . . . 166
4 GÜNÄDEN AZAT EDILEN . . . . . . . 168
5 JUDA AGYRYLY BOLANDA . . . . . . 170
6 AZATLYKDAKY ZENAN . . . . . . . . 172
7 AZAT ZENAN . . . . . . . . . . 174
8 TÄZELENEN ZENAN . . . . . . . . 176
9 ONUŇKY BOLMAK ÜÇIN AZAT EDILEN . . . 178


## 10-NJY BÖLÜM – *Mukaddeslikde güýçli zenan*


1 BU DÜNÝÄDEN DÄL . . . . . . . . 182
2 TABYNLYK ÝOLY . . . . . . . . . 184
3 MUKADDESLIK ALAN ZENAN . . . . . . 186
4 OT BILEN ARASSALANAN ZENAN . . . . . 188

5 TENDÄKI AGYZ BEKLEMEK . . . . . . . 190
6 ÝÜREGINI SOWGAT BERÝÄN ZENAN . . . 192
7 ÖZ HAÇYNY GÖTERÝÄN ZENAN . . . . . . 194
8 HUDAÝYŇ SÖZI . . . . . . . . . 196
9 ÇYDAMLYLYK . . . . . . . . . . 198

# Hudaýda güýçli zenan

I

# GÜÝÇLI BOLMAK – BU KADALY ZAT

*«Hudaý güýçlüdir, şonuň üçin Ol siziň güýçli bolmagyňyzy isleýär».*

– FESLILER 6:10

Güýç alma ýoluna düşmezimizden öňürti, geliň, öz ýüreklerimizdäki käbir zatlara düşünip geçeliň:

Güýçli bolmak – bu kadaly zat.

Mesihi zenanlaryny örän köp ýagdaýlarda güýçli däl-de, ejiz hasap edýärler. Käwagt din bize özüňi ýüze çykarmagy däl-de, gizlenmegi öwredýär. Ýöne biz ejizlige däl-de, pes göwünlilige çagyrylandyrys. Pes göwünlilik – bu gözegçilik astyndaky güýçdir. Musa-da, Isa-da pes göwünlidiler, emma ejiz däldiler. Pes göwünliler özleriniň güýjüniň Hudaýdan gelýändigini bilýärler. Ester ejiz däldi-de, pes göwünlidi. Pes göwünliler asuda bolýarlar, sebäbi olar öz güýjüniň beýik güýçdendigine düşünýärler. Olar gerek bolan wagtynda söweşmegi başarýarlar, ýöne göreşmek üçin bahana gözläp ýörmeýärler.

Güýç – bu ikiýüzli gylyçdyr. Onuň bilen weýran edip hem bolýar, azat edip hem bolýar. Ýöne, adatça, azat edilmegine mätäç adamlaryň ilkinjisi – biziň özümizdiris. Durmuş güýç talap edýär. Şoňa görä-de, biz näçe köp ýaşasak, şol güýç bize şonça-da köp gerek bolýar. Hudaýsyz dünýäde ýaşamak aňsat iş däl. Bu bizden ýekelikde tapyp bilmejek güýjümizi talap edýär. Bagtymyza biz ýeke däldiris. Her birimiziň näme sebäpden garşylyklary kabul edip, güýçli bolmalydygymyzy düşündirýän aýatlara, Efeslilere ýazylan

hata ýüzleneliň. Pawlus gatnaşyklary nädip ýola goýmalydygyny gürrüň bereninden soň şeýle diýýär: “Şunlukda, Rebbiň beýik güýji bilen kuwwatlanyň” (Efesliler 6:10).

Gatnaşyklar güýç talap edýär. Men her gezek öz güýjüm bilen kimdir birini gowy görmäge ýa-da kimdir birine ýöne bir gowy gatnaşykda bolmaga synanyşanymda şowsuzlyga uçraýaryn. Biziň gündelik mätäç bolýan güýjümizi adam mümkinçiliklerinden alyp bilmeýärsiň – olar juda çäklidir. Ine, näme üçin biz Rebbimiziň güýjüne we kuwwatyna bil baglaýan ekenik. Bu aýatlaryň başga bir terjimesinde: «Hudaý güýçlüdir, şonuň üçin Ol siziň güýçli bolmagyňyzy isleýär» diýilýär.

Bize güýjüň ýetmezçilik edýänini Hudaý bilýär, şonuň üçin Ol bize ony berýär. Dawut Hudaýdan gorkýan çopan bolany üçin güýjüň şol çeşmesini tapdy. Biziň Hudaýymyz gudratygüýçlidir, şonuň üçin Ol bize kuwwat berýär. Biziň Atamyzyň güýji tükeniksizdir, şonuň üçin Ol Öz gyzlaryna güýç berýär. Hudaýda siziň durmuşyňyz üçin meýilnama bar, iblisde bolsa, sizi Hudaýyň meýilnamasyndan aýyrmak üçin hileler bar. Şoňa görä-de bir zady ýatda saklamak gerek: iblis düzgün boýunça oýnamaýar. Hudaýyň gyzy bolanyňyzdan soň, Hudaýyň Ruhy bilen bellenildiňiz we duşmanyň gözüne ildiňiz. Täzeden dogulýançaňyz siz onuň guludyňyz, indi bolsa – onuň nyşanasy bolduňyz. Ýöne hakyky güýjümiziň çeşmesini tapan badymyza, ýaraglanmagyň wagty gelýär. “Iblisiň hilelerine garşy durup bileriňiz ýaly, Hudaýyň beren ähli ruhy ýaraglaryny dakynyň” (Efesliler 6:11).

Gökdäki Atam, beren güýjüň we meni güýçli zenan hökmünde görmek isleýändigiň üçin Saňa minnetdar. Seniň meýilnamaňy ýerine ýetirmek üçin men Seniň ähli ýaraglaryňy dakynaryn.

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI GÜÝJÜMIŇ ÇEŞMESI – HUDAÝDYR.

2

# MESIHDE YNAMLY ZENAN

*«Onsoň çölde adalat mesgen tutar,*
*dogruçyllyk hasylly meýdanda ýaşar.*
*Dogruçyllygyň miwesi rahatlyk,*
*netijesi ümsümlik, ebedi howpsuzlykdyr».*

IŞAÝA 32:16-17

Özüne ynamly bolan aýal hakynda eşideniňizde göz öňüňize nähili keşp gelýär? Töweregimize – dükanlaryň tekjelerine, telewizorlaryň ekranlaryna, žurnallaryň sahypalaryna – seredenimizde özüne ynamly aýala jemgyýet tarapyndan çarçuwa salnyp berilýän bahalary biz mydama görýäris. Ol aýalyň özüne göwni ýetýär we asuda bolýar, ýüzünde ýeňişli ýylgyryş görnüp durýar, oňa hemme ýerde haýran galyjy gözler seredýär. Ynamlylygy – kosmetika, egin-eşik ýa-da bizi medeniýetsizlige “çenliden”-ýokary derejedäki “soňa” alyp geçýän derejeli oýunjaklar görnüşinde – satyn alyp bolýandygyna biz ynandyrylýan ýaly bolýarys. Ýöne uzak dowam etjek işlerde ynamlylygy daşky keşbiň ýa-da ýeten derejäň üstünde gurmak peýdasyzdyr. Surat näçe laýk – gowy görlen belgini alan bolsa-da, oňa näçe öwgüli teswirlemeler ýazylan bolsa-da, olaryň hemmesi ýeterlik däl ýaly bolup görünýär, biz barybir içki bitewiligi duýmaýarys. Ynanaýyň, bizi doldurmak üçin her gün müň laýk – gowy görlen belgi gelse-de, ýeterlik bolmaz.

Eger biz gymmatlylygymyzy meşhurlykdan ýa-da owadanlykdan

gözleýän bolsak, onda bize mydama başgalaryň makullamasy gerek bolýar. Şonda başga aýallar bilen deňeşdirmeler, başgalaryň islendik pikirleri ynamlylygymyzy ýiteldýär, özümize baha bermämiz bolsa, mydama ejir çeker. Ýöne başga ýol bar. Bizde Öz ýanyna gelýän zenanlara içden çykýan owadanlygy bermäge mydama taýýar bolan Şazadamyz bar.

Onuň bize berýän ynamlylygy şeýle çuň bolany üçin, ony daşky üstünliklerem, şowsuzlyklaram yrandyryp bilmeýär. Bu dükandaky owadan tekjelerden ýa-da gymmat şaý-seplerden has uludyr. Bu özümiziň tanalýandygymyza we bütin ýürekden söýülýändigimize düşünmekden gelip çykýan ýüregiň öwüşginidir. Zenan şol derejede söýleninde, muny gizläp bolmaýar, sebäbi ol söýgi öwşün atyp durýar. Isa Mesih bizi Öz merhemeti bilen ýalkady. Biz başga ýerden dolulyk gözlemez ýaly, Onuň söýgüsiniň biziň dolulygymyz bolmagyna ýol bermegiň wagty geldi.

Janymyzyň «çenlisine» we «soňuna» seretmegiň wagty geldi. Biz Mesihiň özümiz üçin bitiren işine baha berip, öz ynamlylygymyzy şol fundamentiň üstünde gurmalydyrys. Onuň söýgüsi sönýän däldir. Mesihiň söýgüsinde güllemegimiz üçin, Onuň biziň her birimiz barada edýän aladasy üýtgewsizligine galýandyr.

Rebbim, meni her gün täzeleýäniň, arassalaýanyň we nähili zenan bolmagymy isleýän bolsaň, şonuň ýaly zenana hem öwürýäniň üçin Saňa minnetdar. Men Seniň merhemetiňiň halas edýändigine ynanýaryn.

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MENIŇ YNAMLYLYGYMYŇ HAKYKY ÇEŞMESI ISADADYR.

3

# ÝEKE DÄL ZENAN

*«Başyňyzdan inýän synaglar başgalaryň-da başyndan inýändir, emma Hudaý wepalydyr! Ol siziň güýjüňiziň ýetmejek synagyny bermez. Siz synaga düşeniňizde, Hudaý çykalga-da açar, synagdan üstün gelmek üçin gujur-gaýratam berer».*

1 KORINTOSLYLAR 10:13

Siziň ýüzüňizi meniň hiç haçan görmezligim we adyňyzy hiç haçan bilmezligim mümkin bolsa-da, biziň biri-birimizden beýle köp tapawutlanmaýandygymyza men ynanýaryn. Hatda durmuş ýolundaky duş gelýän synaglarymyzam köplenç örän meňzeş bolýar. Korintoslylara ýazylan hat bize şuny ýatladýar: bize nähili synaglar taýýarlanylan bolsa-da, biz oňa duş gelen birinji adamlar däldiris. Biz durmuş söweşlerinde-de, ýeňişlerimizde-de ýeke däldiris. Ýöne janlarymyzyň duşmany bolan şeýtan başga zada ynandyrmagy gowy görýär. Ol bizi aýra edýär we: “Beýle ýagdaýa düşen diňe sen. Senden başga erbet ýekeje adamam ýok!” diýip pyşyrdap, bu işde her birimizi aýyplaýar. Men, elbetde, muny bilýärin, sebäbi bu ýalan sözleri ol meniňem gulagyma pyşyrdady.

Öz Sözi we wadalary hakda gürrüň gideninde, Hudaý hiç kimi aýryp goýmaýar. Ol Öz ýanyna açyk hem tabyn ýürek bilen gelenleriň hemmesini kabul edýär. Bu hemme zatda özlerini dogry hasap edýän gopbamsy hem özüne göwni ýetýän adamlara degişli däldir. Özbaşdak düzelme synanyşyklarynyň hemmesinde güýçden gaçyp, Öz ýanyna gelýänleriň hemmesine Hudaý has-da ýakyn bolýar. Ol tapdan düşenleriň we tabyn bolanlaryň hemmesini ýokary

galdyrýar we olary çagyryp: “Eger kimde akyldarlyk ýetmezçilik edýän bolsa, goý, ol Hudaýdan dilesin. Hemmelere biminnet we jomartlyk bilen berýän Hudaý oňa hem berer” (Ýakup 1:5) diýýär.

Juda köp mynasyp aýallar özlerini ýalňyz, başgalardan daşlaşdyrylan duýýarlar. Bize şuňa düşünmäge çen boldy: öz göreşimizde birigişimiz ýaly, güýjümizde hem birigip bilýäris. Eger siz şu wagt özüňizi ýalňyz hem aýyplanylýan duýýan bolsaňyz – bu ýalandyr. Siz ýeke däl. Reb siziň aýyplaýjyňyz däl-de, Halasgäriňizdir.

Ine, näme üçin ýygnak şeýle wajyp zat eken, bu hem köp sanly sebäpleriň diňe biridir. Biziň şu günki başdan geçirýän zatlarymyzyň kynçylyklaryny eýýäm ýeňip geçen beýleki adamlar bilen gatnaşykda bolmak bizi imanda berkidýär. Şonda biziň imanymyz öser we Hudaýyň olara wepaly bolşy ýaly, bize-de wepaly boljagyna umyt ederis. Men size aýdýaryn:

Hudaý size gaharlanmaýar.
Ol sizi aýyplamaýar.
Ol size kömek etmek isleýär.
Siz ýeke däl.

*Atam, meniň ýeke däldigim we Seniň meni aýyplamaýandygyň üçin men Seni şöhratlandyrýaryn. Öz şypa beriji barlygyňa meni kabul edýäniň üçin Saňa minnetdar. Şypa alanymdan soň, başgalary ruhlandyrmak üçin, öz geçen ýolum hakda gürrüň bererin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN ÝEKE DÄL. REB – MENIŇ AÝYPLAÝJYM DÄL-DE, HALASGÄRIMDIR.

4

# HUDAÝ TARAPYNDAN SÖZI EŞIDILEN ZENAN

*«Emma Hudaý meni eşitdi, dogamyň sözlerine Ol dykgat berdi».*

ZEBUR 65:19

Kiçijik çagalaryň köpüsiniň ene-atalary size: «Käwagt biziň gymmatly perişdejiklerimiz, eýjejik hem gowjalarymyz özleriniň diýenini etdirjek bolup uruşýarlar, sögüşýärler we uly goh turuzýarlar» - diýýärler. (Dogrusyny aýtsak, käwagt özümizem şonuň ýaly edýäris). Iki ýaşly dawaçy bilen barýan urşuň gyzan wagtynda oňa boýun bolma islegi döreýär: çaga isleýän zadyny berip, onuň söweşde ýeňmegine ýol beresiň gelýär. Şeýle etmek bilen ulular soňrak tutuş uruşda ýeňiş gazanmaga umyt baglaýarlar, ýöne onuň bahasynyň has gymmat düşjegi hakda pikir etmeýärler. Gohuň turmagyna ýol bermek bilen biz diňe erbet häsiýetiň emele gelmegine mümkinçilik berýäris, netijede bu biziň özümize garşy bolup öwrülip gelýär. Ahyr netijesinde çaga aýy dostlugyny görkezýärsiňiz. Biziň Gökdäki Atamyz bolan Hudaý iň pähimli Atadyr. Biziň gözýaşlarymyzyň we talaplarymyzyň haýsydyr bir iň gymmat zada – öz häsiýetimize – howp abandyrýandygyny Ol bilýär.

Öz diýenimi etdirjek bolup, meniňem uly goh turzan wagtymyň bolandygyny boýun alýaryn. Men iňirdeýärdim we arz edýärdim-de: «Hudaý, näme üçin olarda bu zat bar, mende bolsa ýok?» Ýa-da:

«Hudaý, meniň mamladygymy, olaryň mamla däldiklerini Sen bilýärsiň, olara muny görkez!» – diýýärdim. Şunuň ýaly pikirler, aýratynam, adamym we beýleki mesihiler bilen jedelleşenimde peýda bolýardy. Men Hudaýyň olaryň edýän dogalarynyň arasyny kesip, olara meniň näderejede mamladygymy aýdyşyny göz öňüne getirýärdim. Elbetde, men şol dogalaryma hiç haçan jogap almadym, munuň üçin Hudaýa örän minnetdar. Sebäbi Hudaý bize isleýän zadymyzy bermeýär-de, hakykatdan gerek zadymyzy berýär.

Dogalarymyzyň jogapsyz galýandygynyň köp sebäpleri bar, ýöne bu olary Hudaýyň eşitmeýändigini aňlatmaýar. Ol ýokary bähbidiň hatyrasyna mydama biziň ösmegimize ýardam berýär – şol pursatda biz muňa düşünmeýän bolsak-da, bu şeýle bolýar. Edýän dogalarymyzyň çyn ýürekden çykýandygyna ýa ownujak egoistik isleglerden gelip çykýandygyna garamazdan, Hudaý bize nämäniň gerekdigini hemişe anyk bilýär. Ol ebedi maksada laýyklykda hereket edýär. Imanda ösmek bilen men özümi we başgalary Hudaýyň eline tabşyrmagy öwrendim, şonda Onuň dogrulygy men aýtmasam-da dabaralandy. Hudaýyň bizi eşidýändigine we biziň durmuşymyzdaky kämil hökümdarlygyny görkezip jogap berýändigine biz hemişe ynamly bolup bileris.

*Rebbim, men gürleýän wagtymda rehimdarlyk*
*bilen diňleýändigiň we Öz islegiňe we akyldarlygyňa*
*laýyklykda jogap berýändigiň üçin Saňa minnetdardyryn.*
*Meniň geljegim Seniň eliňde ynamly durandyr.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN ÖZÜME GELJEKDE NÄMÄNIŇ TAÝÝARLANANDYGYNY BILÝÄNIŇ ELINDE.

5

# BIZIŇ HAKYKY ISLEGIMIZ

*«Gözlerimi daga aýlaýaryn. Maňa ýardam nireden geler? Ýardam ýeri-gögi ýaradan Rebden geler».*

ZEBUR 120:1-2

Her bir adam durmuşda öz ornuny tapmaklyga dyrjaşýar. Käbirleri üçin bu pul, häkimlik ýa-da dünýewi üstünlik, başga birleri üçin bolsa – söýgi, seks ýa-da goldanylma bolup durýar. Bu gowy işlerem – adamlara kömek bermeklik ýa-da adalatsyzlyga garşy göreşmek hem – bolup biler. Ýöne biz öz ornumyzy Hudaýdan daşarda gözlesek, bize gutulgysyz ýagdaýda lapykeçlik garaşýar. Nädogry ýerden dogry zady gözlemek peýdasyzdyr.

Bize gözlerimizi göklere dikmek gerek, sebäbi bize kömek Ýaradandan gelýär. Biz diňe şol ýerden özümizi doldurjak çeşmäni we bellenilen wezipämizi ýerine ýetirmäge alyp barýan maksady tapyp bileris. Ajy hakykat ine şunda jemlenilendir: eger öz şahsy isleglerimize berk ýapyşyp otursak, onda Hudaý bizi saklamaýar. Erem bagyndaky miwäni ýolmakdan Adam bilen Howy saklamaýşy ýaly, Ol bizi-de özümiziň ymtylyşlarymyzdan saklamaýar. Ol hakykatdan islenilýän Reb bolmak isleýär, ýöne Özüne her neneň agyryly degýän bolsa-da, bize saýlaw azatlygyny berýär. Pawlus adamzat hakda: «Bu adamlar Hudaýy tanamalydyr öýtmediler. Şoňa görä-de, Hudaý olary azgyn höweslerine tabşyryp, edilmesiz zatlary etmeklerine ýol berdi» diýdi (Rimliler 1:28).

Aýak diräp, kejirlik bilen: “Ýok men ony isleýärin, muny isleýärin!” diýip talap etsek, Hudaý yza çekilýär-de, biziň talap edýän zadymyzy almagymyza mümkinçilik berýär. Diňe wagtyň geçmegi bilen şeýle dawa bilen ýeten zadymyzyň özümize şatlyk getirmeýändigini duýýarys.

Hudaý bizi jezalandyrmagy ýa-da ýesirlikde saklamagy asla islemeýär.

Reb şeýle diýýär:

«Geliň, indi düşünişeliň,
günäleriňiz gyrmyzy dek bolsa-da,
olar gar kimin ak bolarlar,
goýy gyzyl dek bolsalar-da,
ak ýüň dek bolarlar.
Eger sözlerimi göwünjeňlik bilen diňleseňiz,
ýurduň näzi-nygmatyny iýersiňiz» (Işaýa 1:18-19).

Beýle bolsa, ýüreklerimizi tabynlykdan we Onuň emrini ýerine ýetirme isleginden doldurup, geliň, Onuň ýanyna gaýdyp baralyň. Geliň, güýç we goldaw çeşmesi hökmünde Onuň ýanyna ylgalyň.

*Gökdäki Atam, hudaýsyz zatlardan ýaşaýyş gözlänim üçin meni bagyşla. Meniň hakyky güýç hem goldaw çeşmäm Sendedir. Meniň ýüregimi arassala-da, onda tabynlygy hem Saňa bolan teşneligi ösdürmäge kömek et.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÝERIŇ HEM GÖGÜŇ HUDAÝY MENI ŞEÝLE ÝARATDY!

6

# TEŞNELIGI GANDYRYLAN ZENAN

*«Düşegimde Seni ýatlan wagtymda, gijäniň ähli nobatlarynda Sen barada oýlananymda, janym ýilik bilen ýagdan doýan dek bolýar, şadyýan dilim bilen agzym Saňa öwgüler aýdýar. Çünki Sen meniň kömegim bolduň; men Seniň ganatlaryň saýasynda şatlanyp nagma aýdaryn. Meniň janym Saňa mäkäm ýapyşýar, Seniň goluň meni goldaýar».*

ZEBUR 62:6-9

Özüňiziň dabara çagyrylan wagtyňyzy ýada salyň. Ol ýerde saçaklar dürli näz-nygmatlardan dolup dur, ýöne siz paýhaslylygy elden bermeýärsiňiz. Iýmitden lezzet alyp doýýarsyňyz, ýöne artykmaç iýmeýärsiňiz. Meýlisden soň gije ýatjak bolanyňyzda, agyrlyk ýa-da oňaýsyzlyk duýmaýarsyňyz – diňe doklugyň we gowy dynç almanyň berýän lezzetini duýýarsyňyz.

Şunuň ýaly doýma duýgusyny diňe ten däl-de, eýsem jan hem duýup bilýär. Bizem Dawut ýaly, düşekde ýatan wagtymyzda, Hudaýyň dogrulygyny ýada salyp – ýa-da öz gören kynçylyklarymyzy we şowsuzlyklarymyzy ýatlap bileris. Bize Atamyzyň gudratlary hakda pikirlenip, öz aklymyzy köşeşdirmek gerek. Ganatlary bilen çagalaryny erbetlikleriň hemmesinden gorap, olaryň üstüni örtüp duran güýçli guşy göz öňüne getiriň. (Mundan beýläk men Köşeşdirijimi hut şonuň ýaly göz öňüne getirjek!) Şonda uky bize dynç almany we täzeden dikelmäni sowgat berer. Şunuň ýaly minnetdarlyk hem hoşallyk atmosferasynda ýüregimiz Rebbiň biziň durmuşymyza beren kömegini we goragyny

wasp eder. Her gün Onuň hatyrasyna bellenilýän baýramçylyk bolup dogar. Uky – bu ullakan tapmaçadyr. Bu wagtda biz has-da gowşak bolýarys: şol wagt aňymyz öçýär-de, biz birnäçe sagatlyk hakykatyň içinden gaýyp bolup gidýäris. Biziň köpimiz çagalykda häzirkimizden has berk uklaýardyk. Göwnühoş hem aladasyz bolan çagalar gündelik aladalary aňsat unudýarlar-da, gijäniň gujagyna aňsatlyk bilen dolýarlar. Ululara bolsa, gündizki hysyrdylary gijäniň asudalygyndan aýra etmeklik ýyl geçdigiçe kyn bolýar. Biz düşege geçenimizde köplenç almasy gerek bolan zady almaýarys. Netijede howsalalar we gorkular daň atýança biziň bilen galýar, şonuň üçin biz gije ýatan wagtymyzdakydan-da beter ýadaw bolup oýanýarys.

Eger ýatmazymdan öň aladaly pikirleriň aýlanyp ýörmegine ýol bersem, hiç haçan kadaly uklap bilmeýändigimi bildim. Gije – bu gözleriňi ýumup, geçen güni goýbermegiň we ýüregiňi Hudaýa açmagyň wagtydyr. 126-njy mezmuryň 2-nji aýadynda: "...Ol Öz söýýänine uky berýär" diýilýär. Üns beriň: bu ýerde ukynyň gününi dogry ýaşan adamlara berilýändigi aýdylmaýar. Ol ukyny Özüniň söýgüli çagalaryna berýär, siz bolsa, şol söýgüli çagalarsyňyz. Bu gije Hudaýyň mähriniň we goragynyň siziň üstüňizi mylaýymlyk bilen basyryşyny göz öňüne getirmegiňizi isleýärin. Eger Oňa doly ynansaňyz, onda ertir bilen oýananyňyzda, ýüregiňizde aýdym aýdyp, Oňa doga etmäge bolan isleg bilen oýanjakdygyňyza ynanýaryn.

*Rebbim, her gije men ýaşap geçen günümiň kemçiliklerinden el çekerin we Seniň çirksiz söýgiň hakdaky pikirlerden dolaryn. Sen meni söýýärsiň, sebäbi Sen söýginiň özüsiň. Maňa uky sowgat berýäniň üçin Saňa minnetdar.*

*Men güýçlüdirin,*

HUDAÝYŇ MÄHRI HAKDA PIKIR EDENIMDE WE JANYM RAHATLYK TAPANDA.

7

# SÖÝGI BILEN KÖŞEŞDIRILEN ZENAN

*«Hudaýyňyz Reb, Ýeňiş berýän Söweşiji siziň araňyzda, Reb size guwanyp şatlanar, Ol söýgüsinde size täze durmuş berer, Nagmalar bilen Onuň size ýüregi joşar».*

SEPANÝA 3:17

Biziň köpimiz seksual taýdan eýmenç ýagdaýlara düşýäris. Başgalar eýmenç gatnaşyklarda ýaşaýarlar. Kimdir biri ýene maddy eýmençligi başdan geçirýär. Men şeýle netijä geldim: eýmençligi ýeňip geçmäniň iň gowy usuly köplenç arzuw etmäge başlamakdyr.

Çagalarym gijäniň içinde – gorkup, syrkawlap ýa-da biynjalyk bolup – oýananlarynda, köşeşdirmek üçin men olary bagryma basýardym. Käwagt men olary üwreýärdim, käwagt hem, ýanlarynda ýatýardym. Eger wagt eýýäm giç bolan bolsa ýa-da adamym bir ýere giden bolsa, onda olary öz ýanymda ýatyrýardym. Näme üçin? Sebäbi özleriniň ýanynda meniň bardygymy bilmeklerini isleýärdim. Olar meniň ýanymda ýatanlarynda, özleriniň gorkulary barada gürrüň berýärdiler, men bolsa, olaryň saçlaryny sypalaýardym. Men olara Hudaýyň söýgüsi we öz söýgim hakda pyşyrdap aýdýardym, Hudaýyň mydama ýanlaryndadygyny we olary hemişe goraýandygyny ýatladýardym. Olar uka gidýänçäler, men olary hüwdüleýärdim we olaryň ýene uka gidendiklerini bilýärdim. Enäniň öz çagasynyň gorkusyna berýän seslenmesi Hudaýyň ýüreginden çykýar. Bu diňe Hudaýyň bizi köşeşdirme isleginiň ýuwaşja seslenmesiniň ýaňydyr. Syrkawlanymyzda, şowsuzlyga uçranymyzda, gorky gurşap alanda biz gorkýarys. Şonda Hudaý biziň Özüne ýakynlaşmagymyzy we hiç haçan daşlaşmazlygymyzy isleýär. Ol Öz çagalary hökmünde bizi söýginiň höküm sürýän ýerine, Özüniň gujagynyň goragy astyna çagyrýar. Şol

ýerde hem, Ol Öz barlygynyň ümsümliginde, ýüreklerimize ýeňilligi hem rahatlygy gaýtaryp berýän ajaýyp keşpleri sowgat berýär.

Öz gyzynyň ýene uka gidip, dynç almagy we şypa tapmagy üçin ony mähir bilen üwreýän söýýän Atanyň keşbi maňa ýakyndyr. Siziň Ataňyz Hudaýyň siz üçin aşaky zatlary etmek isleýändigine men bütin ýüregim bilen ynanýaryn:

- sizi bagryna basmak;
- sizden günä we utanç yzlaryny ýuwmak;
- siziň gorkularyňyzy hakykat nury bilen ýagtyldyp, olary dargatmak;
- siziň içiňize umyt üfläp, geljegi açmak;
- içiňizdäki tupan köşeşýänçä sizi üwremek;
- size asudalygy gaýtaryp bermek;
- we ýüregiňizde ýene arzuw yşygyny ýakmak.

Hudaý — daşda we elýetmez däldir. Ol golaýdadyr we kömege gelmäge taýýardyr. Ol Özüniň beýik güýji bilen bizi halas edýär. Gorkudan ýa-da ejizlikden ýaňa aglasak, bu Onuň gaharyny getirmeýär. Çagasyny köşeşdirmekligiň enä şatlyk getirişi ýaly, Öz çagalaryny köşeşdirmeklik Oňa şatlyk getirýär. Ýöne enäniň köşeşdirmesiniň çägi bar, emma Hudaýyňkynyň welin, edil söýgüsi ýaly, çeni ýokdur. Hudaý bize aýdym aýdyp berende, Onuň häsiýetiniň çuňlugy bizi köşeşdirýär. Ony çagyryň, Ol golaýlaşar-da, siziň öz güýjüňiz bilen ýatyryp bilmeýän tupanyňyzy ýatyrar.

*Gökdäki Atam, men Sepanýanyň kitabyndaky, 3:17-däki wada bolan ynam bilen Saňa golaýlaşýaryn. Sen meniň ýanymdasyň we Öz söýgiň bilen meni köşeşdirýärsiň. Bu baradaky arzuwlar meniň ýolumda duran islendik eýmençlikden güýçlüdir. Men Seniň gujagyňdaky dynç alşa girýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI GUDRATYGÜÝÇLI ÝANYMDA, OL MENIŇ DEPÄMDE AÝDYM AÝDÝAR WE ÝÜREGIMI ÖZ SÖÝGÜSI BILEN KÖŞEŞDIRÝÄR.

8

# HUDAÝ TARAPYNDAN GORALÝAN ZENAN

*«Bar güýjüň bilen ýüregiňi gora, çünki ýaşaýşyň gözbaşy ýürekden gaýdýar».*

SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 4:23

Siziň öýüňizde haýsy zat iň gymmat zat? Eger ony ogurlasalar ýa-da ýitirseňiz, näme bolardy? Belki, siz tygşytlan puluňyzyň ýa-da ätiýaçlandyryjyňyzyň kömegi bilen onuň ýerine başgasyny alarsyňyz? Hawa, bu gelşiksiz, hysyrdyly ýagdaý bolardy, ýöne weýrançylyk bolmazdy. Öýüňizdäki zatlaryň haýsysy size emosional taýdan has gymmatly? Belki, edil mende bolşy ýaly, köne surat albomydyr ýa-da ýatlamalar bilen baglanyşykly başga bir zatdyr. Eger şonuň ýaly zat ýitse, ony başga zat bilen çalşyp bolmaýar – diňe onuň ýitenine kaýyl bolmaklyk galýar. Munuň ýaly ýagdaý nebsiňizi agyrdar, emma ýaşaýyş dowam eder. Ýöne hakykat, ine, nämede: eger ogry öýüňize girip, material ýa-da emosional gymmatlygy bolan zatlaryň hemmesini ogurlasa-da, ol barybir iň gymmat zady – siziň ýüregiňizi – ogurlap bilmeýär.

Aslynda ýürek siziň özüňiz ony saklamaga ukyply bolan kimdir birine ýa-da nämedir bir zada baglanyňyzda ogurlanyp bilner. Ine, şonda ýitgi hakykatdan agyr bolup biler. Hut şunuň üçin hem Hudaý bize Özüni bütin ýüregimiz bilen söýmegimizi buýurýar, sebäbi ýüreklerimiz diňe Onda howpsuzlykda bolýar. Siziň ýüregiňiziň – Mukaddes Kitabyň terjimeleriniň birinde aýdylyşy ýaly, ysnyşan zatlaryňyzyň

– “durmuşyňyzdaky galan zatlaryň hemmesine täsirini ýetirýän” (Süleýmanyň pähimleri 4:23, Janly Mukaddes Kitap) güýji bar.

Bizi ýüregimizi aýap saklamaklyga çagyrýan aýat ýüregi töwerekdäki ähli zatlary janlandyryjy çyg bilen iýmitlendirýän arassa, halal, howpsuz suwuň çeşmesi – gözbaşy – hökmünde hem suratlandyrýar. Çeşme dogrudanam töweregini gurşap alan zatlaryň hemmesine täsirini ýetirýär. Düzgün bolşy ýaly, siwilizasiýa ýöne ýere hut çeşmäniň boýunda emele gelmändir. Gurak ýerlerde çeşme göni manyda ýaşaýyş bilen ölümiň arasyndaky serhedi aňladýar. Eger çeşme hapalansa ýa-da onuň çuň suwly çeşme bilen baglanyşygy kesilse, onda onuň töweregindäki görnüşem tutuşlygyna üýtgeýär. Kem-kemden hemme zat gurar we öler. Şonuň üçin çeşmä gözegçilik etmek gerek. Ony goramak, seretmek, hapalanmagyna ýol bermezlik we onuň çuň suwly çeşmeler baglanyşygyny saklamak gerek.

Biz ýüregimizi, edil bütin durmuşymyz üçin gerek bolan janlandyryjy suwuň çeşmesi ýaly, aýap saklaýarys. Biz ony ajylyklardan we öýkelerden gorap, onuň hapalanmagyna ýol bermeýäris. Dogalarymyz we öwgülerimiz arkaly ýüregimiziň hakyky Çeşme bilen baglanyşygyny saklap, onuň guramagyna ýol bermeýäris. Biz ýüregimizi ogurlamaga ukyply bolan bu dünýäniň ötegçi zatlaryna töleg edip bermän, ony ýalan ysnyşyklardan goraýarys. Isanyň tabşyryşy ýaly, “Rebbiňiz Hudaýy bütin ýüregiňiz we bütin janyňyz-teniňiz hem bar aklyňyz bilen söýüp” (Matta 22:37), ýüregiňizi gorasaňyz, onda Ol sizi gorap, howpsuzlykda saklar we gülläp ösüşi size peşgeş berer.

*Rebbim, ýüregimi bütinligine Saňa nädip bermelidigini we ony nädip ygtybarly saklamalydygyny maňa görkez. Seniň howandarlygyň astynda özümiň doly howpsyzlykdadygymy men bilýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖZ ÝÜREGIMIŇ ÇEŞMESINI GORAP SAKLAÝARYN.

9

# ÜNSÜMLIKDE

*«Saklanyň, biliň, Men Hudaýdyryn».*

ZEBUR 45:11

Şu gün ýatmazyňyzyň öň ýanynda kiçiräjik bir eksperiment geçirmäge synanyşyň. Endik edinen agşamky düzgünleriňize gidýän wagtyňyzdan ýöne ýatyp, ýüregiňizi Hudaýa açmak üçin wagt bölüp alyň. Muny Oňa sežde etmeklige we Ony ümsümlikde tanamaga çagyryş hökmünde kabul ediň. Durmuşyňyzda – şatlykda, gaýgyda, durmuş tupanlarynda ýa-da ikirjiňlenmeleriňizde – Hudaýyň Özüni aýan etmegine ýol berip, Onuň hudaýlyk tebigatyny tanaň. Uky sizi gurşap almazyndan öňürti Ol size söýgi sözlerini pyşyrdap aýtmak isleýär.

Doly ümsümlikde boluň-da, diňe diňläň. Eger dawalary başdan geçirýän bolsaňyz, özüňizi aklamaga çalyşmaň. Dymyň we bu ümsümlikde Hudaýa gürlemäge rugsat ediň. Özüňiziň mamladygyňyzy subut etmegi bes edeniňizde, siz Ony eşidersiňiz.

Doga-dileg etmeklik we meditasiýa, gürlänimizdäkä seredende, eşidýän zatlarymyz bilen has köp baglanyşyklydyr. Doga-dileg etmek barada pikir edenimizde, ony köplenç özümizden çykýan zat hökmünde göz öňüňe getirýäris – birgiden sözleri aýdyp, Hudaýyň öňünde içimizi dökýäris, haýyşlar bilen Oňa ýüzlenýäris. Bu gowy zat, ýöne doga-dileg etmeklik munuň bilen tamamlanmaýar. Ondan ýüregimiziň teşne zadyny soramagyň wagty bar. Oňa ýüzlenip, adalaty ýalbaryp soramagyň wagty bar. Ýöne sözlerimiziň güýçli akymly

derýalarynyň bizi hakykatdan arassalamaga güýji ýetmeýär. Olar diňe biziň nukdaýnazarymyzy beýan edýär. Meniň güýçli akymly pikirlerim içinden arassalanma gözlärden juda bulanyk we asuda däl. Ol diňe bulaşdyrýar, düýpden çökündini galdyryp, şübheler perdesini aýlaýar. Aýdyňlaşma çuňlukdan – täzelenme berip, günäni hem ýazygy alyp gidýän – arassa suwdan gelýär.

Saklanyň. Dymyň. Hudaýyň size aýdýan zadyny eşitmek üçin wagt tapyň. Eger günüň ahyrynda sizi howsala hem birahat pikirler gurşap asla, olaryň öz güýjüňizi alyp, asudalygyňyzy bozmagyna ýol bermäň. Düşekde ýatan ýeriňizde pikirleriňizde geçen günüň streslerine we şowsuzlyklaryna gaýta-gaýta gaýdyp gelmek gerek däl. Beýle etmegiň deregine hakyky asudalygy Berýän bilen bolmak üçin ümsümlikden peýdalanyň. Ýatyrkaňyz sizi pikirleriň zulumyndan azat edip, kalbyňyzy asudalykdan doldurmagy diňe Ol başarýar. Ertir oýananyňyzda bolsa, şuny bilersiňiz: “Rebbiň merhemeti bilen biz ýok bolup gitmedik, çünki Onuň rehimdarlygy bakydyr. Her säher bular täzelenýär, Seniň wepadarlygyň beýikdir!” (Ýermeýanyň agysy 3:22-23).

*Atam, men ýatjak bolanymda, kalbymy rahatlandyr we meniň ýüregime ýüzlen. Pikirlerimiň ylgawyny diňe Sen saklap bilýärsiň. Men bu günüň galan pursatlaryny – meniň galkynmagym üçin taýýarlan täze merhemetiňe minnetdarlyk hökmünde – Saňa bagyş edýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZ HUDAÝYMYŇ ÖŇÜNDE ÜMSÜM HEM ASUDA BOLANYMDA.

# Ruhda güýçli zenan

I

# AÝDYMYŇ GÜÝJI

*«Rebbe täze nagma aýdyň, çünki Ol gudratly işleri etdi, goly, mukaddes goly Oňa ýeňiş getirdi».*

ZEBUR 97:1

Söýgi bilen sazyň arasynda ajaýyp, hakykatdan, gudratly baglanyşyk bar. Olar biri-birini açýar, güýçlendirýär we biri-biriniň üstüni dolduryar. Sazyň bizi başga ölçeglere alyp gitme ukyby bardyr. Saza salnan sözler ýüregimizdäki başga hiç zadyň aralaşyp bilmejek künjeklerine baryp ýetýär. Biziň her birimizem aýdymyň täsiri astynda beýik şatlyk duýgysyny hiç bolmanda bir gezek duýup görendiris ýa-da çuň hasrata çümendiris.

Saz — Hudaýa bolan söýgimizi galkyndyrmaklyga alyp barýan çeşmeleriň biridir, sebäbi ol bizi içinde duran hakykatymyzdan – göni Hudaýyň barlygyna – alyp gidip bilýär. Ol ýüregiň jümmüşinden çykýan çuň duýgulary ýokary galdyrýar-da, bizi Hudaýyň ýüregine golaýlaşdyrýar. Emosiýalar çogup daşyp, söz ýetmezçilik edende, ol biziň ýerimize gürleýär.

Sazda mesh edilmäniň bardygyny siz bilýärsiňizmi? Köne Ähtde – patyşalyga, ruhanylyga ýa-da pygamberlige mesh etmeklik köplenç müşk çalmak bilen ýerine ýetirilýärdi. Bu Hudaýyň Ruhuny göze görkezip, fiziki taýdan duýup beýan etmeklik bolýardy. Täze Ähtde mesh etme biziň ýüregimizde Mukaddes Ruhuň we Onuň bizde Mesihi görkezmek üçin hereket edýän güýjüniň bardygyny alamatlandyrýardy. Bizi Hudaýyň barlygyna çekýän päk ahlakly, mesh edilen saza hut Mukaddes Ruhuň Özi güýç berýär. Sežde etme aýdymlarynyň

käbir pursatlarynda bolsa, Onuň barlygy meni doly gurşap alýardy. Men gözlerim bilen Ony görmeýän bolsam-da, Ol meni durkum bilen gurşap alýan ýaly bolýardy. Onuň barlygynda men özümi doly howpsuzlykda we hakykatdan söýülýän adam duýýardym.

Saz bizi emosional taýdan başga sfera alyp gitme güýjüne eýedir, şonuň üçin Onuň özümizi alyp barýan ýerini saýlamak örän wajypdyr. Eger siz arassalykda ýaşamaga dyrjaşýan bolsaňyz, özüňizi başga tarapa alyp gidýän islendik täsirden seresap boluň. Saz, siz muny islemeýän bolsaňyz-da, siziň goragyňyzyň birinji hataryna aňsatlyk bilen aýlanýar-da, göni aňyňyza aralaşýar. Aýdymyň sözlerini aýtmasaňyz-da, sözleriň kelläňizden aýrylman aýlanyp durýan ýagdaýy sizde bolup gördümi? Biziň hemmämizem: «Aýdym ýapyşdy, ondan saplanyp bilemok!» diýen jümläni köp gezek eşidip gördük.

Şonuň üçin hapa aýdymlary behişdi aýdymlara çalşyň. Ýerdäki aýdymlaryň hemmesi erbet däl, ýöne olaryň hemmesi sizi Hudaýa ýakynlaşdyryp bilmeýär. Behişdi aýdymlar bolsa, hakykatdan hem, Oňa ýakynlaşdyryp bilýär. Biz ol aýdymlary aýdanymyzda, Oňa bolan söýgimizi we Oňa ymtylyşymyzy yglan edýäris. Bu sežde etmäniň bir görnüşidir, sežde etmeler bolsa mydama öz islegimiziň obýekti baradaky zatlary bize köp açýar. Hudaýyň barlygyndan lezzet almak üçin siz sazy ulanyp bilersiňiz – şonda ol sizi hökman Hudaýa golaýlaşdyrar.

*Rebbim, sazy peşgeş bereniň üçin Saňa minnetdar. Aýdymy ýüregimde göterýän wagtymda meniň ýanymda bol we janymy berkitmek üçin sazyň güýjüni ulanmagy maňa öwret. Goý, meniň ýüregimdäki her bir aýdym Seni şöhratlandyrsyn.*

*Men güýçlüdirin,*

BEHIŞDI AÝDYMY AÝTMAK ÜÇIN SESIMI GATALDANYMDA.

2

# YNAMLY WE BILÝÄN ZENAN

*«Bu babatda Mesih arkaly Hudaýyň huzurynda biziň şeýle ynamymyz bardyr. Bu işi öz-özümizden başarýarys diýip aýtmaga hiç esasymyz ýokdur. Bu başarnygy bize Hudaý berýär».*

2 KORINTOSLYLAR 3:4-5

Dogrymy aýtsam, durmuşymyň ýekeje ulgamynda hem, özümi doly ynamly we başarnykly duýmaýaryn. Elbetde, diňe özümiň başarnykly däldigime ynanýaryn. Gowy täzelik biziň başarjaň bolmaga borçly däldigimizde jemlenendir. Şol ukyby bize Hudaý berýär. Mukaddes Ruhuň ýolbaşçylygy bolmasa, hiç kimem imanda ýaşap bilmez. Dawut patyşa: "Eý Hudaý, mende tämiz ýürek ýarat we içimdäki hakykat ruhuny täzele. Meni Öz huzuryňdan taşlama, menden Mukaddes Ruhuňy alma" (Zebur 50:12-13) diýip doga edýär.

Dawut özüniň tämiz ýüreginiň çeşmesiniň kimdigini bilýärdi we bu prosese Mukaddes Ruhuň gatnaşýanyna düşünýärdi. Ýohannanyň Hoş Habarynda, 20-nji bapda, Isa Mukaddes Ruhy Öz şägirtleri bilen paýlaşýar. Olar bagyşlamagy öwrenmek üçin Mukaddes Ruha mätäçdiler. 2 Korintoslylar 3:6-da: "Ol bize harp däl-de, ruh esasyndaky Täze Ähtiň gullukçylary bolma ukybyny berdi, sebäbi harp öldürýär, ýöne ruh ýaşadýar" diýilýär. Beýle bolsa, näme üçin Mukaddes Ýazgyda okaýan sözleriňiziň janlanyp,

özgeriş getirmegi üçin Mukaddes Ruhy olara üflemegi üçin çagyrmaly dälmişik?

Mukaddes Ruh – bu wada berlen Teselliçi we Maslahatçydyr. Ol bize öwredýär we Isanyň aýdan zatlarynyň hemmesini ýadymyza salýar. Bu iň uly peşgeşdir: Sözi okaýan wagtymyzda bizde Halypamyz bar, Onuň ýüreginiň yzyna düşenimizde, Ýolbeledimiz bar. Mukaddes Ruh görmegimiz üçin gözlerimizi, eşitmegimiz üçin gulaklarymyzy we iman etmegimiz üçin ýüreklerimizi açýar.

*Gökdäki Atam, özümiň bilýän aýaldygym, Saňa ynanýandygym üçin minnetdardyryn. Mukaddes Ruh, meni ugrukdyr. Mende tämiz ýürek ýarat we Seni diňlemäge ukyply bolan hakykat ruhuny täzele. Öz durmuşym bilen Atany şöhratlandyryp ýaşamagym üçin maňa güýç ber.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MESIH MAŇA BILIM HEM YNAMLYLYK BERÝÄR.

3

# SAGDYN ÝÜREK

*«Şadyýan ýürek oňat şypadyr; synyk ruh bolsa süňkleriňi guradýandyr».*

SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 17:22

Mukaddes Kitap saglygymyzyň çeşmesi barada haýran galdyryjy düşünjäni berýär. Içde süňk bar, onuň merkezinde bolsa, ýilik – ýaşaýyş beriji nemli dokuma bar. Bu ýerde immun öýjükleri döräp, gany täzeleýär. Biziň janymyz hut ganda ahyry. Gan bedeni iýmitlendirýär, ýilik bolsa, gany iýmitlendirýär. Eger süňkler gurasa, onda ýaşaýşymyzyň çeşmesiniň özi howp astyna düşýär. Süleýmanyň pähimleri 14:29-30-da hut şu barada gürrüň edilýär: "Giň göwünli adamyň düşünjesi köpdür; dargursak bolsa akmaklygy beýgeldýändir. Asuda ýürek bedene ýaşaýyş berýär; göriplik bolsa süňkleri çüýredýär".

Mukaddes Kitap sabyrlylygy basym gaharlanmaklyga, asudalygy bolsa, göripçilige garşydaş edip goýýar. Sabyrlylyk düşünje berýär, basym gaharlanma bolsa akylsyzlyga şaýatlyk edýär. Asuda ýürek bedene ýaşaýyş berýär, göripçilik bilen gahar bolsa, süňki içinden iýýär. Rak keseliniň käbir görnüşlerini ýiligi çalyşma bilen bejerýändikleri, eýsem täsin zat dälmi? Ýiligiň saglygynyň ummasyz ähmiýeti bardyr. Süňkler – bu bedenimiziň esasy strukturasydyr, karkasydyr, hemme zat onda saklanýandyr, onsuz biz hatda dik durup hem bilmezdik.

Ruhy ýürek bilen saglygyň arasynda çuň hem inkär edip bolmajak baglanyşygyň bardygyny Mukaddes Kitap aýdyň görkezýär. Bu diýildigi her bir keselde ruhy meseläniň bardygyny aňlatmaýar. Biz keseller we dertler näleti bilen ýaralanan günäli dünýäde ýaşaýarys. Men öýkäniň, kine saklamanyň, gahary ýuwutmanyň we ýüregi eýeleýän beýleki

emosiýalaryň immunitetimiz bilen gönüden-göni baglanyşyklydygyny göz öňünde tutýaryn. Nil Klark Uorren özüniň *“Gahary ýaranyň et”* atly kitabynda weýran ediji keselleriň aňyrsynda durýan emosional faktorlaryň iň giňden ýaýranynyň öýke bolup durýandygyny ýazýar. Ikinji ýerde bolsa, lapykeçlik durýar. Ol gahary ýuwutmak bilen köplenç baglanyşykly bolýan fiziki keselleriň birgidenini sanap geçýär: kelle agyry, aşgazanda ýüze çykýan meseleler, sowuklama, kolit (ýogyn içegäniň ýellenmegi) we gipertoniýa.

Başga derňewlerde artritiň dürli görnüşleri, respirator we deri keselleri, boýundaky we arkadaky agyry, rak keseliniň käbir görnüşleri ýaly keseller agzalyp geçilýär. Häzirkizaman ylymynyň ýaňy bilip başlan zatlaryny Mukaddes Kitap asyrlar boýy yglan edip geldi. Mysal üçin, ine, Süleýmanyň pähimleri 3:5-8 – biziň nähili ýaşamalydygymyz baradaky tükeniksiz akyldarlyk çeşmesidir:

> «Öz düşünjäňe daýanma, Rebbe bütin ýüregiň bilen bil bagla. Bar ýollaryňda Ony tana, Ol hem seniň ýodalaryňy dogrular. Özüňi akylly saýma; Rebden gork we ýamandan çekil. Bu süňňüňe şypa we süňkleriňe ýilik bolar».

Bu sözlerde wada ýaňlanýar: Hudaýyň ýoly boýunça ýaşamaklyk bedene şypa berýär we süňkleriňe güýç berýär.

*Rebbim, meniň ýüregim bilen saglygymy Seniň Özüň bir edip baglanyşdyrdyň. Bedenime gerek däl bolan netijelerden gaça durmagym üçin maňa sagdyn ruhda ýaşamaga kömek et. Bedenimi, janymy Seniň akyldarlygyň bilen iýmitlendirmäge maňa kömek et.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZ ÝÜREGIMIZI SAGDYNLYKDAN WE ÝAŞAÝŞA BOLAN SÖÝGÜDEN DOLDURANYMDA.

4

# ZENANLYK TEBIGATYNY KABUL EDIŞ

*«Tersine hakykaty söýgi bilen aýdyp, bedeniň Başy bolan Mesih ýaly kämilleşeris»*

EFESLİLER 4:15

Zenanlyk tebigatynyň özi we zenan bedeni aladanyň we näzikligiň tene öwrülmesi ýaly edilip ýaradylypdyr. Biziň bedenimizde gödek çyzyklar ýok-da, emaý bilen geçýän aýlawlar bar. Bize, erkeklere garanda, ýüregiýuka we duýgudaş bolma ukyby berlipdir. Biz söýgini-de, agyryny-da çuň hem inçeden duýýarys. Biz erkeklere garanda has syzgyr bolýarys, şonuň üçin düýbünden tanamaýan adamlarymyzyň betbagtçylygy we görgüleri bizi aglamaklyga çenli-de alyp baryp bilýär. Ýöne bu emosiýalary erkin beýan etmäge ýol berilmedik ýagdaýynda – ýa-ha daşymyzdan, ýa-da içimizden – partlamaga töwekgelçilik edýäris.

Barybir partlan ýagdaýymyzda näme bolýar? Munuň nika kontekstinde nähili bolýandygyny meniň onçakly halamaýan iki sany aýadym aýdýar. Durmuşa çykan wagtymyň ilkinji günlerinde olary maňa köp aýdýardylar. Birinjisi: "Igenjeň aýal bilen giň öýde ýaşandan, üçegiň bir bir burçunda ýaşamak gowudyr" (Süleýmanyň pähimleri 25:24). Ikinjisi mundan-da beter: "Igenjeň hem gaharjaň aýal bilen ýaşandan, çölde ýaşamak gowudyr" (Süleýmanyň pähimleri 21:19).

Oh! Üçegiň bir burçunda ýaşamak – açyk asmanyň astynda galmak, tebigy hadysalardan goragsyz galmak bolýar. Üçek ýagyşdan, gardan, ýelden ýa-da ýakyp barýan Günden goramaýar. Süleýman

bolsa, öýde igenjeň aýal bilen ýaşanyňdan, şonuň ýaly şertlerde ýaşanyň hem gowudygyny aýdýar. Öňler men adamym Jon bilen jedelleşip, gadym döwürlerde üçegi terrasa ýa-da eýwan hökmünde ulanandyklaryny aýdýardym, ýöne bu pikiriň Mukaddes Ýazgyda näme üçin gaýta-gaýta gaýtalanýandygyny düşündirmek welin, maňa kyn bolýardy. Gaharjaň, iňirdegen we urşagan aýal bilen ýaşanyňdan, çölde ýa-da tokaýyň jümmüşinde ýylanlar hem içýanlar bilen ýaşanyň gowy. Duşmançylyk güýjüňi alýar. Diňe başgalary däl, eýsem özümizi-de güýçden gaçyrýar. Aýallar sagdyn, yhlasly, söýýän hem duýgudaş bolmak üçin ýaradylandyr. Özümiziň başdaky tebigatymyza, Hudaýyň özümiz babatdaky maksadyna garşy gidenimizde, göni öz bedenimize garşy uruş yglan edýäris. Biz özümiziň durmuşdaky ýaşaýyş beriji, abatlaýjy we dolduryjy rolumyzdan daş düşýäris. Bu rol bolsa bize durmuşa çykandygymyza ýa çykmandygymyza garamazdan berlendir.

Öz pikirlerimizi hem emosiýalarymyzy ine diýmän ýarylar ýaly edip, şeýle çuň saklama islegi dörände bolsa, bir zady ýatda saklalyň: bu hiç kime-de peýda getirmeýär. Bu gapma-garşylyklardan halas etmeýär-de, gaýtam, özümizde we ýanymyzdakylarda agyry döretjek içki dartgynlylygy döredýär. Şonuň üçin, geliň, hakykaty eşidip boljak derejede söýgi bilen aýdalyň. Geliň, öz tebigatymyza laýyklykda – Hudaýyň bize berşi ýaly sagdyn, yhlasly hem söýýän zenan bolup ýaşalyň.

*Ýa Reb, maňa zenanlyk tebigatynyň hakyky düýp manysyny açyp görkez. Maňa mylaýym, şol bir wagtyň özünde-de, güýçli bolmagy öwret. Saňa nädip açyk ýürek bilen gulluk etmelidigini we hakykaty söýgi bilen aýdarym ýaly, Seniň beren sesiňi nädip ulanmalydygyny öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZ TEBIGATYMY KABUL EDIP, OŇA ŞATLANYP, HAKYKATY SÖÝGI BILEN AÝDANYMDA.

5

# ÖZÜŇE ERK ETMEGIŇ GÜÝJI

*«Mylaýym jogap gahary sowýar; gaty söz bolsa gazaby joşdurýar».*

SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 15:1

Köp ýagdaýlarda gürleşigiň özgeriş pursatynyň öz häsiýetini – gowudan erbede ýa-da, tersine, dartgynlylykdan gowulyga tarap – öwrüşi ýadyma düşýär. Käwagt men Mukaddes Ruhuň: «Asudalygy sakla. Sesiňi peselt. Ýumşak jogap ber. Diliňden çykmaga taýýar bolup duran zatlary aýtma-da, Meniň ýuwaşja sesimi diňle we Meniň sözlerimi aýt» - diýip duýduryş berýänini eşidýärin. Käwagt men tabyn bolup gulak asýaryn... Ýöne tabyn bolmazymdan öň ýene bir belligi goýmaga çalyşýan wagtym hem bolýar, şonda her gezek şonuň ýaly akmaklygyň özüme nähili gymmat düşýänine göz ýetirýärin.

Men özümiň nädip eşidilmelidigimiň syryna düşündim. Aslynda bu diýseň ýönekeý: eger seni eşitmeklerini isleýän bolsaň, onda özüň birini nähili eşitmek isleýän bolsaň, şonuň ýaly hem gürle. Çagalarym, adamym, kärdeşlerim, hatda itimem özüm bilen nähili gürleşmeklerini isleýän bolsam, şonuň ýaly gürlänimde, diýseň gowy diňleýärler. Men bir zady bilýärin: meniň bilen asuda, sylaşykly hem ýumşak gürleşseler, maňa eşitmek aňsat bolýar. Üstüme gygyrmasalar has-da gowy eşidýärin. Üns beriň, sylaşyga we gürrüňe goşulma gygyrmak ýa-da sözleri köp gaýtalamak bilen ýetilmeýär. Biziň aýdýan zatlarymyzyň we olary aýdyş äheňimiziň ähmiýeti bardyr. Eger adam gowga turuzýan bolsa, hiç kimem ol adama çyny bilen seretmez. Hawa, ol bir pursatda öz diýenine ýetip biler, ýöne barybir hasaby

tölemeli bolar. Näme üçin biz goh edip, gykylyk turuzýarys? Munuň sebäbi köp bolup biler. Ine olaryň birnäçesi:

1. Biz özümizi eşitmezler diýip gorkýarys.
2. Geçen gezek bu başa barypdy (öz diýenimizi etdiripdik).
3. Biz başgalary gorkuzmaga ýa-da olary göz astymyzda saklamaga synanyşýarys.
4. Biz bu nusga çagalykda uýgunlaşdyk.
5. Çözülmedik mesele bizi gaharlandyrýar.
6. Bu biderek häsiýet.

Bu sebäpleriň köpüsi gorkynyň döredýän zadydyr. «Çünki Hudaý bize gorkaklyk ruhuny däl-de, güýç, söýgi, nebsiňe buýurma ruhuny berendir» (2 Timoteos 1:7). Özümiziň ejizligimizi bilenimizde gygyrýarys, drama oýnaýarys. Diňe öz bähbidimizi gözlänimizde, başgalary gorkuzmaga we olary gözegçilik astynda saklamaga çalyşýarys. Kämil söýgi gorkyny kowýança, biz geçmişe gaýdyp barýarys. Her gezek düýnki meseleleriň ýüküni bu güne süýräp geçirenimizde, bu bize juda ýiti täsir edýär.

Pikirleniş tärimiz üýtgedigiçe zyýanly endiklerimiz weýran bolýar we gorky biziň üstümizden edýän hökümdarlygyny ýitirýär. Men bir zada bireýýäm düşündim: näme zat bolsa-da, ýagdaýa erk edip bilmeýärin. Men diňe özüme erk edip bilýärin, ýöne ahyr netijesinde hemme zat Hudaýyň elinde. Bu hakykaty kabul etmeklik bizi aklyň şeýle ýagdaýyna alyp barýar, şonda biz hakykatdan eşidilip biljek ýagdaýda gürlemäge ukyply bolýarys.

*Rebbim, özüme erk etmek maňa kyn bolanda ýatlat: iň bolmanda men öz sesime we sözlerime erk edip bileýin. Öz rehimiň bilen meni Seniň ýuwaşja sesiňi duýar ýaly et we onuň meni ugrukdyrmagyna rugsat ber.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZÜMI SAKLAP WE ÝUWAŞ GÜRLÄNIMDE.

6

# GYZGYN DUÝGULY ZENAN

*«...günäniň seniň üstüňden höküm süresi geler. Ýöne sen günäniň üstünden agalyk etmelisiň!»*

GELİP ÇYKYŞ 4:7

Biziň medeniýetimizde gyzgyn duýgyny köplenç diňe seksual kontekste syrykdyrýarlar, ýöne bu aslynda örän giň düşünjedir. Gyzgyn duýga kesgitleme bermek örän kyndyr, sebäbi ol adam emosiýalarynyň iki soňky derejesini – söýgini we ýigrenji öz içine alýar. Gyzgyn duýgy emosiýalar, ruhubelentlik, göçgünlilik, isleg, mylaýymlyk, söýgi we ysnyşma bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Bu zatlaryň hemmesini islemeýän adamyň tapylmajagy gümanadyr. Başga bir tarapdan, bu erk etmäniň çäklerinden aňsatlyk bilen çykýan zat – köre-kör höwesler, ten islegi we zyna ymtylyş bilen baglanyşykly bolup biler. Mundan başga-da, emosiýalaryň çogup çykmasy, gahar, gazap, haýran galma, guduzlyk, ýigrenç we gyzmalyk hem bolup biler.

Şeýlelikde, söýgi bilen ýigrenjiň arasyndaky soňky derejä düşmän we agzyň bişmän nädip güýçden we gyzgyn duýgudan doly durmuşda ýaşap bolar? Gyzgyn duýgy baradaky ilkinji taryhlaryň bir mysalynyň soňy erbetlik bilen tamamlanan taryh bolup, ol Gelip çykyş kitabynyň 4-nji babyndaky Kabyl bilen Habylyň taryhydyr. Hudaýyň Habylyň ýürekden beren gurbanlygyny kabul etdi, emma Kabylyň tukatlyk bilen beren gurbanlygyny kabul etmedi. Şonda Kabyl gaty gaharlandy. Hudaý Kabylyň öz doganyna garşy gazabynyň çogup çykanyny görende: «Näme üçin gaharlanýaň? Näme ýüzüňi sallaýarsyň? Eger sen dogry iş etseň, kabul edilmezmiň? Eger sen nädogry iş etseň, günä bosagada peýläp ýatandyr; günäniň seniň

üstüňden höküm süresi geler. Ýöne sen günäniň üstünden agalyk etmelisiň! (Gelip çykyş 4:6-7) diýýär.

Gynansak-da, Kabyl Hudaýyň sözlerine gulak asmaýar. Günäniň hötdesinden gelip, gaharynyň jylawyny çekmegiň deregine, gyzgyn duýga özüni aldyryp, öz doganyny öldürýär.

Hudaýyň Kabyla beren duýduryşy – bu bize-de berlen duýduryşdyr. Hawa, biziň adam öldürmeýän bolmagymyz mümkin, ýöne eger "gowy zat etmeýän bolsak", onda günä ýüregimiziň gapysynda öňküsi ýaly ýatandyr. Ine, näme üçin biz emosiýalarymyza erk edip, gyzgyn duýgyny weýrançylyga däl-de, abatlamaga gönükdirmeli ekenik.

Hakykat gyzgyn duýgynyň – emosional spektoryň haýsy tarapynda peýda bolýandygyna garamazdan – gymmat indikator bolup bilýändigindedir. Ol bu duýgyny biz haýsy zada duýýan bolsak, şol zady hem – fiziki hem ruhy ýagdaýda – goramaga içki taýdan taýýarlyk ýagdaýy barada signal berýär. Adatça biz gyzgyn duýgyny özümiz üçin wajyp bolan zatda ýüze çykarýarys. Biziň köpimizde adaty zatlar, eger özümiz üçin örän ähmiýetli bir zat bilen baglanyşykly bolmasa, güýçli seslenmeleri seýrek döredýär. Şonuň üçin, gyzgyn duýgularymyz oýananda, olar biziň üçin nämäniň hakykatdan wajypdygyny görkezýär. Kabylyň edişi ýaly, bu güýjüň bulaşyklyk patyşalygyny iýmitlendirmegine ýol bermegiň deregine, biz ony ýaşaýşa tarap gönükdirip bileris. Aňrybaş emosional ýagdaýda bolanymyzda hem, bizde erk azatlygy galýar. Gyzgyn duýgularymyza erk edip, ýaşaýşa alyp barýan saýlawy etmäge biziň güýjümiz ýetýär.

*Atam, durmuşymdaky gyzgyn duýgularymy tapawutlandyrmagy we mukaddes etmek üçin olary Saňa ynanmagy öwret. Goý, Seniň üçin wajyp bolan zat meniň üçin hem wajyp bolsun.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖZ KALBYMA ERK ETMEKLIGI SAÝLAÝARYN WE GYZGYN DUÝGULARYŇ MENDEN ÜSTÜN BOLMAGYNA ÝOL BERMEÝÄRIN.

7

# TAGZYM ETMEK – AÝDYMDAN HAS ULY ZATDYR

*«... Mukaddes Ruhdan dolup-daşyň. Bilelikde mezmurlar, öwgüli we ruhy aýdymlar aýdyň, Rebbe tüýs ýürekden sazlar çalyp, nagmalar aýdyň».*

EFESLİLER 5:18-19

Öwgi bilen sežde etmeklik – bu ruhy dessurdan uly bir zatdyr. Bu gyzgyn duýgudyr, şatlykdyr we Hudaýa bolan has çuň söýginiň açarydyr. Hudaý üçin aýdym aýdanyňda we Oňa bolan söýgi baradaky aýdymlary diňläniňde, sen Oňa has golaýlaşýarsyň.

Bu aýatda biz öwgi we sežde edilýän wagtda Mukaddes Ruhdan dolmaklyga çagyryşy görýäris. Sesli aýdym aýdanymyzda we ýüregimizde saz döredenimizde, biz Mukaddes Ruhdan dolýarys. Ýöne bu ýerde bu zatlardan has uly bir zat bar. Bu parça başgalara Hudaý hakda gürrüň bermegiň nähili wajypdygyny hem görkezýär. Sežde etmeklik – bu diňe bir aýdym aýtmak däldir. Ol biziň gürrüňlerimizde-de ýüze çykýar, sebäbi ýüregiň nämeden doludygy hakda gürrüň bermeklik şeýle tebigy zat bolýar. Kimdir birini gowy görseň, sen ol hakda gürrüň berýärsiň. Seni söýenlerinde bolsa, bu şeýle tolgundyryjy zat bolýar welin, sen bu duýgynyň gözelligini başgalar bilen paýlaşmak isleýärsiň.

Dostlarda mydama haýsydyr bir umumy zat bolýar. Umumy gyzgyn duýgy – biri-birine ýakyn adamlaryň oduň daşynda oturyp, ýylylykdan we ýalnyň owadanlygyndan lezzet alanlarynda duýýan duýgulary ýaly bir zatdyr. Bu baglanyşyk biri-birimizi hakykatda berkitmäge höweslendirýär. Bilelikde sežde etmäniň güýji hem şunda jemlenendir: siz dostlaryňyz bolup, Hudaýa öz söýgiňizi bilelikde beýan edýärsiňiz.

Hakyky dostlar biri-birini beýgeldýärler we biri-birini Rebbimiziň isleýşi ýaly hereket etmeklige çagyrýarlar. Dostlaryňyz Isanyň yzyna düşenlerinde siz olar bilen bir ugurda ýöreýärsiňiz. Töweregiňi ruhy boýunça ýakyn we seniň ymtylyşlaryň bilen ylalaşýan adamlar bilen gurşa. Siz hemişe biri-biriňiz bilen ylalaşmarsyňyz, ýöne esasy zat – siziň öwrenmäge we özüňizi baglanyşdyrýan zady goramaga taýýar bolmagyňyzdyr.

Gürrüňdeşlikde, aýdymda we imanlylaryň arasynda Mukaddes Ruhdan doluň we sežde ediň.

*Ýa Reb, goý, öwgi hem aýdym meniň ýüregimden aksyn.*
*Seniň söýgiň berýän şatlygy barada dymyp bilmezim*
*ýaly, meni Öz söýgiňden püre-pür edip doldur.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI SEŽDE EDIP ÝAŞAMAKLYK
MENI BERKIDÝÄR.

8

# RUHY YGTYÝARLYK

*«Çünki Hudaý bize gorkaklyk ruhuny däl-de, güýç, söýgi, nebsiňe buýurma ruhuny berendir».*

2 TİMOTEOS 1:7

Mukaddes Ruh bize güýç, söýgi we içki tertip-düzgüni berýär. Bu gowy üç zadyň birikmesi hakykatdan güýçli zenanlary döredýär. Hudaýyň biziň durmuşymyza salan sylaglary, Mukaddes Ruhuň sowgat beren häsiýetleri hereket etmedik ýagdaýynda gülläp ösmez, men muňa ynanýaryn. Başga bir terjimede bu aýatda şeýle diýilýär: «Çünki Hudaý bize gorkaklyk ruhuny däl-de, güýç, söýgi, akyldarlyk ruhuny berendir» (2 Timoteos 1:7).

Gorky ruhy ýaly bizi güýçden, söýgüden we sagdyn pikirlilikden mahrum etjek başga zadyň ýokdugyny men bilýärin. Sebäpleriň biri gorkynyň bizi, Mukaddes Ruhuň peşgeşlerini ejizledýän, soraglar bilen gynaýandygynda jemlenendir. Geliň, olaryň birinjisinden – güýçden ýa-da ruhy ygtyýardan başlalyň. Biziň özümizde nähilidir bir derejede ullakan güýç ýa-da öz-özümize eder ýaly täsir ýok. Adam ata özüne we How enä Hudaýyň bagda sowgat beren ygtyýaryny aldyrdy. Isa tabynlygy arkaly Adam atanyň tabyn bolmazlygy sebäpli ýitirilen zady gaýtaryp aldy. Isa hem olaryň ýanlaryna gelip: «Ähli ygtyýar ýerde-Gökde Maňa berildi» (Matta 28:18) diýdi.

Biziň ygtyýarymyz hem kuwwatymyz Mesihde aýan edilendir. Eger öz ýaşaýşymyzy Onda gizlän bolsak, onda biz nämeden gorkmaly?

Pawlus ýaş gullukçy hem Isanyň şägirdi bolan Timoteosy özünde

bar bolan iman sowgatlaryny ösdürmeklige çagyrýar. Bu bize mälimdir, sebäbi ondan öňki aýatda Pawlus oňa: “Şonuň üçin, ýene bir gezek gaýtalaýaryn: başyňa ellerimi goýmagym arkaly Hudaýdan alan ruhy peşgeşiňi parlat” - (2 Timoteos 1:6) – diýip ýatladýar.

Kimdir biri başymyza elini goýan bolsa bolmasa-da, biziň her birimize belli bir iman ölçegi berlendir. Bizem onuň aladasyny etmek bilen ony artdyryp bileris. Täze Ähtde iman temasy 300 gezek agzalyp geçilýär. Iman baradaky iň güýçli aýdylan sözleriň biri-de, elbetde, Pawlusyň Ýewreýlere hatda aýdan sözüdir: “Iman etmeýän adam hiç wagt Hudaýy hoşnut edip bilmez. Hudaýa ýakynlaşan adam Onuň barlygyna, Özüni agtarýanlary sylaglajakdygyna iman etmelidir” (Ýewreýler 11:6).

Biziň köpimiz Hudaýyň bardygyna ynanýarys. Ýöne Onuň Özüni ýürekden gözleýänleri hakykatdan hem sylaglajakdygyna ynanmaklyk kynrak bolýar. Hut şu ýerde gorky öz urgusyny – hatda iň güýçlülere-de urýar. Gorky: *“Sen juda az zat edýärsiň. Sen ýeterlik derejede güýçli däl... ýeterlik derejede söýmeýärsiň... seniň özüň ýeterlik däl”* diýip aýyplaýar. Ýöne Isanyň kömegi bilen bizde jogap bar – Mesihde biz ýeterlik bolmadan-da artykdyrys.

*Gökdäki Atam, Mesihde meniň söýgüde, güýçde, rahatlykda we aýdyň akylda gezip bilýändigimi ýatladýan Mukaddes Ruhuňy bereniň üçin Saňa minnetdar.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MESIHDE MAŇA GÜÝÇ, SÖÝGI WE SAGDYN PIKIRLILIK SOWGAT BERILDI.

9

# RUHDA DOGA ETMEK

*«Her hili ýagdaýda ýalbarmak bilen Mukaddes Ruhuň ylhamy arkaly doga-dileg ediň. Hüşgär boluň, Hudaýyň ähli halky üçin hemişe dilegde boluň».*

EFESLILER 6:18

Doga-dileg we tabynlyk – ruhy söweşdäki iň kuwwatly ýaragdyr, häzir bolsa biz doly söweşjeň taýýarlykda durus. Üns beriň: Pawlus bizi ruhda käwagt däl-de, mydama doga-dileg etmeklige çagyrýar. Mukaddes Ruh bilen ylalaşykda nädip doga etmeli? Hudaýyň Sözi boýunça doga etmek – munuň ýollarynyň biridir. Mukaddes Ýazgyny okanyňyzda, durmuşda näçe mätäçlik bolsa, şonça-da doga etmelidigini bilersiňiz. “Gökdäki Atamyz” dogasy gaty gowy gündelik dogadyr, ýöne günüň dowamynda bizde doga-dileg etmek üçin her dürli sebäpler tapylýar. Biz mätäçlikdäki adamlara duş gelýäris, ýurtlarda çökgünliligiň bardygyny ýada salýarys, akyldarlyga hem duýgurlyga mätäç liderleri görýäris. Bize dostlarymyz, maşgalalarymyz, hatda duşmanlarymyz üçin hem doga-dileg etmek gerek.

Ruhda doga etmegiň başga bir usuly – bu doga edýän wagtymyzda Mukaddes Ruhuň ugrukdyrmasyna doly berilmekdir. Belli bir wagtda siz nämedir bir zadyň bolmalysy ýaly däldigini ýa-da kimdir birine şu wagt goldawyň gerekdigini duýýarsyňyz. Olar üçin Hudaýa doga ediň. Mende şeýle ýagdaý köp boldy. Men soňrak olardan soranymda, şol wagtda olaryň dogrudan hem kynçylykda bolandygy mälim boldy.

Doga-dileg etmeklik formal ýa-da formal däl bolup biler. Hudaýa doga etmeklik gygyryş ýaly gaty sesli ýa-da ýüregiňiziň çalaja eşdilýän pyşyrdysy ýaly ýuwaş sesli hem bolup biler. Iň esasy zat – onuň edil dem alyş ýaly, hakyky bolmagydyr. Sebäbi: "Hemişe şatlanyň. Dyngysyz doga-dileg ediň. Her ýagdaýda şükür ediň. Hawa, Isa Mesihe degişli bolan siz babatda Hudaýyň islegi şudur" (1 Salonikliler 5:16-18) – diýilýär.

Mukaddes Awgustin bu barada şeýle diýipdir: «Hemme zat Hudaýa bagly ýaly edip doga ediň we hemme zat size bagly ýaly hereket ediň».

Biziň Hudaýa dogamyz näderejede güýçli bolsa, bizem şol derejede güýçlüdiris. Güýçli aýallar özleriniň Hudaý bilen dogadaky baglanyşygynyň berkligine galmagynyň aladasyny edýärler. Men sežde etme sazy astynda doga etmegi gowy görýärin. Mundan başga-da, men öz dileglerimiň gündeligini ýöredýärin. Ol onýyllyklaryň dowamynda Hudaýyň wepalylygynyň hakyky şaýatlygy boldy.

Biziň nähili söweşlere duş geljekdigimizi Gökdäki Atamyz öňünden bilýärdi. Şonuň üçin Ol biziň diňe bir söweşde berk durmagymyz üçin däl-de, eýsem ýeňiş gazanmagymyz üçin hem zerur bolan zatlaryň hemmesini berdi. Duşman gaýta-gaýta hüjüm eder, emma ol ýeňiş gazanmaz.

*Gökdäki Atam, dem alşym we gürleýşim ýaly, azat hem erkin doga etmegi maňa öwret. Seniň Mukaddes Ruhuň ugrukdyrýandygy üçin Saňa minnetdar.*

*Men güýçlüdirin,*

DOGA-DILEGLERIM GÜÝÇDEN DOLY BOLANDA.

# Arassaçylykda güýçli zenan

I

# ARASSA ZENAN

*«Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsiz getirmegi başarýandyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we baky ýar bolsun! Omyn».*

ÝAHUDA 24-25

Öz arassalygymyzy goramaga biziň güýjümiz ýetmeýär, ýöne Hudaýyň güýji ýetýär. Ilki seredeniňde, arassalyk mukaddesligiň sinonimi ýaly bolup görnüp biler, emma ol şol bir zat däldir. Mukaddeslik – bu bagyş edilmedir, aýratyn derejedir, arassalyk bolsa – bu bagyş edilenimiz üçin, biziň ýaşaýyş usulymyzdyr. Bu mukaddesligiň miwesidir, onuň tebigy taýdan ýüze çykmasydyr. Durmuşymyzy Hudaýyň Sözüniň fundamentiniň üstünde guranymyzda, biz pikirlerimizde we hereketlerimizde arassa bolmagy öwrenýäris.

Hudaý biziň ýaşaýşymyzyň çeşmesi bolmak isleýär. Eger batyrlygyňyz ýetýän bolsa, Mukaddes Ruhdan, Hudaýyň ýiti hem içiňden geçip barýan Sözüniň esasynda, öz ýüregiňizi we motiwleriňizi derňemegini haýyş ediň. Ýewreýlere hatda, 4:12-13-de şeýle diýilýär:

> «Hudaýyň sözi janly hem täsirlidir, her bir iki ýüzli gylyçdan kesgirdir. Ol jan bilen ruhy, bogunlar bilen ýiligi bölýänçä batýandyr. Kalbyňdaky ähli pikirleri we niýetleri höküm edýändir. Hudaýdan gizlin ýaradylan hiç bir mahluk ýokdur. Onuň nazarynda ähli zat açyk we mese-mälimdir. Biz Oňa hasabat bermelidiris».

Ynanaýyň, bu gowşak nerwliler üçin däldir. Hudaýyň Sözi – bu kagyz ýüzündäki ýöne bir harp däldir. Ol janlydyr. Eger siz hakykaty kabul etmek arkaly gelýän güýji almagy hakykatdan isleýän bolsaňyz, Oňa ynanyň we golaý baryň. Onuň diri Sözi siziň ýüregiňizde janlanmaga we gijäniň ümsümliginde näzijek pyşyrdy bolup ýaňlanmaga teşne. Ol şeýle çuň batyp, jany ruhdan aýra etmegi we gizlin pikirleriň hem niýetleriň üstüni açmagy başarýandyr.

Ýatda saklaň: Hudaýdan hiç zady gizläp bolmaýar. Ol hemme zady görýär – hatda käwagt özümize-de düşnükli bolmadyk zatlary hem görýär. Ýüregiň bizi aldamagy mümkin, ýöne biz hakykaty çynymyz bilen sorasak, Hudaý Öz Sözüniň üsti bilen Özüniň ýiti görüjiligini sahylyk bilen paýlaşar. Bize adamyň maslahaty gerek däl, ol mydama wagta, medeniýete we üýtgäp durýan moda bagly bolýandyr. Bu jemgyýetiň ahlak temperaturasyny şöhlelendirip, takmynan her on ýyldan maskasyny çalyşýan akmaklykdyr. Bize Hudaýyň akyldarlygy we ýiti görüjiligi gerek, sebäbi Hudaýyň Sözi ebedidir, şoňa görä-de, hut şu standart boýunça jogap bermegimiz gerekdir.

Mukaddes Kitapda siz hakykatlara we wadalara duş gelýärsiňiz. Olar ilki seredende, mümkin däl ýa-da juda beýik ýaly görnüp biler... Ýöne bu boş hyýaldyr. Sözi kabul etmek bilen biz arassalyk bilen mukaddesligiň mümkindigini açýarys. Sebäbi Hudaýyň mukaddeslige çagyryşy – düzgünleriň toplumy hakda däldir. Ol Oňa degişlilik hakdadyr.

*Gökdäki Atam, goý, Seniň Sözüň meniň durmuşymda janly hem dörediji bolsun. Sen meni ýagtyldýan Rebsiň, şonuň üçin meni arassalygyň mümkin däldigini aýdýan islendik ýalandan daşlaşdyr. Men özümiň Saňa degişlidigimi başgalar biler ýaly durmuşda ýaşamak isleýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI HUDAÝYŇ SÖZI JANLY BOLUP,
MENIŇ DURMUŞYMY GÖNÜKDIRÝÄR.

2

# WEPALY ZENAN

*“Men sizi Hudaýyň gabanjaňlygy bilen gabanýandyryn. Sebäbi men sizi ýeke-täk bir Ýigide, ýagny Mesihe adaglap, sizi Oňa päk gyz hökmünde niýetledim. Ýöne ýylanyň How enäni kezzaplyk bilen aldaýşy ýaly, siziň-de aldanmagyňyzdan gorkýaryn. Men pikirleriňizi bulaşdyryp, sadalygyňyzdan aýrylarmykaňyz diýip gorkýaryn”.*

2 KORINTOSLYLAR 11:2-3

Men arassalyk güýjüniň – ýekedigine ýa-da durmuşa çykandygyna, ýaşdygyna ýa-da gartaşandygyna garamazdan – her bir aýalyň durmuş ýoluny ugrukdyryşyny görmegi ýürekden isleýärin. Biz ýygnakda arassalyk barada diňe seksual hereketleriň kontekstinde gürleýäris, ýöne bu günki aýatda gürrüň içki – päk, Mesihe bolan wepalylygyň hiç zat bilen tegmillenmedik arassalygy barada barýar. Arassalyk pikirlerden başlanýar, onuň üçin söweşmeklik bolsa, ýalançynyň yzyna düşmekden boýun towlamakdan başlanýar. Munuň üçin Hudaýyň Sözüniň hakykatyny gözlemek we hakykaty ýalandan tapawutlandyryp biler ýaly, Mukaddes Ruhuň güýjüni öz ýüregiňe çagyrmak gerek.

Pawlusyň şu günki aýatda ýazyşy ýaly, bizi Mesihe bolan şol arassa, çuň wepalylykdan daşa alyp gitmekleri mümkin. Şonda biziň öňümizde saýlaw ör boýuna galýar: biz kimiň sözüne ynanmaly? Halasgärimiziň sözüne ynanmalymy ýa-da janymyzyň kastyna çykan ýalançynyň? Diňe Hudaýyň Sözi biziň iň ýokary hem sarsmaz daýanjymyzdyr. Eger siz Hudaýdan haýyş etseňiz, onda Ol

Mukaddes Ruhuň gylyjyny alyp, siziň durmuşyňyza giren ýalan zatlaryň hemmesini parçalar.

Eger daşardan bize ýeterlik derejede basyş edilse, entek içimizde ýeňmedik söweşimizde gowşaýan ýagdaýlarymyz hem bolýar.

Geliň, pikirleriň arassalygyndan başlalyň. «... her pikiri Mesihe boýun bolmaga ýesir edenimizde" (2 Korintoslylar 10:5) arassalyk durmuşymyzyň ähli ulgamlaryna aralaşýar.

*Gökdäki Atam, Sen arassalygyň hem mukaddesligiň özüsiň. Men Seniňki, şonuň üçin Seniň Sözüňi hormat bilen kabul edýärin we onuň durmuşymyň ähli ulgamlaryndaky artykmaçlygyny we ygtyýaryny ykrar edýärin. Erbet hem Hudaýa ýaramaýan zatlaryň hemmesini parçalap, meni içimden arassalamagy üçin men Seniň Sözüň gylyjyny çagyrýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MESIHIŇ ÝÜREGINDEN ÇYKÝAN SÖZLERDEN GÜÝÇ ALYP, HAZYNA GÖZLEÝÄN ÝALY, ARASSALYGY GÖZLEÝÄRIN.

3

# DAŞKY WE IÇKI

*«Adam daş keşbe seredýär, emma Reb kalba seredýär».*

1 ŞAMUWEL 16:7

Bu günki aýady okap, siziň: «Daşky keşp wajyp däl, sebäbi Hudaý ýürege seredýär» diýip garşy çykmagyňyz mümkin. Bu hem hakykat – Hudaýa şükür, Ol biziň tebigatymyzyň özüni görýär. Ýöne biz entek ýerde ýaşaýarys, bu ýerde bolsa, adamlar ilki bilen daşky zatlary görýärler we gözüniň öňünde duran zada seredýärler.

Şonuň üçin biz özümizi görkezjek bolşumyzda ünsli bolmagymyz zerurdyr. Bize şöhratparazlygyň diňe hyýaly umydy berýändigini, daşky keşbiňe bil baglamagyň akmaklykdygyny ýöne ýere duýdurmaýarlar. Ýöne biz oňa bil baglamaýan bolsak, bu ony gözden salmalydygyny asla aňlatmaýar.

Gep – islesek, islemesek-de – biziň mydama haýsydyr bir maglumaty berýändigimizdedir. Gepleşik üç ýaýlymyň haýsy hem bolsa birinde: biziň gürleýän zadymyzda we gürleýiş usulymyzda (sözlerde we äheňde), edýän zatlarymyzda (hereketlerimizde we özümizi alyp barşymyzda) we sypatymyzda (daşky keşbimizde we göwrämizi saklama başarnygymyzda) – amala aşyrylýar. Köplenç ýagdaýlarda hut daşky görnüş ilkinji – iň güýçli – täsiri döredýär.

Muňa düşünýändigimiz üçin öz niýetlerimizi beýan etmegiň guraly hökmünde mundan peýdalanyp bileris. Sizem: “Birinji täsiri ikinji gezek galdyryp bolmaýar” diýen köne nakyly eşidensiňiz diýip pikir edýärin. Onuň dünýäniň özi ýaly köne bolmagy mümkin, ýöne ol barybir dogrulygyny ýitirmändir. Häzirki döwürde özüňi beýan etmäniň mümkinçilikleri hemişekilerinden gaty kän,

ýöne mesele biziň hut nämäni beýan edýändigimizdedir.

Siziň geýnişiňiz we özüňizi görkezişiňiz töweregiňizdäkilere şobada signal goýberýär. Bu siz hakda özüňiziň pikir edişiňizden-de köp zat gürrüň berýär. Ol siziň aslynda özüňiz hakda näme pikir edýändigiňiziň, nämä ynanýandygyňyzyň, güýji nireden alýandygyňyzyň ýa-da kime degişlidigiňiziň üstüni-de açyp bilýär.

Men size nähilidir bir moda bolan maslahaty berjek bolamok, sebäbi özüňiziň şu wagt nämäni ýaýlyma berýändigiňizi diňe özüňiz aýdyp bilýärsiňiz. Dünýä nähili habar goýberýärsiňiz. Bu siziň aslynda bolşyňyzyň hakyky şöhlelenmesimi? Ýa-da ýöne bir aňyrsynda gizlenýän keşbiňizmi? Aýdaly, eşigiňiz hem daşky görnüşiňiz siziň hakyky tebigatyňyzy hakykatdan-da şöhlelendirýär. Siz: “Men professional, şonuň üçin eşigimem öz kärime gabat gelýär” ýa-da: “Men talyp, şoňa görä-de, daşky sypatym hem, durmuşymyň şol etapyny görkezýär” – diýip bilýärsiňiz. Bu zatlaryň hemmesi düşnükli, ýöne, geliň, azajyk çuňrak seredeliň. Siziň daşky keşbiňiz nädip başgalara täsirini ýetirip bilýär? Adamlar sizi görýärlermi ýa-da diňe egniňize geýen zatlaryňyzy görýärlermi? Olar size seredenlerinde, nämä üns berýärler? Geýimde öz gymmatymyzyň çeşmesini görmek bize gerek däl bolsa-da, ol gatnaşygyň bir görnüşi bolup biler. Ýöne ony edil sözleri we hereketleri ulanyşymyz ýaly, pähimli hem päk ahlakly ulanmagymyz gerekdir.

*Ýa Reb, gatnaşyklaryň ähli ulgamlarynda – sözde-de, iş ýüzünde-de, özümi görkezişimde-de – paýhasly bolmagy maňa öwret. Aslynda daşky keşbimiň näme hakda gürleýändigini maňa aç. Goý, bu zatlaryň hemmesi Seniň şöhratyň üçin bolsun.*

*Men güýçlüdirin,*

MEN ÖZ BITEWILIGIMDE GÜÝÇLIDIRIN,
SEBÄBI MEN HEM IÇKI, HEM DAŞKY
TAÝDAN HUDAÝA WEPALYDYRYN.

4

# AJAÝÝP ŞEKIL BERLEN ZENAN

*«Men seni eneň göwresinde şekil bermezimden öň tanadym».*

ÝERMEÝA 1:5

Hudaý biziň başlangyjymyz bilen berk baglanyşyklydyr. Ejemiz biziň bardygymyzy ilkinji gezek duýmazyndan ozal Ol bizi göwrede düwdi. Özümizi tanama ukybyny almazymyzdan ozal hem Ol bizi tanaýardy. Biz gizlin ulalyp otyrkak, Ol biziň durmuşymyzyň günlerini meýilleşdirdi we öňümizde ykbalymyzyň ýoluny gurdy. Siz hiç haçan ýöne bir öýjükleriň toplumy bolmandygyňyz-da, iň başyndan Onda diridiňiz.

Bu dünýä gelen her bir çaga - biziň aladamyza ynanylan umyt sowgadydyr. Dogluş gudratyny gören adamlar her bir çaganyň özünde ajaýyp güýji göterýändigini bilýärler.

Üçünji oglumda göwrelikäm, ýöne entek muny bilmeýärkäm, içimde bir ýaşaýşyň peýda bolandygyny duýanym ýadyma düşýär. Jon Nýu-Ýork ştatyndaky Roçesterde gulluk edýärdi. Şonda ýygnanyşyklaryň biri wagtynda birden özümde gowşaklyk we ýürek bulanmasyny duýdum. Oturgyja özümi goýberen wagtymda bolsa, men Mukaddes Ruhuň: “Sen içiňde bir jany göterip ýörsüň... Seniň içiňde ogluň ulalýar” diýen pyşyrdysyny eşitdim. Edil şol pursatda meni Hudaýyň barlygy gurşap aldy. Bu göwrede ösýän her bir çaga Hudaýyň näderejede golaýdygyny görkezýän mysallaryň diňe ýekejesi.

Ýöne bu barada size hiç kim hiç haçan aýtmadyk bolsa näme? Siziň gudrat bilen düwünçekde düwlendigiňizi we ilkibaşdan öz Ýaradyjyňyza belli bolandygyňyzy aýtmadyk bolsalar näme? Eger size dogulmagyňyzyň tötänlik ýa-da ýalňyşlyk bolandygyny aýdan bolsalar näme? Eger özümiziň gudrat bilen doglandygymyza akyl ýetirmesek, onda ony başgalarda duýmak bize kyn bolar. Eger çagalykda özümizi ýük ýaly duýan bolsak, onda öz çagamyzy çagyrylmadyk myhman ýaly görmegimiz mümkin.

Hemme ýere ýetişmek we eneligi iş wezipesi we başga işler bilen utgaşdyrmak bilen, juda köp aýallar özlerini burça gabaýarlar. Munuň sebäbi biziň ýetilen derejelerde we öndürijilikde ünsüni jemleýän medeniýetimiziň eneligiň bahasyny peseldendigindedir. Ýaşaýyş – bu köp zatlarda wagtyň synagy bolýar. Işleriňi ýola goýup hem, gowy ene bolup bolýar. Çagalarym islendik karýera üstünliginden köp şatlyk hem ösmek üçin mümkinçilikleri berdi. Ene bolma isleginden utanmak gerek däl. Bu ýol sizden özüňiziň pikir edişiňizden köp zady talap edýär, ýöne şu wagta çenli arzuw eden zatlaryňyzdan-da köp zady sowgat edýär.

*Gökdäki Atam, Sen ýaşaýyşy sowgat berijisiň. Meni gudrat bilen düwünçekde düwendigiňe we günlerimi ýylgyryp meýilleşdirendigiňe ynanýaryn. Sen enelere abraýly wezipäni berdiň, sebäbi çagalar – bu Seniň sowgadyňdyr.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI HUDAÝ MENI ÖZI ÜÇIN ÝARATDY.

5

# RUHY BAGLAR

*«Meni ýer ýüzüne parahatlyk getirmäge gelendir öýtmäň. Men parahatlyk däl-de, gylyç getirmäge geldim».*

MATTA 10:34

Isa biziň hemmämizi Hudaýdan daşlaşdyrýan zatlaryň ählisinden halas etmek isleýär. Ruhy uruş – bu ähli butlara garşy durmakdyr we Hudaý bilen gatnaşyklarymyzyň ýolunda duran päsgelçilikleri ýeňip geçmekdir.

Özümiziň gul edilen ulgamlarymyza biziň garşy durup biljekdigimize men ynanýaryn. Isa zynjyrlary görende, Ol olary gyrdy. Jynlara duş gelende, Ol olary kowdy. Ýaralylary we syrkawlary görende, Ol olara şypa berdi. Günäni görende bolsa, Ol adamlaryň günälerini bagyşlady we olara mundan beýläk günä etmezlige güýç berdi. Men Isany söýýärin, sebäbi Ol bir ýerlerde hakykatdan daşda bolan hyýaly keşp däl, Ol biziň hakyky mätäçliklerimize esaslanyp hereket edýär.

Wagtyň geçmegi bilen öz durmuşymda gowy bolmadyk ruhy baglaryň bardygyny bildim, olardan saplanmak gerekdi. Ruhy baglar näme? Ýönekeýleşdirip aýtsak, bu janlaryň arasyndaky çuň baglanyşykdyr. Bu gowy bolşy ýaly, erbet bolup hem biler. Enäniň jany bäbegiň jany bilen baglanyşykly. Ýöne ogul ulalyp, erkek kişi bolanyndan soň, onuň öz ýüregini aýalyna bermegi üçin, ejesi bilen gatnaşyklary üýtgemelidir. Bir ten bolmaklary üçin äriň jany aýalynyň jany bilen birigýär. Bu abadan hem sagdyn baglar bolup, biziň ýüreklerimizi söýgüde birikdirýär. Şonuň ýaly arassa baglar, Dawut bilen Ýonatanyň dostlugy ýaly dostlugy berkidip biler. Käwagt aýal doganyň ýa-da ýakyn dostuň bilen şonuň ýaly ruhy ýakynlyk peýda

bolýar, ony “sözsüz düşünmek” diýip atlandyrýarlar.

Ýöne janlar sagdyn bolmadyk baglar bilen baglanyşykly bolanda, birlik bilen dostlugyň ornuny gorky bilen gözegçilik eýeleýär. Şonuň ýaly ruhy baglar bikanun seksual gatnaşyklar, bir zada baglylyk we şikesli gatnaşyklar sebäpli bolup biler. Sagdyn bolmadyk ruhy baglanyşyklar bizi weýran edýär. Biz ol baglary özbaşdak çözlemäge synanyşyp bileris, ýöne men bir zada düşündim: özümizi baglaýan zady Rebbiň Öz gylyjy bilen kesmegine ýol bermek gerek. Biziň paralanan janymyza bitewiligi diňe Ol gaýtaryp berip bilýär.

Bizde wepaly hem duýgudaş Baş Ruhanymyz bar, Ol bizi ýakyndan tanaýar. Şonuň üçin Ol eline gylyç alyp, bizi Özünden uzakda saklaýan zatlaryň hemmesini parçalamaga taýýar. Ol sagdyn bolmadyk ruhy baglaryň hemmesiniň üzülmegini, ýürekde bolsa, diňe hakyky hem janly bolan zatlaryň galmagyny isleýär. Biziň janymyza şypa bermek we ony täzeden dikeltmek üçin Ol Öz Sözüni goýberýär. Hudaýyň janymyzy arassalamak işini ýerine ýetirmegine rugsat etmek üçin doga-dileg etmäge wagt tapyň. Mukaddes Ruhdan sagdyn bolmadyk baglaryň hemmesini aýan etmegini haýyş ediň, soň hem olary parçalap, size azat bolmany getirjek Hudaýyň Sözüniň gylyjyny çagyryň. Wada Beren wepalydyr.

*Reb, meniň durmuşymdaky sagdyn bolmadyk ruhy baglaryň hemmesini ýüze çykar-da, olary Öz Mukaddes Ruhuň güýji bilen üzüp taşla. Maňa şypa ber, janymy dikelt. Gowy hem arassa gatnaşyklary ýola goýup, olary sagdyn saklamagy maňa öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN JANYMY

HAKYKATA BAGYŞ ETDIM.

6

# ŞYPA BERÝÄN ÖKÜNME

*«Sen meniň iç-goşlarymy ýaratdyň, enem göwresindekäm Sen şekil berdiň. Men Saňa öwgi aýdaryn,çünki ajaýyp, täsin ýaratdyň.  Ajaýypdyr Seniň işleriň, muny juda oňat bilýändir kalbym. Pynhanlykda ýaradylan mahalym, ýeriň çuňluklarynda emele gelen mahalym, Senden gizlin däldi meniň süňklerim. Heniz şekilsizkäm meni gözleriň gördi, maňa bellenilen günleriň hiç biri heniz gelmänkä,olaryň her biri Seniň kitabyňda  eýýäm ýazylgy. Eý, Hudaý, pikirleriň maňa nähili eziz!  Olaryň san-sajagy ýok!»*

ZEBUR 138:13-17

Dawut bu ýerde göwrede döreýän her bir ýaşaýyş hakda şahyrana hem joşgunly gürleýär. Ýöne siz çaga düşürtmegiň agyrysyny çeken bolsaňyz näme? Eger şeýle bolan bolsa, maňa size – umyt hem şypa almak barada birnäçe söz aýtmak gerek. Belki, siz ýalana ynanan, gorkuzylan gyz bolansyňyz. Belki, siz agtygyňyzy ýitirensiňiz. Ýagdaýlar nähili bolan bolsa-da, özüňiz kim bolan bolsaňyz-da, men bir zada ynanýaryn: Ata Hudaý şu wagt: “Sen bagyşlandyň, şonuň üçin saňa ebedi ýaşaýyş garaşýar” – diýýär.

Çaga düşürtmegiň hasratyny seýrek ýagdaýda aç-açan çekýärler. Bu kiçijik ýaşaýyşlaryň gözelligini ykjamlyk we netijeli, yz galdyrman ýok edýärler. Diňe soň günä hem utanç örtügi enäni, atany we bu işe gatnaşanlaryň hemmesini tolkun bolup gurşap alýar.

Biz çuň egoistik medeniýetde ýaşaýarys. Ol päk ahlakly durmuşa ruhlandyrmaga ukyply däl, sebäbi ony egoizmiň we şahsy oňaýlylygyň

talaplary herekete getirýär. Meseläniň başga bir tarapy-da bar: bu durmuşa çykmadyk gyzlaryň ýygnakda gabat gelýän ýazgarmasydyr. Öňräk men mesihilik komissiýasynyň mejlisine gatnaşdym. Ol ýere gatnaşýan aýallaryň ikisi çaga düşürdendiklerini boýun aldylar, sebäbi ýygnak tarapyndan ediljek ýazgarylma çydam edip biljek däldiler. Jemgyýet çaga düşürtmek isleýän aýallara düýbünden başga zat aýdýar:

«Sen ýaş hem owadan... Seniň bütin durmuşyň öňde».
«Günleriň birinde sen örän gowy eje bolarsyň, ýöne häzir wagty däl».
«Sen taýýar bolan wagtyňda çaga edinersiň».
«Her bir çaga islenilýän bolmalydyr, bu bolsa islenilmeýän çaga».

Men – juda ýaş we eýýäm akly goýalyşan aýallaryň şonuň ýaly sözlere gulak asandyklaryny, soň hem ökünendiklerini eşitdim. Olar klinika iki bolup girýärler, çykanlarynda bolsa, sustupes we ruhdan düşüp çykýarlar. Eýsem Isanyň söýgüsini hem rehimdarlygyny tanan biz çaga düşürdilýän ýerlerdäki ýaly bolmadyk hakyky goldawy bermeli dälmi? «Ýaşaýşyň tarapdary bolmaklyk» – bu syýasy şygar däldir. Bu ýaşaýyş ýörelgesi bolup, onda duýgudaşlyga, ogullyga almaga we söýgiden gelip çykýan batyrgaý kararlara orun bardyr.

Gijä galan ökünç her neneň agyryly bolsa-da, biz hiç haçan yza gaýdyp, geçmişi üýtgedip bilmeýäris. Umydymyz – geljegimizdedir. Hudaýyň hakykatyny hem bagyşlamasyny kabul ediň. Eger siz çaga düşürden bolsaňyz, onda özüňizi bagyşlaň we özüňiziň şypa almagyňyza ýol beriň.

*Gökdäki Atam, maňa hökümiň däl-de, şypa almanyň guraly bolmagy öwret. Men gözelligi we ýaşaýşyň gymmatyny Seniň görşüň ýaly görmek isleýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN ÖKÜNÇ BILEN UTANJY DÄLDE, ÝAŞAÝŞY HEM UMYDY SAÝLAÝARYN.

7

# NIKANY SYLAMAK

*«Hemmeler nika hormat goýsun, düşek günä bilen hapalanmasyn. Çünki Hudaý ahlaksyzlary we zynahorlary höküm eder».*

ÝEWREÝLER 13:4

Bu aýadyň düýp manysy barada gürrüň etmezden öňürti, geliň, hormatyň nämedigine düşüneliň. Hormatlamak – aýratyn gadyr goýmak, ýanýoldaşyň ähmiýetini ykrar etmekdir. Men sylaşykly gürleşenimde we onuň garşysyna gidip däl-de, bilelikde hereket edenimde, adamyma hormatymy beýan edýärin. Adamyň başga birinde gymmatlylygy görmän, geleňsiz hem perwaýsyz bolmagynda sylaşykdan ýüz öwürme peýda bolýar. Nikada sylaşyk ýörelgesine – onda-da iki tarapyň hem düşünmezlik ýörelgesi sebäpli şeýle ýagdaý ýüze çykyp biler: är aýalyny, aýal hem ärini sylaman biler. Ýewreýlere hatda "nika düşegini" – jynsy ýakynlygyň ýerini – hormatlamak hakda aýratyn gürrüň edilýär.

Biz toýa çenli päkligimize galmak bilen nikany sylaýarys. Nikadan daşda bolan jyns gatnaşygy diňe bir nika ähtini bozman, eýsem oňa gatnaşýan adamlara-da, ahyr netijesinde Hudaýa hem ysnat getirýär. Tersine, nikadaky ýakynlyk Hudaýy, öz ýanýoldaşyňy we olaryň birleşmesini sylamagy aňladýar. Nikany sylamanyň ýene bir usuly – jyns gatnaşyk giňişligine hiç kimi we hiç zady salmazlykdyr. Bu seksual ýakynlygyň gözelligini we aýratynlygyny peseldýän zatlaryň hemmesinden gaça durmagyň zerurdygyny aňladýar. Pornografiýa, masturbasiýa, azgynlyk, jelepçilik ýa-da ahlaksyzlyk ýaly zatlar şonuň ýaly weýran edijilikli faktorlar bolup biler.

Nikadan öň meniň özümem şu hakykatlara laýyklykda

ýaşamadym, şol sebäpden hem, nikalaşanymdan soň, köp sanly duýdansyz döreýän kynçylyklara duş geldim. Men erkana hem dolulygyna öz adamyma degişli bolmak isledim, ýöne geçmişde gelen kararlarymyň ýesiri boldum.

Biz diňe bir adam bilen seksual birleşmede bolmak üçin ýaradyldyk, sebäbi jyns ýakynlygy iki adama niýetlenilen birleşmedir. Şol iki adam nika ähtine laýyklykda hem bir bitewi bolýar. Hakyky ýakynlyk diňe ýeke-täkligiň bar ýerinde mümkin bolup bilýändir. Eger biz dürli partnýorlar bilen jyns gatnaşygynda bolsak, onda ol öz çuňlugyny we gaýtalanmazlygyny ýitirýär.

Biziň medeniýetimizde ýanýoldaşyňa biwepalyk etmäniň şeýle giň ýaýramagynyň sebäbi ähte düşünmezlikde diýip pikir edýärin. Adamlar: “Nika – bu bary-ýogy kagyz” diýýärler. Ähtiň ýöne bir birigip bitewi bolýan iki adamyň birleşmesi däldigine akyl ýetirmeýärler. Olary bitewi edip, Hudaý birikdirýär. Nikada üç sany gatnaşyjy bardyr. Şonuň üçin biz nikadan Hudaýy aýyrsak, ol hakykatdan hem ýasama bolýar. Ýöne Hudaýyň Sözüni sylasak, onda nika güýje, ähte we hakyky pynhanlyga eýe bolýar. Hudaý bozulan zady täzeden dikeldýär we zaýalanan zatlara şypa berýär.

*Gökdäki Atam, maňa nikany sylamagy öwret. Mukaddes Ruh, meniň nikamda ýa-da nika ähtine düşünişimde ýoýulmalaryň ýa-da ysnat getirmeleriň bar bolan ulgamlaryny maňa açyp görkez. (Durmuşa çykan çykmanyňa garamazdan şeýle doga edip bolar). Öz durmuşymda men ýakynlyk babatda Seniň ähtiňe eýermek isleýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

ÝAKYNLYGY KESEKILERDEN GORANYMDA WE NIKA ÄHTINI BOZÝAN ZATLARYŇ HEMMESINI INKÄR EDENIMDE.

8

# GORAGLY ZENAN

*«Reb meniň gaýam, galam we  Halasgärimdir,*
*Hudaýym pena edinýän gaýam».*

ZEBUR 17:3

Men doly aljyraňňylyga düşdüm. Ruhy çopanymyz menden gyzlaryň bir topary bilen seksual taýdan arassa bolmak hakda gürleşmegi haýyş etdi, men bolsa, olara näme diýmelidigini asla bilmeýärdim. Men diýseň alada galdym – dowla düşdüm. Maňa näme boldy? Men köp ýyllardan bäri bütin dünýä aýlanyp, hemme ýaşlardaky aýallardan dolup duran zallarda çykyş edýärdim ahyry. Ýerli uly synp okuwçy gyzlary bilen boljak duşuşyk meni näme üçin gorkuzýarka? Men uludan demimi alyp, pikirimi jemlemäge çalyşdym. Galyberse-de men öňki ýaşlar ruhy çopanynyň aýaly ahyry. Şu derejede bolan iki ýylymy azda-kände üstünlikli geçiripdim. Soň men bir zada düşündim: gep gyzlaryň ýaşynda däldi. Meni tema alada goýýardy. Men özüme olaryň nähili soraglary berjekdiklerini bilýärdim: bize näme etmek bolýar, näme etmek bolmaýar? Oglanlar bilen gatnaşyklarda nämä ýol bermek bolýar?

Ýol berilýän zatlaryň serhetleri hakda men uly synp gyzlaryna näme diýip bilerin? Meniň, hatda, gyzymam ýokdy. Taýýarlanmaga wagtam ýokdy.  Men polda oturyp, Hudaýa doga edip başladym: *«Atam, maňa şol gyzlar üçin jogap hakykatdan hem gerek. Men öz pikirimi däl-de, Seniň akyldarlygyňy paýlaşmak isleýärin. Senden haýyş edýärin, edil şu wagt maňa Öz akyldarlygyňy aç».*

Men garaşdym. Ümsümlik. Poldan turdum-da, men duşa gitdim.

Çykyşyň güni ertire bellenildi. Duşa düşüp durkam, pikirlerim maksatsyz aýlandy durdy. Ýöne birden men Mukaddes Ruhuň sesini eşitdim: “Sen olaryň hereketlerini çäklendirýän düzgünleri gözleýärsiň. Ýöne düzgünler olary saklamaýar. Güýç gatnaşyklardan gelýär. Olara etmeli däl zatlar hakda aýtma-da, mümkin bolan zatlar hakda aýt. Olara aýt, olar öz kakalarynyň ýanynda ýigitleri bilen gatnaşyklarynda özlerine oňaýly ýagdaýda şeýle öte geçip bilerler.

Meniň jogabym şeýle boldy. Belki, bu siziň taryhyňyz däldir. Belki, ýanyňyzda sizi gorar ýaly, ýerdäki ataňyz bolan däldir. Ýöne gowy habar sizde Gökdäki Ataňyzyň bardygynda jemlenendir. Ol sizi kimdir biriniň ulanmagyny we mejbur etmegini islemeýär. Belki, siz eýýäm juda ötä geçensiňiz. Ýöne geçmişde nämäniň galandygyna garamazdan, Ol geljegiňizi söýgi bilen goraýar. Bu jogap diňe ýetginjeklere degişli däl. Bu arassa bolmadyk medeniýetde öz arassalygyny saklaýan her bir gyz üçindir.

Biziň ýüreklerimizi düzgünler üýtgetmeýär. Biz beýik tertibiň, söýginiň öňünde jogap berýäris. Gep biziň Gökdäki Atamyz bilen gatnaşyklarymyz barada barýar. Çäklendirmeler, ahlak we sowuk daşyň ýüzüne oýulyp ýazylan etiki kodeks däl-de, ýüreklerimize ýazylan diri hakykatlar biziň ugrukdyryjy sapagy bolmalydyr. Iman nämäniň mümkindigi we nämäniň mümkin däldigi baradaky sanawa öwrüleninde, biz iň esasy zady – özümize iň gowy zady Isleýän bilen gatnaşyklary ýitirýäris.

*Gökdäki Atam, goý, meniň arassalygym Seniň bilen gatnaşyklarymdan döresin. Geçmişimiň nähili bolandygyna garamazdan, men Seni öz Goragçym hasap edýärin we ýüregimiň iň gizlin künjeklerine çagyrýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MAŇA GÜÝJI DÜZGÜNLER DÄL-DE, ATAM BILEN GATNAŞYKLAR BERÝÄR.

9

# GELIN

*«... giýewiň gelnine şatlanyşy dek,*
*Hudaý-da saňa şatlanar».*

IŞAÝA 62:5

Hudaýyň bizi Öz gelni bilen deňeşdirmesi maňa ýaraýar. Öňräk meniň ogullarymyň ikisi nikalaşdy. Birinji hatarda oturanym üçin men gelin golaýlaşdygyça hersiniň gözlerinde ýaşyň bardygyny gördüm, bu bolsa, meni aglar derejä çenli tolgundyrdy. Şatlykdan ýaňa şöhle saçyp duran gelinler ak köýnegiň içinde şeýle owadandylar. Bizi Isanyň hut şonuň ýaly görýändigini aýtmak isleýärin. Aýanlyk 19:7-de: "Onuň gelni taýýarlandy" diýen sözleri okaýarys.

Ýöne muny nädip etmeli? Geliň, düşüneliň. Gelin öz söýeni bilen duşuşyga nädip taýýarlanýar? Bu owadan köýnekden, priçýoskadan we makiýaždan uly zatdyr. Hakyky taýýarlyk ýürekde bolup geçýär. Men muny şeýle görýärin:

- Gelin edýän zatlarynyň hemmesinde ýigdiniň göwnüni awlamaga dyrjaşýar.
- Geliň edýän zatlarynyň hemmesinde arassa hem gyzgyn islegli bolýar.
- Gelin özüne öz sözleriniň beýan edişinden-de çuň düşünilmegini isleýär.
- Gelin özüni açanynda we gowşak bolanynda, onuň özüni howpsuzlykda duýmagy wajypdyr.
- Gelne özüni erkana – gorkusyz – beýan etmek wajypdyr.
- Duýdansyz sowgatlar we garaşylmadyk sowgatlar gelni begendirýär.

- Gelin öz söýeni bilen syrlaryny paýlaşmagy gowy görýär.
- Söýeni öz yzyna eýereninde, bu gelne ýaraýar we ol hem onuň yzyna düşýär.
- Söýenine degişlilik duýgusy gelne şatlyk getirýär.
- Gelin öz näziniň çekilmegini, goralmagyny, ugrukdyrylmagyny – ýumşaklyk bilen özüne düzediş berilmegini isleýär.
- Gelniň ýüregi ýigdine bolan söýgi bilen alawlaýar.

Şu we beýleki köp sanly islegler Hudaý tarapyndan her bir gyzynyň ýüregine salnandyr. Biz bu islegleriň öz ýüregimizde ýaşamagyna ýol berip bileris, sebäbi Onuň iň gizlin islegi – bizi Özüniň ýaradyşy ýaly söýmekdir. Biziň Ýigdimiz Isa: "Seni söýmäge Maňa rugsat et" diýýär.

Başga hiç kim hem bizi şunuň ýaly söýüp bilmeýär. Bu islegler şeýle çuň bolany üçin ýerdäki ýekeje erkek hem, olary doly ýerine ýetirip bilmeýär. Ýerdäki söýginiň solmagy, tamamyzy ödemezligi, lapykeç etmegi mümkin, sebäbi biz köpräk zada teşne. Bizi Gökdäki Patyşamyz hiç haçan lapykeç etmeýär we göwnümizde agyry döretmeýär. Ol ýüregimiziň her bir ymtylyşyny bilýär we oňa seslenýär.

Ol biziň hakykatdan mätäç bolan zatlarymyzyň hemmesini berýär. Beýle bolsa, näme üçin Onuň dogrulygyny geýinmeli dälmişik? Özüňizi Onuň söýgüsi bilen bezäň. Onuň gujaklamasyndan lezzet alyň. Goý, ýüregiňiz Onuň öňünde açylsyn.

*Göldäki Atam, meni Özüň nähili ýaradan bolsaň,*
*şonuň ýalylygyma hem söý. Men özümi – edil Ýigide*
*taýýarlanylýan gelin ýaly – Seniň üçin taýýarlaýaryn.*
*Meniň Seniň ýüregiňde möhür bolmagyma rugsat et*
*we men özüm üçin taýýarlan zatlaryň hemmesiniň*
*dolulygyna girenimde, Seniň ýylgyrşyňy göreýin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÝIGIDIM MAŇA ŞATLANÝAR..

# Hakykatda güýçli zenan

I

# PÄHIMLI GÜRLEÝÄN ZENAN

*«Ýakymly sözleýiş bal ýaly süýjüdir,*
*jana ýakymly, süňklere şypadyr».*

SÜLEÝMANYŇ PÄHİMLERİ 16:24

Resul Ýohanna özüniň dosty Gaýusa: «Söýgüli dostum, ruhuňyň belent bolşy ýaly, ähli işleriň rowaçlansyn we janyň sag bolsun!» (3 Ýohanna 1:2) diýýär.

Diýmek, Ýohanna teniň saglygynyň ruhuň belentligi bilen aýrylmazdygyny bilýän eken. Bu iki zat berk baglanyşyklydyr. Sözler gök hem ýara yzyny galdyrmaýan bolsa-da, olaryň ölüm getiriji ýarag bolşyny, şypa beriji melhem kimin hem hereket etmäge ukyplydygyny Mukaddes Kitap aýdýar: «Oýlanman gepleýän dil gylyç ýaly sanjylýandyr, akyldarlaryň dili bolsa şypa berýändir» (Süleýmanyň pähimleri 12:18).

Göwne degiji hem gaharly sözler bize edil ýiti pyçak ýaly täsir edýändir. Olaryň biri egniňi, beýlekisi garnyňy ýaralaýar, üçünjisi bolsa, eliňde bellik galdyrýar. Soň göwne degen adam gidýär, biz bolsa – hüjüm edilenine aňk bolup, depgilenen duýgular we ganap duran ýürek bilen – galýarys. Biz hiç zada düşünmän, bir pursatlyk gözümizi ýumup durýarys – sözler nädip şunça agyry döredip bildi?

Ýöne biz düýbünden başga sesi eşidýäris. Ol ýuwaşja hem mähirli. Edil güneşiň tylla şöhlejiginiň garaňkylygy aýryşy ýaly, biz

şol sesiň ýylylygyny duýýarys. Ýaşaýyş hem şypa beriji sözler bizi ýaralan sözleriň güýjüni ýatyrýar. *Men seni söýýärin. Men seniň bilendirin. Sen Meniňki*. Bu sözleriň mylaýym ýylylygy janyňy alyp barýan agyryny köşeşdirýär. Bu sözleriň her biri ýaralara şypa berýär we ýitirilen güýji bize gaýtaryp berýär.

Sözleriň biziň janymyzyň üstünden şonuň ýaly ygtyýary bar. Olar ýaralap bilýärler we şypa berip bilýärler. Sözleriň güýji hakda bilenimiz üçin, geliň, olary ýaralamak hem göwni agyrtmak üçin däl-de, azat etmek we şypa bermek üçin ulanalyň. Sözleri oýlanman paýyrdadyp goýbermän, seresaplyk hem akyldarlyk bilen saýlamaly. Öz sözlerimizde seresap bolmak bilen biz olaryň güýjüni sylaýarys.

Ýönekeý goldaw beriji hem duýgudaş sözler kimdir biri üçin hemme zady üýtgedip biler. Hudaýyň Sözüni aýdanymyzda dillerimizde ýaşaýyş beriji derman bolýandyr. Hakyky şypagär diňe Oldur, şonuň üçin Onuň sözleriniň şypa berýändigi geň galarlykly zat däldir. Goldaw beriji sözleri aýtmaklyk şeýle aňsat, ýöne olar aslynda kimdir biriniň durmuşyny üýtgedýär.

Saýlawy siz etmeli. Siz bu gün – ýagşylyk ýa-da ýamanlyk üçin – nähili sözleri saýlaýarsyňyz?

*Hudaý, maňa sözleriň güýjüni öwret. Maňa ýolumda duş getirýän adamlaryňa goldaw hem şypa getirýän sözleri aýtmaga kömek et.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN ŞYPA, AKYLDARLYK HEM ÝAŞAÝYŞ GETIRÝÄN SÖZLERI SAÝLAÝARYN.

2

# BÜTEWI

*«Ýa Reb, hakykatyňda gezerim ýaly, maňa öwret Sen Öz ýoluňy. Seniň adyňdan gorkarym ýaly, Özüňe bagla ýüregimi».*

ZEBUR 85:11

Birwagtlar Ysraýyla gidenimizde, ýolbelediň Jon ikimize rimliler hakda gürrüň bereni ýadyma düşýär. Ol olaryň belli bir manyda açyk göwünli basybalyjylar bolandyklaryny aýtdy. Olar ýewreý halkyna öz ynamyna uýmaga rugsat edipdirler, ýöne bir şert bilen – ýewreýler rim medeniýetini kabul etmelidiler. Olar ýewreýleriň rimliler ýaly bolmaklaryny, ýaşamaklaryny we özlerini alyp barmaklaryny isläpdirler. Asyrlar geçse-de, çozup girmäniň taktikasy üýtgemedi diýen ýaly.

Bu gün bize şeýle diýýärler: «Siz islendik dine uýup bilersiňiz, ýöne biziň gymmatlyklarymyzy kabul etmek şerti bilen. Akmak bolmaň – hemmeler üçin bir hakykat ýok, her kimiň öz hakykaty bar. Islän zadyňyza ynanyň, ýöne biz ýaly boluň!»

Ýöne, elbetde, beýle zat bizde bolmaýar. Hudaý bizi hiç haçan medeniýetiň salgymlaryna eýermäge çagyrmady. Biz dünýä bilen bir däl-de, eýsem Onuň bilen birdiris. Bu biziň Isanyň: “Ýol, hakykat we ýaşaýyş Mendirin, Mensiz hiç kim Atanyň ýanyna baryp bilmez” (Ýohanna 14:6) diýen sözlerine ynanýandygymyzy aňladýar.

Biz döwrüň modaly salgymlaryna däl-de, Rebbimiziň yzyna eýerýäris. Onuň Hakykaty bizi endik edinen ýollarymyzy terk edip, Hudaýyň maksady tarapa ýokary galmaga ruhlandyrýar. Hudaý biziň pikirlenişimiz ýaly pikirlenmeýär, Ol düýbünden başgaça pikirlenýär.

Boş sözler öňküligimize galmaklyga, eden hereketlerimize aklanma gözlemäge, ynsabymyza garşy gitmäge meýillendirýär. Bu dünýä biziň öýümiz däl, biz diňe jahankeşdelerdiris. Bu biziň indi medeniýete görä bolmaýandygymyzy, Mukaddes Hudaý bilen gatnaşyklarymyz arkaly özgerýändigimizi aňladýar.

Biz pähimi maglumatdan püre-pür bolup duran dünýäniň ýitiliklerinden, şygarlaryndan we meýillerinden almaýarys-da, Hudaýyň Sözünden alýarys. Mesihiň yzyna eýerijiler hökmünde biz biri-birimizi ruhlandyrmaga çagyrylandyrys. Bu ýöne bir ruhlandyrmagy däl-de, eýsem Hudaýyň wadalaryny ýatladyp, birek-birekde batyrlyk döretmelidigimizi aňladýar. Dünýä bize: "Bileniňizi ediň. Siz özüňizi özüňiz adam edýärsiňiz" diýýär. Ýöne biz beýik bulagaýlyk döwründe ýerde ýaşaýan gögüň wekilleridiris. Biz özümiz üçin ýaşamaýarys-da, Hudaý üçin ýaşaýarys.

Rebbiň Sözüni bu dünýäniň gymmatlyklary bilen garyşdyrar derejä ýetirip bolmaýar. Ol hemişe aýratyn bolup durýandyr. Her dünýäniň üstünde bir aýagymyz bilen durmaga synanyşanymyzda, biz gutulgysyz ýagdaýda kynçylyk çekýäris, sebäbi şonda ýüregimiz dürli tarapa çekilýär. Şu günki aýatda Dawut ýüreklerimiziň bitewiligine durmalydygyny göni aýdýar. Hudaýa bütin ýüregiňiz bilen gulluk etmek isleýändigiňiz sebäpli bu setirleri okaýandygyňyza men ynanýaryn. Ol bolsa, ýüreklerimiziň ysnyşan zatlarymyzyň arasyndaky içki göreşler sebäpli bölünmegini islemeýär. Ol içki göreşleri Özüniň aladasyna tabşyryp, ýürekleriňize rahatlygy salmaga, diňe şondan soň janymyzyň duşmanlary bilen söweşe girmäge çagyrýar.

*Rebbim, Seniň Patyşalygyň – bu meniň ýolum hem ugrumdyr.*
*Ýüregimi Seniň adyň öňünde hormat bilen durmakda berkit.*

*Men güýçlüdirin,*

ÝÜREGIM BITEWI BOLANDA.

3

# DIWARLAR

*Şol gün Ýahuda ýurdunda şu aýdym aýdylar: «Bizde berk şäher bar, Hudaýyň halas etmesi diwarlardyr seňňerler ýalydyr».*

IŞAÝA 26:1

Gadymda şäherleriň daşyna beýik diwarlar aýlapdyrlar-da, olary duşmanlardan we ýabany haýwanlardan gorapdyrlar. Häzir munuň ýaly etmeýärler, ýöne uzak geçmişde ýekeje şäher hem, okgeçmez diwarly galasyz bolmandyr. Şol diwarlar daşardan gelenler üçin: "Biz diňe özümize howp getirmeýänleri içeri salýarys" diýen duýduryş bolup hyzmat edipdir. Şäher içinde ýaşaýanlar üçin bolsa, diwarlar howpsyzlygyň nyşany bolupdyr. Adamlar diwarlara we sakçylara ynanypdyrlar, olar şäheriň çozup girmeden we ogrulardan goralgydygyny bilipdirler. Diwarlar ýaşaýjylary ölüm howply kesellerden, gaýly howalardan we çäge tupanlaryndan hem gorapdyr.

Indi bolsa, diwarsyz şäheri göz öňüne getiriň. Şeýle şähere talaňçylar hem basybalyjylar islendik wagtda çozup girip bilýärler. Olar islän wagtlarynda gelip hem gidip bilýärler. Hiç hili goragam ýok, asudalygam. Kim şonuň ýaly ýerde ýaşamak islär?

Öz ruhumyzy goramadyk wagtymyzda, ine, nämeler bolup geçýän eken. Ýüregimiz asuda duralga, howpsuzlyk hem asudalyk ýeri bolmasyny bes eder. Ol zaýalanan, talanylan şähere öwrüler. Biz özümizi emosiýalaryň, göçgünligiň, ýalanyň we weýrançylyk getiriji sözleriň eline berýäris, olar hem, hiç hili päsgelçiliksiz içimize aralaşýar. Sustupeslik hem, biziň derwaýys çöregimiz, gussa bilen ökünç adaty iýmitimiz bolar.

Janymyzyň goragçy diwarlaryny biz nädip täzeden dikeltmeli? Geliň, öz sözlerimize ähmiýet bermekden, şypa berýän hem abatlaýan sözleri saýlamakdan başlalyň. Hudaýyň Sözüni okaň we ony durmuşyňyzyň her bir ulgamynda – nikada, işde, çaga terbiýesinde we dostlukda – ulanmagy öwreniň. Durmuşyňyzyň bu ulgamlaryna ak pata beriň we, hatda pikiriňizde-de, gargyş etmäň. Hudaýyň Sözüniň ýüregiňizi üýtgetmegine ýol beriň, şonda siz munuň miwesini görersiňiz.

Hudaýyň özüňizi duzaklardan we gahar uçgunlaryndan ýa-da ýaralaýjy sözlerden galan sözleriň döwük böleklerinden azat etmegine rugsat ediň. Olar siziň diwarlaryňyza atylan öz sözleriňiz ýa-da başgalaryň sözleri bolup biler. Olar: “Men hiç kime gerek däl. Hemmeler maňa dönüklik edýärler, netijede men ýeke galýaryn” ýa-da “Men betgelşik we semiz. Men nädip kimdir biriniň göwnüne ýarap bilerin?” diýip, öz-özüňize aýdýan weýran edijilikli sözleriňiz hem bolup biler. Bu sözler içden weýran edýän zäherli oklar ýalydyr. Öz diwarlaryňyzy syndyrmaň-da, olary Hudaýyň Sözi bilen berkidiň. Ony özüňiz baradaky hakykaty habar bermegi üçin ulanyň we onuň öz ýüregiňiz üçin ynamdar goragçy diwar bolmagyna rugsat ediň.

*Gökdäki Atam, Öz Sözüň üsti bilen maňa özüm we durmuşym baradaky hakykaty açyp görkez. Ýüregimiň daşyna berk hakykat diwarlaryny aýlamaga maňa kömek et, goý, ýüregim şol diwarlar astynda gülläp össün.*

*Men güýçlüdirin,*

ÝÜREGIM HUDAÝYŇ SÖZÜNIŇ
GORAGY ASTYNDAKA.

4

# AÝLAWLY ÖWRÜM

*«Çünki üsti açylmajak gizlin zat, bilinmejek, mese-mälim bolmajak zat ýokdur».*

LUKA 8:17

Kolorado göçüp gelenimden soň, men myhman otag üçin diwan satyn almakçy boldum. Öz göwnüme derrew ýaran diwany tapanym ýadyma düşýär. Men: «Ine, bu aňrybaş diwan» diýip pikir etdim. Mebel dükanyň diwarynyň ýanynda, owadan aksessuarlaryň we suratlaryň arasynda ol juda gowy bolup göründi. Soň diwanymyň arkasynda diwaryň bolmajakdygy ýadyma düşdi. Ol hemme tarapdan öz-özünden gowuja bolup görünmelidi. Oňa yzyndan seretmek üçin diwaryň ýanyndan aňra süýşürenimde, onuň gowy bolmajakdygyna düşündim. Eger men oňa diňe öňünden sereden bolsam, onda ony şobada öýe alyp gaýdardym. Ol maňa juda ýarardy... ýöne ony başga tarapdan görýän wagtyma çenli.

Biziň köpimiz köplenç ýagdaýlarda günäniň diňe daşky keşbini görýäris. Onuň görnüşi, duýgulary döredişi bize ýaraýar. Şonda biz özümize: “Alýaryn!” diýýäris. Ýöne soňrak onuň “arka tarapyny” görenimizde, utanç hem lapykeçlik duýýarys.

Gizlinlikde günäli gürlänimizde ýa-da bir zat edenimizde, Hudaý bizi utandyrmaga synanyşmaýar – özümiz özümizi oňaýsyz ýagdaýa salýarys. Bu gizlinlikde tohum ekip, ol hem ösüp çykanyndan soň, gögereni üçin Hudaýdan gahar edişimize meňzeş bir zatdyr. Göwnümize biz hemme zadyň yzyny gowy süpürip aýyrmagy başarýan ýaly, bu günki aýat bize asla degişli däl ýaly bolup görnüp

biler. Ýöne Mukaddes Kitap hiç bir zadyň üstüniň açylman galmajakdygyny aýdýan bolsa, diýmek, düzgünden hiç hili çykma ýokdur.

Muňa gowuja akyl ýetirmek we özüňi birazrajyk düşünjeli alyp barmak zerurdyr. Efeslilere ýazylan hatda bu “seresap hereket etmeklik” diýlip atlandyrylýar. “Emma nur parlanda, ähli zat paş edilip, aýdyň görner... Şeýlelikde, nähili ýaşaýandygyňyza üns beriň. Nadanlar ýaly däl-de, danalar ýaly ýaşaň” (Efesliler 5:13, 15).

Seresap hereket etmeklik – diýmek, durmuşymyzdaky zatlaryň hemmesiniň özara baglanyşyklydygyna düşünip ýaşamakdyr. Bu gün ýatdan çykarylan ýaly bolup görnen zadyň ertir ýüze çykmagy mümkin. “Seresap” sözüniň özi oýlanyşykly, eserdeň, mümkin bolan jähtleriň hemmesini ölçerip, işe hemme tarapdan seredip ýaşamagy aňladýar. Bu jaýa satyn almazyňdan öň göz aýlap çykmak ýaly bir zatdyr: ony guran adam, alyjy satyn almazyndan öň, jaýyň hiline baha berip biler, ony otaglaryň hemmesine aýlap çykýar. Durmuşda-da edil şonuň ýaly: bize öz gelen kararymyza we etjek zatlarymyza ähli nukdaýnazarlardan baha bermek gerek. Biz gelen kararymyzyň “daşyndan aýlanyp çykmalydyrys”, her bir “otaga” seretmelidiris, mümkin bolan netijeleri ölçerip dökmelidiris, diňe şondan soň saýlaw etmelidiris. Şonda edýän hereketlerimizde pähim bolar we gelen kararlarymyz, ökünçleriň däl-de, güýjüň çeşmesi bolar.

*Rebbim, Senden hiç zadyň gizlin däldigini, meniň Senden hiç zady gizläp bilmeýändigimi maňa ýatlat. Edýän hereketlerim Seni şöhratlandyrar ýaly, ähli işlerimde eserdeň bolmaklygy maňa öwret.*

Men güýçlüdirin,

SEBÄBI DIŇE ŞU GÜN BILEN ÝAŞAMAÝARYN.

5

# ÖKÜNMELER ÝURDUNY TERK EDIP

*Samarýa galasynyň derwezesiniň daşynda dört sany ýokançly deri keselli adam bardy. Olar biri-birlerine şeýle diýişdiler: «Näme üçin biz ölýänçäk, şu ýerde oturmaly?»*

2 PATYŞALAR 7:3

Käbir pursatlarda biziň her birimiz özümize: «Besdir» diýmesi gerek bolan çyzyga baryp ýetýäris. Öküňç, ýokançly deri keseliniň teni iýşi ýaly, gutulgysyz ýagdaýda ýüregi iýýär. Güýçli zenanlar ýeriňden galyp gitmäniň wagtynyň gelenini bilýärler. Öküňçler batgasyna batyp galmaz ýaly, maksada okgunlylyk bilen ýaşaň. Özüňize niýetlenilen zady ýadyňyza salyp, geljege tarap gidiň, sebäbi maksatsyz ýol – bu ýöne bir aýlanyp ýörmekdir. Siziň barjak bolup ymtylýan ýeriňize barmagyň başga ýoly asla ýokdur. Belki, siz şu wagt özüňiziň barmak islän ýeriňizde dälsiňiz. Belki, siz ökünmeleriň gaýgyly ýurdundasyňyz. Size bir syry açýaryn: ökünmeler sizi goýbermeýär.

«Eger...» diýen sözleri «edil şu wagt» diýen söze çalyşmagyň wagty geldi. Ökünmeleriň ýaňy, olar bilen ýüzbe-ýüz bolýançak, durmuşymyzda ýaňlanar durar.

Men şuňa ynanýaryn: her bir nesilde öz ýalňyşyny düzetmäge mümkinçiligem, hukugam bar. Biz yzymyzdan gelýänlere hakykaty aç-açan aýtmak hem duýdurmak bilen şeýle edip bileris. Ýöne öz

ökünçlerimize batyp ýörsek, hiç haçanam munuň hötdesinden gelmeris. Olardan azat bolanymyzda bolsa, ýalňyşlarymyzy akyldarlyk mirasyna öwreris. Diýmek, indiki nesilde ýokarrak galmaga, has aýdyň görmäge we biziň bir wagtlar düşen duzaklarymyzdan gaça durmaga mümkinçilik bar. Häzir geçmişdäki şowsuzlyklaryňa ökünip, elleriňi sowatmanyň we maksatsyz aýlanyp ýöremäniň wagty däl. Öňe gitmäniň wagty geldi.

*Hudaýym, men ökünçleriň ýesirliginde galmak islemeýärin. Başgalar üçin güýç çeşmesi bolmak üçin men ýerimden turup, öňe gidýärin. Men «eger...» sözüni «edil şu wagt!» diýen söze çalyşýaryn we geçmişdäki ökünçleriň deregine, Seniň durmuşyma niýetlän maksadyňy kabul edýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖKÜNÇLERIMI MAKSADA ÇALYŞÝARYN.

6

# SÖÝÜLÝÄN ZENAN

*«Çünki Ýaradyjyň seniň äriňdir,*
*Onuň ady Hökmürowan Rebdir;*
*Ysraýylyň Mukaddesi Penakäriňdir,*
*Oňa bütin dünýäniň Hudaýy diýilýär.*
*Reb seni terk edilen, kalby gussaly aýal hökmünde,*
*ret edilen ýaş gelin dek çagyrdy.*
*Muny Hudaý diýýär».*

IŞAÝA 54:5-6

Bu günki parça özünde aýallar üçin aýratyn wadany saklaýar. Hudaý Özüni biziň Atamyz hökmünde atlandyryp bilerdi, ýöne bir ýerde Ol başgaça gürleýär. Ol Özüni gyňyr aýalyny hakykat ýoluna gaýtaryp getirýän söýýän äre deňeýär we Öz wadalarynyň ygtybarlydygyny aýdýar:

> “Daglar ýerinden gozgansa-da, depeler sarssa-da,
> ebedi söýgüm senden aýrylmaz, parahatçylyk ähdim sarsmaz”
> diýýär saňa rehim eden Reb. (10-njy aýat)

Siz durmuşyňyzda nähili howsalalary başdan geçiren bolsaňyz-da, Hudaýyň size bolan söýgüsi hiç haçan üýtgemez. Bu meseläni özüňiz üçin hemişelik ýapyň.

Bu Mukaddes Kitap aýadynda hiç hili ýalňyş söz ýokdur. Ol hemmelere – durmuşa çykmadyklara, aýrylyşanlara, çagasyzlara, dullara aýdylandyr. Özlerini ruhdan düşen, mynasyp däl, zyýan çeken hökmünde duýýanlara-da degişlidir. Bu wada ýaşa bagly

däldir. Bu Hudaýyň bahasyna ýetip bolmajak söýenlerine gönükdirilen sesidir. Ol Öz zenanlaryna rahatlyk eçilýär. Şonuň üçin Onuň parahatçylygyny kabul ediň we şol parahatçylygyň ýüregiňiziň jümmüşinde gizlenip ýatan gaharyňyzy, biynjalygyňyzy we gorkyňyzy aýyrmagyna rugsat ediň.

Aýallara aýratyn mümkinçilik berlendir. Bizdäki zatlaryň hemmesi – tenimiz, ýüregimiz, janymyz – gulluk etmek we täze ýaşaýşy ösdürmek üçin ýaradylan. Ýöne biz köplenç gowy işleri etmekden ýadaýarys we Gökdäki Atamyzda nägilelik döretmekden gorkup ýaşaýarys. Biziň göwnümize, her neneň jan etsek-de, edilýän pidalaryň hiç biri ýeterlik däl ýaly bolýar. Ýöne bir zady ýatda saklaň: hemme zat siziň edýän zadyňyza däl-de, eýsem eýýäm siz üçin edilen zada esaslanýar. Biziň hiç birimizem Hudaýyň ülňülerine gabat geler ýaly derejede kämil durmuşda ýaşap bilmeýäris. Biz Onuň ýüreginden turýan zenanlar bolmalydyrys, ýöne inkär edilmeden we Hudaýyň gazabyndan gorksak, onda Onuň yzyna eýermeris. Munuň ýaly gorky diňe lapykeçlige alyp barýar. Hudaý Öz gyzlaryny munuň ýaly ýükden azat etmek isleýär.

Siz — Onuň maksady boýunça ýaradylan zenanlarsyňyz, sizde Hudaý tarapyndan bellenilen wezipe bar. Bu wasp etmäge mynasyp zatdyr, sebäbi siz täsin ýaradylansyňyz we üýtgewsiz derejede söýülýärsiňiz.

*Ýa Reb, meniň kalbyma Öz görmek isleýän zenanyň keşbini sal. Men Seniň yranmaz söýgiňi we meniň üçin eden zatlaryň hemmesini kabul edýärin. Öz zenanlyk tebigatymda rahatlyk taparym ýaly, meni Özüňe ýakynlaşdyr.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN TÄSIN ÝARADYLYPDYRYN.

7

# IKINJI DEREJELI DÄL

*Her zady başarýan Reb: «Men siziň Atańyz bolaryn, siz hem Meniň ogul-gyzlarym bolarsyňyz» diýýär.*

2 KORİNTOSLYLAR 6:18

Mesihi bolup, özümi Hudaýyň hakykatdan hem söýýändigine akyl ýetirenimde, bu maňa ýetip bolmajak zat ýaly bolup göründi. Şonuň ýaly rehimdarlyga jogap edip, men özümi Onuň aladasyna ynandym. Şol wagt özümiň zenanlygymyň mesele bolmagynyň mümkindigi kelläme-de gelmändi.

Ýöne ondan soň men dürli ýygnaklara we mesihilik konferensiýalaryna baryp başladym. Şonda eşiden zatlarymyň esasynda Onuň maňa bolan söýgüsi baradaky sorag gitdigiçe kynlaşýan ýaly bolup göründi. Kem-kemden mende, men edil patyşalygyň ikinji derejeli raýaty hökmünde halas bolmany alan adam ýaly täsir döredi. Bir zada düşüniň: muny kimdir biri göni aýdandyr öýdemok, ýöne setirleriň arasynda: "aýallara ynanmak bolmaýar, olar edil mynasyp bolmasa-da halas edildi" diýen sözler okalýan ýaly boldy.

Meni aljyraňňylyga salan birinji waka, men entek kollejdekäm boldy. Mesihilik konferensiýalaryň birinde şeýle gowy ýygnanyşykdan soň ruhy çopan doga edip başlady we münbere öz aýalyny çagyrdy. Men syratly, gelşikli aýalyň müňlerçe adamyň öňünde münbere galşyny synlap durdum. Soň ol degşip, öz aýaly barada tikenli bellikleri aýdyp başlady. Oňa jogap edip, aýaly hem degişdi. Adamlar gülüşdiler, ýöne men birhili boldum. Ruhy çopanyň duzly sözleri aýalynyňkydan ýitiräk ýaly bolup göründi. Aýal öz serhedini bilýän, äri bolsa bilmeýän ýalydy.

«Sen bilýärsiňmi, aýallar bolmadyk bolsa, erkekler nirede bolardy?» — diýip, ruhy çopan açyk göwünlilik bilen sorady. Men

sadalyk bilen, indi tikenli we içýakgyç belliklerden soň, ol nähilidir bir gowy söz aýdar diýip umyt etdim.

«Erkekler şu wagta çenli-de Eremde bolardylar». Zal gülküden ýaňa ýarylara geldi. Bu söz diňe meniň göwnüme degdimikä? Men başga, üstümden gülünýän bir dünýä barmagym üçin utançdan doly dünýäden gaýtdymmykam? Meniň ýüzüm gyzdy, bokurdagym doldy. Gözýaşymy men zordan sakladym. Ertesi gün men ýygnanyşyga gitmedim. Bahana tapyp, çagalar ýygnanyşygyna meýletinçi bolup gitdim. Aglaýan çagajyklary elimde yralanymda Hudaýyň özümi söýýändigine ynanmak maňa aňsat düşýärdi. Olary gujaklanymda, Hudaýyň hem meni şonuň ýaly gujaklaýşyny göz öňüne getirýärdim. Ýüregim aglaýardy, Ol bolsa meni mylaýymlyk bilen köşeşdirýärdi. Men bir zady bilýärdim – men Onuň gyzy, Ol bolsa meniň Atam. Men ol wagtlar köp zada düşünmeýärdim, ýöne Onuň söýýändigi şübhesizdi.

Näme üçin aýallar özlerine aýdylýan kemsidiji sözlere asuda seredýärkäler? Gorky sebäplimi? Sebäp has çuňrakdyr diýip gorkýaryn. Biziň köpimiz, akyl ýetirmän bolsa-da, bu sözlerde hakykatyň bir böleginiň bardygyna ynanýarys. Dogrudanam, biz az derejede mynasyp, diýmek, şonuň ýaly edilmegine mynasyp bolandyrys. Ýöne bu beýle däl. Muňa ynanmaň. Hudaý aýal bolandyklary üçin aýallara gaharlanmaýar. Ol bizi ikinji hilli adamlar edip ýaratmady. Ol atanyň öz çagasyny söýşi ýaly, bizi söýýär, şonuň üçin Onuň söýgüsi şübhe astyna düşýän däldir.

*Rebbim, meni zenan edip ýaradanyň üçin Saňa minnetdar. Maňa özümiň gymmatym we Seniň maňa bolan söýgiň baradaky hakykaty aç. Öz gyzlaryňy ruhlandyr we olara güýç ber.*

*Men güýçlüdirin,*

**SEBÄBI MEN ONUŇ GYZY – MEN IKINJI DEREJELI DÄL, MEN ONUŇ BIRINJI SÖÝGÜSI.**

8

# SENIŇ BÜTIN SÖÝGIŇ

*«Hudaý ynsan däl ahyryn, ýalan sözlär ýaly.*
*Ol adam ogly däl, pikirini üýtgeder ýaly».*
ÇÖLDE 23:19

Köp aýallar özleriniň hakyky wezipesiniň soňra – durmuşa çykyp, arzuw edip ýeten erkeginden ebedi söýmeklige wada alanlaryndan soň başlanýar diýip nädogry pikir edýärler. Bu ýoluň niresindedir bir ýerinde biz esasy zady ýatdan çykardyk – Onuň arzuwy biz. Bize söýgi özümizi tapýança garaşmak gerek däl: ol bizi eýýäm tapdy. Isa bizi ilki söýdi. “Men söýülýärinmi?” diýen sorag hemişelik ýapydy.

Şeýle-de bolsa... Asyrlaryň dowamynda Howuň gyzlary Adamyň ogullaryna: “Maňa bar söýgiňi ber. Meni gora. Meniň iň wajyp – goraga we howpsuzlyga bolan – mätäçliklerimi kanagatlandyr” diýip ýüzlendiler. Muňa jogap edip, Adamyň ogullary özleriniň ýerine ýetirip bilmejek wadalaryny berýärler, ýöne gaýtam olaryň özleri Howuň gyzlarynyň olaryň söz bilen beýan edip bolmajak teşneligini gandyrarlar diýip umyt edýärler. Olaryň hemmesiniňem ymtylyşlary şowsuzlyga uçrandyr, sebäbi her birimiziň gizlin isleglerimizi kanagatlandyrmagy diňe Hudaý başarýandyr.

Özüniň «*Jylawlanmaýan ýürek*» atly ajaýyp kitabynda Jon Eldrij özleriniň arzuwlarynyň «sary saçly gyzlarda» amala aşmagyny gözleýän erkekleriň lapykeç bolýandyklary hakda gürrüň berýär. Aýallar babatda näme? Eýsem, bizem şonuň ýaly umyt etmeýärismi? Biz – ilki başdan biziň tamamyzy ödäp bilmezlige duçar bolandygyna

garamazdan – juda köp wagtlap Adamdan dolulyk gözledik. Adam How üçin ýöne bir är bolmakdan uly zatdy. Belli bir manyda ol How üçin atasy ýaly biridi, sebäbi ol erkekden doglan ýeke-täk aýaldy ahyry. How ýylan tarapyndan aldaw bilen günä iteklenildi, soň hem Adamyň saýlawy sebäpli lapykeç bolupdy – ol öz saýlawy sebäpli-de lapykeç bolupdy. Dogrymyzy aýtsak, bize güýjüni biziň güýjümizi alýan ýerimizden has ulurak bolan ýerden alýan erkekler gerek.

Bu Adamyň ogullarynyň günäsi däl. Biziň gözleýän ak patalarymyzy bermäge olaryň güýçleri ýetmeýär. Öz ýüregimiziň üstünden olara şeýle ygtyýary bermek bilen olary, ilkinji nobatda, özümiz gorkuzdyk. Özümiziň hakykatdan mätäç bolan ak patalarymyzyň diňe Hudaýdan gelýändigine düşünmegimiz gerek. Onuň özümize täze at bermegine rugsat etmelidiris, indi biz Howuň kölegede gizlenip ýören gyzlary däl-de, nuruň hem wadalaryň gyzlarydyrys – Onuň gelnidiris.

Erkekler bilen gatnaşyklarymyzda biz söýgi tapyp bileris, dostluk hem durmuş hemramyzy tapyp bileris, ýöne hiç haçan Halasgär tapyp bilmeris. Diňe Isa aldap bilmejek Ynsandyr, sebäbi Ol Hakykatyň özüdir. Onuň Mukaddes Ruhy dem alýan howamyzdan-da ýakyndyr. Isada biz halas edilen, goralan, ezizlenen we şypa alan adamlardyrys. Muny diňe kämil söýýän Biri edip biler.

*Rebbim, Sen içinde ýalany bolmadyk Hakykatsyň. Maňa diňe Sen şypa berip bilersiň. Senden başga birine öz janymyň üstünden şeýle ygtyýary berýänim üçin meni bagyşla.*

*Men güýçlüdirin,*

ERKEKLERDEN DÄL-DE, HUDAÝDAN BITEWILIK ALANYMDA.

9

# NURDA GEZMEKLIK

*«Hudaýyň nurda bolşy ýaly, biz hem nurda gezýän bolsak, onda biri-birimiz bilen gatnaşygymyz bardyr, Onuň Ogly Isanyň gany bizi hemme günälerden tämizleýändir».*

1 ÝOHANNA 1:7

"Hudaýyň nurda bolşy ýaly, biz hem nurda gezýän bolsak..." diýmek nämäni aňladýar? Bu soraga jogap bermek üçin öňdäki aýada ýüzlenmek gerek: «Hudaý nurdur, Onda hiç hili tümlük ýokdur» (1 Ýohanna 1:5). Hudaý ýöne bir nurda gezmeýär, Onuň Özi Nur. Şol nur daşky gabykdan çykmaýar-da, Onuň Öz tebigatyndan syzyp çykýar. Onda azajyk garaňkylyk hem ýok – ol Onuň tebigatyna ýat zatdyr. Muňa düşünmek bize kyn bolýar, göz öňüne getirmek barada gürrüňem ýok. Biziň dünýäde görýän zatlarymyzyň hemmesiniň, nähili hem bolsa, bir garaňky tarapy bar. Bize mälim bolan ýagtylyk çeşmesi predmetleri kölege bermeklige mejbur edýär. Ýöne resul Ýohanna biziň töweregimizde ýa-da bizden daşarda şöhle saçýan ýagtylyk hakda däl-de, içden, ýüregiň özünden çykýan nur hakda gürrüň edýär.

Ýohanna tebigy, fiziki ýagtylygy däl-de, ruhumyzyň ýagtylygyny göz öňünde tutýar. (Musada bolup geçişi ýaly, göklerde nury ýaraglanmadyk göz bilen görüp bilmegimiz mümkin). Garaňky kölegeler bilen ilatlaşdyrylan häzirkizaman dünýäde – ýürek arassalygynda gezenimizde – biz nurda gezýäris. Biz Isanyň Ganynyň özümizi arassalamagyna ýol bermek bilen durmuşymyzdaky garaňkylygy kowýarys. Bu – beýleki imanlylar bilen we Hudaý bilen

– doganlygymyzy täzeden dikeldýär we saklaýar. Ýöne: «Günämiz ýokdur diýsek, onda biz özümizi aldaýandyrys, bizde hakykat ýokdur» (1 Ýohanna 1:8).

Eger bizde ýekeje damja özümize akyl ýetirme bolan bolsa, onda özümiziň günäsizdigimizi hiç haçan hem aýtmazdyk. Ýöne şonuň ýaly zat bolýar, muňa özümiziňem düşünmezligimiz mümkin. Düşündirişler getirenimizde, aýyplamalary öňe sürenimizde ýa-da eden zatlarymyza aklanma tapanymyzda, aslynda özümiziň çirksizdigimizi yglan edýäris. Bu biziň sözlerimizde eşdilýär: "Bagyşla. Men muny etmeli däl ekendigimi bilýärin… ýöne (özüňizi aklama sözleriňizi goýuň)!" Düşündirişleriň şunuň ýaly akymy biziň köpimize gaty gowy tanyşdyr. Biz haýsy hem bolsa bir görnüşde şeýle zady çagalykdan başlap edýäris. Ýöne bu ötünç sorama däl-de, günäni başga biriniň üstüne ýüklemäniň usuly bolýar. Eden hereketimiz üçin jogapkärçiligi öz üstümize alýançak, hakyky toba etme bolmaýar.

«Bagyşla, ýöne sen şeýle etmeklige meni alyp bardyň!» — bu aýyplamanyň görnüşidir; biz özümizde saýlawyň bolmandygyny aýdýarys. 1Ýohanna 1:8-de şonuň ýaly nusga eýermek we özümiziň günäsizdigimizi nygtamak bilen öz-özümizi aldaýarys we "bizde hakykat ýokdugy) aýdylýar. Hakykaty bilmeklik bir başga, onda ýaşamak bolsa, düýbünden başga zatdyr.

Hudaý arassa el we arassa ýürek isleýär, olar bolsa tabynlyk, açyklyk we dogruçyllyk arkaly gelýär.

*Rebbim, maňa nurda gezmegi, aýyplamagy we garaňkylygyň islendik peýda bolmasyny bes etmegi öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI NURUŇ ÇEŞMESINIŇ ÖZI MENI HAKYKAT ÝOLUNDAN ALYP BARÝAR.

# Gatnaşyklarda güýçli zenan

I

# HIÇ HAÇAN INKÄR EDILMEÝÄN ZENAN

*«Çünki bir salymlyk Onuň;*
*ömürboýy dowam eder mähribanlygy».*

ZEBUR 29:6

Bir adamyň göwnüne degendigiňize ýa-da ony gynandyrandygyňyza düşüneniňizde, siz näme edýärsiňiz? Özümiň ajy tejribämde bir zada göz ýetirdim: eger men şol adamdan çete çekilsem, gaça dursam ýa-da aklanma gözlesem, onda gatnaşyklar bozulyp başlaýar. Ýöne oňa tarap ýüregimi öwürsem, elimi uzatsam, – bu iň kyn zat – pes göwünlilik bilen ötünç sorasam, onda hemme zady täzeden dikeltme mümkinçiligi döreýär. Beýleki adam tarapyndan garaşýan hereketimizi görmesek-de, adamlar bilen gatnaşyklarymyzda şeýle etmek dogry usuldyr. Käwagt adamlar bagyşlamazlyk kararyna gelýärler, ýöne biz, ine, nämäni bilmeli: Hudaý hiç haçan munuň ýaly karary kabul etmeýär. Onuň söýgüsi we bagyşlamasy ynsanyňkydan ýokarydyr. Hatda Ol ýüz öwren ýaly bolup görünse-de, Ol sizi hiç haçan ret etmeýär.

Hudaýyň menden örän nägile bolýanyna düşünýän wagtym hem bolýar. Edil şol pursatda men muny çynym bilen boýun alyp toba edenimde we Ondan ötünç soranymda, ýüregim Onuň nurundan hem söýgüsinden dolýar. Özümiň ýazgarylma mynasyp bolýanymy bilýän wagtym-da Ol Öz rehimi bilen meni ýuwýar. Ol üýtgewsiz

ýagdaýda: “Sen Meniň söýgim. Men seni söýýärin. Seniň üýtgemek isleýändigiňi Men bilýärin. Men seni eýýäm bagyşladym. Indi muny goýbermegiň wagty geldi” – diýýär. Şu pursatda Ol muny siziň hem bilmegiňizi isleýär.

Siz Onuň çagalary. Ol siziň edýän zatlaryňyzy, sözleriňizi we özüňizi alyp barşyňyzy inkär edip biler, emma özüňizi hiç haçan hem inkär etmez. Eden zatlaryňyz bilen Ataňyzy ynjydandygyňyzy bileniňizde, Ondan ýüz öwürmäň-de, Oňa tarap öwrüliň. Eger siz daşlaşyp ýa-da gizlenip başlasaňyz, bu diňe işi yza çeker we sizi «Onuň bütin ömrümize berýän söýgüsini» özümizde duýma mümkinçiliginden mahrum eder. Ýüregiňizi açyň-da, Onuň söýgüsini hem-de özleşdirmegiňiz üçin berýän sapagyny kabul ediň.

*Atam, ýalňyşlarymy ýüzüme basmaz ýaly derejede Seniň meni juda güýçli söýýändigiňi bilýärin. Öz Sözüň we Öz Ruhuň arkaly durmuşymdaky Seniň rehimiň bilen arassalanmasy gerek bolan ulgamlary görkez. Men Senden daşlaşmagy däl-de, Saňa ýakynlaşmagy saýlaýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI YZA ÇEKILSEM KIMIŇ ÝANYNA GITMELIDIGIMI BILÝÄRIN.

2

# GAPMA-GARŞYLYKLAR GYZAN WAGTYNDAKY PARAHATÇYLYK

*«Oňardygyňyzdan hemmeler bilen parahat ýaşajak boluň».*
RİMLİLER 12:18

Käwagt dawalary iş ýüzünde aradan aýranyňdan, söz bilen aradan aýranyň aňsat bolýar. Mesihileriň arasynda agzalalyk ýüze çykanda, bizde meseläni çözmegiň umumy ulgamlary, birmeňzeş ülňüleri bar. Ýöne adamlaryň ýaraşmakdan ýüz öwürýän wagtlary hem bolýar. Şonda näme? Mende şeýle ýagdaý birnäçe gezek bolup geçdi. Bir gezek tötänden joramyň göwnüne degenimde, biziň aramyzda uçudyň dörändigini duýdum. Men öz duýgularymy seljerişdirip, onuň bilen gürleşme kararyna geldim. Men ondan göwnüne deger ýaly ýa-da gynandyrar ýaly bir zat edenmidigimi soradym. Men özümem bilmezden onuň göwnüne degen bolmagymyň mümkindigini boýun aldym we indi düzelmek isleýändigimi oňa aýtdym. Ol hemme zadyň ýerbe-ýerdigini aýdyp jogap berdi, ýöne aramyzda emele gelen sowuklyk aýrylyp gitmedi. Men oňa sowgat satyn alyp, sowgadyň üstünde ondan ýene ötünç sorap ýazan hatymy goýdum – jogap bolmady. Soň men onuň ýanyna ýene bir gezek bardym. Ol meni ýene hemme zadyň gowudygyna ynandyrdy, ýöne barybir uzaklaşma ýagdaýynda galdy. Ahyrsoňy men ikimiziň hem tanşymyz bolan bir aýala ýüzlenip, ondan joramyň göwnüne meniň nädip degenimi bilmeýänmidigini soradym. Men düşünişjek bolup, bolan wakany doly

gürrüň berdim. Men gürrüňimi gutaranymdan soň tanşym:

— Liza, sen ondan ötünç soradyňmy? – diýip sorady.

— Hawa – diýip, men oňa aýtdym.

— Sen oňa düşündirmäge synanyşdyňmy?

— Hawa, onda-da birnäçe gezek – diýip, men aýtdym.

— Eger sen mümkin bolan zatlaryň hemmesini eden bolsaň, ol hem barybir eglişik etmeýän bolsa, onda ony gününe goý.

Onuň sözlerinden soň egnimden daş aýrylan ýaly boldy. Men özümiň Rimliler 12:18-däki: «Oňardygyňyzdan hemmeler bilen parahat ýaşajak boluň» diýen nesihata eýerendigime düşündim. Men günä hem aljyraňňylyk duýgusyny duýdum, sebäbi özümiň näme etmiş edenime-de düşünmedim. Belki-de, gep onuň indi biziň dostlugymyzdan şatlyk tapmaýandygynda ýa-da herimiziň durmuşymyza täze eýýamyň gelendiginde bolan bolmagy mümkin. Öz durmuşymda käbir dostlaryň peýda bolýandygyny we Hudaýyň – mende ýa-da olarda – Öz işini edişine baglylykda olaryň ýitip gidýändiklerini men duýdum.

Biziň borjumyz ýaraşmak üçin doga-dileg etmekde we Hudaýdan bu işde özümiziň nähili roly oýnamalydygymyzy soramakda jemlenendir. Eger ýaraşmak isläp, adamyň ýanyna söýgi hem pesgöwünlilik bilen baranymyzda, ýüz öwürmä duş gelsek, onda beýle ýagdaýyň sebäbi ol adamyň bize jogap bermäge taýýar däl bolmagynda jemlenip biler. Munuň göwnüňizi agyrtmagy mümkin, ýöne siz Hudaýyň Sözüne tabyn bolsaňyz, onda hiç haçan ýeňlen adam bolup galmarsyňyz.

*Eý, Hudaýym, gatnaşyklarymda parahatçylyk getiriji bolmaga we başga adamyň jogaby maňa bagly bolmadyk wagtynda, pähimi tapawutlandyryp bilmäge maňa güýç ber. Elimden geleni edip, parahatçylyk getirmäge maňa kömek et.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI BAŞGALAR WE HUDAÝ BILEN PARAHATÇYLYKDA ÝAŞAÝARYN.

3

# SÖÝGINIŇ ALYP BARÝAN ÝERI

*«Gora meni, eý, Hudaý, çünki Seni pena tutunýaryn. Rebbe diýdim: “Sen meniň Taňrym, maňa Senden özge hiç eşret ýokdur”... Reb elmydama gözlerimiň öňünde, sarsdyrylmaryn, çünki Ol meniň sagymda. Şoňa görä ýüregim begençli, kalbym şatlanýar, meniň tenim hem asudalykda ýaşaýar».*

ZEBUR 15:1-2, 8-9

Siziň ysnyşykly bolan zatlaryňyz çözgütleriňizi kesgitleýär. Ahyr netijesinde olar dumuşyňyzyň ähli ulgamlaryna täsirini ýetirýär. Ýüreginde Hudaýyň iň esasy orny eýelemegi üçin Ony öz ysnyşan zatlarynyň merkezi etmäge çalyşýanlarymyzyň öňümizde: “Men nädip özümiň Görmeýänime tarap ýüregimi öwrüp bilerin?” diýen sorag ör boýuna galýar.

Eger nämedir bir zady etmek isleýän bolsaňyz, şol zady etmegi gowy başarýan adam bilen gürleşiň. Dawut patyşa Hudaýyň yzyna nädip eýermelidigini we Oňa bolan janly yhlasy nädip saklamalydygyny bilýärdi. Ol Hudaýa tarap özünden öňküleriň hemmesinden-de gowy ymtylýardy. Dawut Hudaýyň söýgüsine hem wepalylygyna hiç haçan şübhelenmedi, onuň bütin durmuşy Onuň söýgüsine jogap hem minnetdarlyk boldy. Bu günki aýatda Dawut, sözleriň üsti bilen ýüreginiň aýanlyklaryny beýan etmek bilen, Rebbi öz öňünde goýýar. Ýüregimiz mydama – doga-dileg edenimizde, sögüşenimizde ýa-da adaty söhbetdeşlikde – özümiziň aýdýan zatlarymyzda açylýar. Ýöne ýürek aýdýan sözlerimiziň täsiri astynda özgerip hem bilýär. Bu aýatda

Dawut özleşdirenimizde degýän wajyp hakykatlaryň birnäçesini açýar:

1. Hudaýy öz gaçybatalgaňyz ediň – hatda patyşalaram öz-özüni gorap bilmeýärler.
2. Goý, siziň Hudaý bilen gatnaşyklaryňyz şahsy gatnaşyk bolsun – Oňa öz Rebbiňiz diýiň.
3. Oňa Özünden başga hiç zady islemeýändigiňizi aýdyň.
4. Goý, Ol siziň üçin mydama birinji ýerde dursun.
5. Onuň artykmaçlygyny ykrar ediň we bütin durmuşyňyz bilen Ony hormatlaň.
6. Edýän zatlaryňyzyň hemmesinde Onuň yzyna eýeriň.
7. Onuň tarapynda boluň — ýük Onuň egnine düşýär ahyry.
8. Goýberiň we şatlanyň – ýük eýýäm siziň egniňizde däl.
9. Bu kuwwatly hakykata bil baglaň-da, Onda rahatlyk tapyň.

Hudaýa bolan söýgi bilen Onuň bilen baglaşan ähtimiz hakda gürrüň edenimizde, biziň aramyzdaky baglar has berk bolýar. Biz öz durmuşymyzdaky gatnaşyklaryň hemmesine başlaýarys we sözleriň hem edýän zatlarymyzyň üsti bilen olary ösdürýäris. Sözler kalbymyzyň mukaddes giňişliklerine şypa berip we ony arassalap bilýär, şeýle hem onuň iň gizlin esaslaryny ýaralap bilýär.

Ýüregiňizi Hudaýa tarap gönükdirmek üçin, dost saýlaýşyňyz ýaly, sözleri-de paýhaslylyk bilen saýlaň. Sözler köp bolman biler, ýöne olar hakykatdan wajyp bolar. Öz sözleriňizde Oňa tarap ymtylyň, şonda Dawut ýaly, Oňa bolan yhlasyňyzyň berkeýänini görersiňiz.

*Ýa Reb, men Seni tanamak – özüm üçin iň gymmat bolan adam bilen gatnaşyklara ymtylyşym ýaly – Saňa şeýle yhlasly hem akyl ýetirip ymtylmak isleýärin. Goý, her gezek doga-dileg edenimde, Saňa bolan ysnyşygym artsyn.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI SÖZLERIM GUDRATYGÜÝÇLI HUDAÝA BOLAN SÖÝGÜDEN DOLY.

4

# YNAMLY GORAGYŇ ASTYNDA

*«Reb berkitme bolar ezilýänlere, berkitme bolar muşakgatlyk wagtynda...».*

ZEBUR 9:10

Biziň günlerimizde seksual hem fiziki zorluklar epidemiýa derejesine baryp ýetdi. Atam maňa nähili garalmagyny isleýär?

Bu biziň ýakyn adamlarymyzyň – lukman bilen mugallymdan başlap, doganlarymyza we maşgala agzalarymyza çenli – hemmesine degişli bolan wajyp soragdyr. Bu söýýän adamymyz ýa-da ýanýoldaşymyz ýaly şeýle ýakyn bolan adam hem bolup biler. Ýöne, haýyş edýärin, meni diňläň: eger size erbet daralýan bolsa, eger siz özüňizi howp astynda duýýan bolsaňyz ýa-da töwekgelçilige duçar edilýän bolsaňyz, onda bu barada dymmaklyk özüňizi söýmeýändigiňizi we öz aladaňyzy etmeýändigiňizi aňladýandyr. Size erbet daraýan adamlar bilen gatnaşmaň. Ahlakly hem takwa atalaryň öz gyzlaryny goraýyşlary ýaly, siziň howpsuzlygyňyz Gökdäki Ataňyz üçin örän wajypdyr.

Gökdäki Ataňyz size haçan hem bolsa bir wagt zorluk edilmegini asla isleýän däldir. Ol sizi söýmeklerini we aýap saklamaklaryny isleýär. Başga adamlaryň ýa-da öz ýalňyşlaryňyzyň özüňizi ynamylykdan we şahsy mertebe duýgusyny duýmakdan mahrum etmegine ýol bermäň. Öz garaýyşlaryňyzy öňe süreniňizde, sizi goldamak üçin, Ol ýanyňyzda bolar. Ol: «Şol ýere baran bolsaň, seniň özüň günäkär» ýa-da «Öz başyňa belany özüň getirdiň» diýen ýaly bir zat aýdar diýip pikir hem etmäň. Ol hiç haçan munuň ýaly zady etmez. Ol: «Şol ýerden git, öýüňe bar-da,

howpsuzlykda bol!» - diýerdi. Sizde bar sesiňiz bilen zorluk edilenini aýdyp, degişli edaralara kömek sorap ýüzlenmäge hukuk bar.

Bu romantik gatnaşyklara, dostluga, işewür baglanyşyklara – sizi başga adam bilen baglanyşdyrýan islendik ýakyn baglara – degişlidir. Hawa, Lukanyň Hoş Habarynda: "... özüňizi ynjadýanlar üçin Hudaýa doga okaň" (Luka 6:28) diýilýär, ýöne uzakdan edilende-de dileg güýjüni ýitirýän däldir. Resul Pawlus: «(Eger mümkin bolsa) Oňardygyňyzdan hemmeler bilen parahat ýaşajak boluň» (Rimliler 12:18) – diýýär. "Eger mümkin bolsa..." diýen sözler parahatçylygyň diňe ikitaraplaýyn taýynlyk bolanda mümkin bolýandygyny göz öňünde tutýar. Sizde öz nukdaýnazaryňyzy goramaga we özüňize ýamanlyk isleýänler bilen eslije aralygy saklamaga hukuk bardyr. Eger siz özüňizi gözegçilik astynda saklamaga çalyşýan adam bilen baglanyşykly bolsaňyz, oňa göni garşy durup bilmeýändigiňizi duýýan bolsaňyz, onda şol adamyň özi bilen duşuşmaň. Hem-de şuny ýatda saklaň: seksual ýa-da fiziki zorluk edilmegine hiç haçan we hiç hili ýagdaýda kaýyl bolmaň.

Özüňiz bilen size zyýan ýetiren adam ikiňiziň araňyzda aralygy saklamany döretmeklik sizi diňe bir goraman, eýsem şonuň ýaly hereketleriň ýol bererlikli zat däldigine we ýerlikli çäreleri ulanmagy talap edýändigine düşünmäge kömek edýär. Siz adamy öz ýanyňyza ýa-da öz durmuşyňyza aralaşmagyna ýene ýol açman bagyşlap bilersiňiz. Şonuň ýaly adamlary bagyşlamak – bu Hudaýyň şeýle gymmat hasap edýän zadynyň, ýagny janyňyzyň aladasyny etmekdir.

Siz Hudaýyň söýgüli gyzlarysyňyz. Onuň size nähili garalmagyny isleýändigini siz bilmelisiňiz.

*Isa, öz durmuşymdaky islendik weýran edijilikli gatnaşyklaryň hemmesiniň hötdesinden gelerim ýaly, maňa Öz güýjüňi hem akyldarlygyňy ber. Seniň meni goldajakdygyňa ynanýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

ÝARALAÝJY WE KEMSIDIJI GATNAŞYKLARA GARŞY DURANYMDA.

5

# PÄHIMLI JORA

*«Açyk käýinç ýaşyryn söýgüden gowudyr. Dostuň salýan ýaralary wepalylykdandyr, emma duşmanyň posalary köpdür».*

SÜLEÝMANYŇ PÄHİMLERİ 27:5-6

Dostluk bize güýçli täsir ýetirip bilýär. Hakyky dostlar bize hakykaty aýdýarlar – ol sözler çetimize degip biler, ýöne ahyr netijesinde şypa almany getirýär. Olar bize eşitmek isleýän zadymyzy däl-de, eşitmegimiz gerek bolan zady aýdýarlar. Mukaddes Ýazgy hem: «Ýaman ýaranlar ýagşy häsiýetlini hem azdyrýandyr» (1 Korintoslylar 15:33) – diýip, duýduryş berýär. Şonuň üçin zorluk ulanýanlar bilen däl-de, kime meňzeş bolmak isleýän bolsaňyz, daşyňyzy şonuň ýaly adamlardan hem doldurmak pähimlilik bolýandyr.

Ine, güýçli aýalyň özüne dosty nädip saýlamalydygy baradaky düşünjeleriň käbirleri: Birinjiden, dostlaryňyzyň size garşy däl-de, siziň tarapyňyzdadygyna göz ýetiriň. Siz arzlar tolkunynda köp gürleşýärsiňizmi? Duşuşykdan soň ýadawlyk, gahar we boşluk duýgusy bilen gidýärsiňizmi? Siziň ösmegiňizi ýürekden isleýänleri gözläň – özüňizem olar üçin şonuň ýaly dost boluň.

Ikinjiden, gowy dost – sizi ösmäge höweslendirýän we ýetmek isleýän zadyňyzda ünsüňizi saklamaga size kömek edýär. Süleýmanyň pähimlerinde: “Demir demri, adam hem öz dostunyň ýitelmegini gazanýandyr” (Süleýmanyň pähimleri 27:17) – diýilýär. Siz şonuň ýaly, ýagny hakykaty söýgi bilen aýdýan, ýalan sözlemeýän, siziň göwnüňizden turjak bolup, diňe eşitmesi ýakymly zady aýtmaýan dostuň bolmagyny – özüňiziňem şonuň ýaly dost bolmagyňyzy isleýärsiňiz. Agzalalygyň peýdaly ýeriniňem bolmagy mümkin, sebäbi «söýýän dostuň salýan ýaralary hoş niýetlidir”.

Sabyrly boluň. Ynanmaklyk wagty talap edýär. Dostluk wagty talap edýär. Ýakynlyk – bu çendenaşa açyklyk bilen bir zat däldir. Bir adam bilen biri-biriňiz hakda gereginden artyk köp zat bilmegiňiz siziň biri-biriňizi gowy tanaýandygyňyzy aňlatmaýar. Men dostlugyň bir pursatda tutaşyp gidýänini, edil şonuň ýaly hem, basym sönýänini gördüm. Gymmat bolan zatlaryň hemmesi ýaly, sagdyn dostluk hem tagallalary talap edýär. Gapma-garşylyklaryň içinden geçýänçäk, dostumyň hakykydygyna ynamly bolup bilmejekdigime men düşündim.

Sosial torlar aslynda hakyky dostlugy gurmak üçin niýetlenilen däldir, olar diňe tanyşlyk açmaga kömek edýär. Şonuň üçin dost saýlanyňyzda ünsli boluň we paýhasly hereket ediň. Doga-dileg edip, Ataňyzdan öz durmuşyňyzyň hut şu wagtynda siziň bilen bir ýoldan ýörejek dostlary durmuşyňyza getirmegini soraň. Ol size “ganym dost” bilen bir ugurda siziň bilen barýan adamyň arasyndaky tapawudy görkezip bilýär. Eger gatnaşýanlaryňyzyň biri mydama sizi kemsidýän, äsgermeýän, size dönüklik edýän bolsa, onda onuň bilen näme üçin dostlaşýandygyňyzy özüňizden soraň. Öz motiwleriňizi barlaň. Siz gatnaşyklaryň sagdyn bolmadyk modeliniň içinde galypsyňyzmy? Belki, siz şeýle etmek bilen ykrar edilme we dereje gazanýansyňyz? Mukaddes Ruhuň Hudaýyň islegini tanamakda we paýhasly saýlaw etmekde kömek bermegi üçin dileg ediň.

Biz her dürli adamlar bilen gowy, dostlukly we sylaşykly gatnaşyklarda bolup bileris. Ýöne özüňize golaýlaşdyrýan we ýüregiňiz bilen garaýan adamlaryňyz babatda bu ýeterlik däldir. Ikiňiziňem biri-biriňize hakykaty söýgi bilen aýtmaga taýýardygyňyza göz ýetiriň.

*Hudaýym, meniň adamlaryň içinde ýaşamagymy, olar bilen gatnaşyklary ýola goýmagymy we olaryň arasynda ösmegimi Seniň isleýändigiňi bilýärin. Durmuş ýolumy paýlaşjak adamlarymy pähim bilen saýlamaga maňa kömek et.*

*Men güýçlüdirin,*

MENIŇ BILEN BILE ÖSÝÄN DOSTLARY SAÝLANYMDA.

6

# ADALAT HUDAÝY

*«Dawasyny ilkinji aýdan hakly görünýändir;*
*ýöne soňra goňşusy gelip, ony synar».*

SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 18:17

Her gezek otagyň içinde, hakyky gürrüňdeşlik ýa-da onlaýn çatda gürleşilen wagtda bir adamdan köp adam bolsa, dawanyň ýüze çykma mümkinçiligi peýda bolýar. Juda köp ýagdaýlarda taraplaryň ikisem ymykly goraga geçýär-de, diňlemekden boýun towlaýar, sebäbi hersi diňe özüni mamla hasap edýär.

Müsür gulçulygynda bolan wagtynda ysraýyllar dawalaryň zorluk hem gorkuzma arkaly çözülýänini mydama görýärler. Ýöne özleriniň täze, azat durmuşynda olara dawalary çözmegiň başga, sagdyn modeli gerek boldy.

Olar asmanyň astyndaky, Hudaýyň goragy astyndaky ýaşaýşyň peýdasyna müsür topragyndaky gulçulyk durmuşyndan ýüz öwürdiler. Bu daş butlaryň we kör heýkelleriň ygtyýaryndan diri, mukaddes we hakykatçy hem-de sylaşykly gorky döredýän Hudaýa geçmeklik bolupdy. Oduň hem söýginiň bu Hudaýy gurbanlyklar bilen köşeşdirilýän müsür hudaýlaryna asla meňzeş däldi. Ysraýylyň Hudaýyna ruhda hem hakykatda gulluk etmek gerekdi. Onuň hökümdarlygynyň düýp teýkarynda adalat bardy. «Emma Reb ebedilik hüküm sürer; Ol höküm üçin tagtyny gurandyr» (Zebur 9:7).

Özümize garşy adalatsyzlyk edenlerinde biz ahyr netijesinde

adalatyň dabaralanjakdygyna bil baglamaga meýilli bolýarys. Biziň her birimiziň ýüregimiziň jümmüşinde adalata bolan güýçli ymtylyş ýaşaýar, eger hakykaty aýtsak, öz umytlarymyzda ýalňyşýan ýerimiz seýrek bolmaýar. Beýleki tarapdan bolan wakany eşidýänçäm, özümiň mamla bolandygyma köp gezekler ynamly bolupdym. Hut şu sebäbe görä-de, Pawlus: «Şoňa görä-de, bellenilen wagt gelýänçä, hiç kimiň üstünden hököm çykarmaň. Reb gelýänçä garaşyň. Ol garaňkylygyň gizlin zatlaryny ýagtylyga çykarar, adamlaryň ýürek niýetlerini aýan eder. Şonda her kes Hudaýdan özüne laýyk öwgüsini alar diýdi» (1 Korintoslylar 4:5).

Biz öz dawalarymyzda Onuň akyldarlygyny gözläp bileris we ahyr netijesinde Onuň hököm etmesinde we halas etmesinde ýeňillik tapyp bileris. Hudaýyň ugrukdyrmasyna eýermek bilen biz özümize kazynyň, ar alyjynyň ýa-da türmeçiniň roluny alman, dogrulyk hem rehimdarlyk bilen jogap berip bileris. Biz Oňa doga edip, Onuň hereket edişini – ugrukdyryşyny, görkezişini, maslahat berşini – görüp bileris. Ol hemişe ýanymyzda bolýan Maslahatçy ahyry.

*Ýa Reb, indi özümiň ýük götermeýändigim üçin Saňa minnetdar. Ylalaşmazlyklar wagtynda men Saňa ynanýaryn we Seniň ugrukdyrmaňa bil baglaýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

AGZALALYKLARY ÇÖZMEKDE ADALAT HUDAÝYNA YNANANYMDA.

7

# GYBATDAN DAŞDA

*“Öz ýakynyny kemsidýän kemakyldyr, düşünjeli adamyň agzyndan söz çykmaýar. Gybatkeş başganyň syryny paş edýändir, ynamdar adam bolsa syry saklaýandyr”.*

SÜLEÝMANYŇ PÄHİMLERİ11:12-13

Biziň hemmämizem şeýle ýagdaýa düşüp gördük: siz adamlar bilen gowuja gürleşip oturýarsyňyz. Birdenem olaryň biri siziň umumy tanşyňyz barada erbet zatlary aýdyp başlaýar. Siz gybatçyny kimdir biri saklar diýen umyt bilen töweregiňize seredýärsiňiz, ýöne ony hiç kim saklamaýar. Siz ony köp diňledigiňizçe-de, bu size köp ýaramaýar. Siz özüňizi muňa hötde gelip biljekdigiňize ynandyrýarsyňyz, sebäbi siz paýhasly, kämil zenan, siz bitaraplygy saklap bilýärsiňiz ahyry. Siz diňe soň öz garaýşyňyzyň garaňkyrandygyna düşünýärsiňiz. Indiki gezek gürrüňi edilen adama duş geleniňizde, özüňizde oňaýsyzlyk duýýarsyňyz. Belki, şol adamyň adyny eşideniňizde, siz diňe bir onuň eden zatlaryny däl-de, eýsem niýetlerini hem ýazgarmak islärsiňiz. Gybatlara gatnaşmazlyk kyn bolýar, emma siz ýöne bir diňleýji bolsaňyz hem, munuň özi size weýran edijilikli täsirini ýetirýär (Süleýmanyň pähimleri 17:4). Biz sosial torlarda bu hadysa her gün gabat gelýäris ahyry.

Eger biz gybatlara gatnaşmak islemeýän bolsak, geliň, ilki bilen olaryň nämä alyp barýandygyna düşünip geçeliň. *Merriam-Webster* sözlüginde gybatkeş «başga adamlaryň şahsy maglumatyny ýa-da sensasion wakalaryny paýlaşma endigi bolan adam» hökmünde kesgitlenilýär. Bu ýagdaý bilen göni baglanyşykly bolmadyklara iňňän şahsy bolan maglumaty berme endigidir. Biziň hemmämizem durmuşymyzda iň bolmanda bir gezek gybat edendiris. Ýöne gybatkeş muny pikirlenmän edýär. Şonuň ýaly adamlaryň maksadynyň

dürli bolup bilýändigine öz tejribämden düşündim: bu özüňi ýöne bir ähmiýetli duýmaklykdan, kimdir biriniň abraýyny bilgeşleýin rehimsizlik bilen ýere çalma niýetine çenli bolup biler.

Gybatlar gatnaşyklary zäherleýär we hakykaty ýoýýar. Bu mydama ynama dönüklik etmek bolýar. Şonda siz kimdir biriniň bähbidi üçin hemme zady – şahsy syry, oňaýsyz ýagdaýy, ýatdan çykarmasy gowy bolan dawalary – bütin dünýä aýan edýärsiňiz. Başga biri howpsuzlyk, abraý ýa-da aýratyn dereje alar ýaly, başga birini "satýarlar". Käbirleri öz abraýyny beýgeltmek, özüne ünsi çekmek, göwün açmak ýa-da özüni başgalardan gowrak duýmak üçin gybat edýärler. Başga birleri bolsa, kimdir birini jezalandyrmak ýa-da ýerine goýmak üçin gybat edýärler.

Bu biziň ýolumyz däldir. Mukaddes Ruh biziň ýüregimizi ýumşadýar, şonuň üçin biz kimdir biri hakda gürrüň edenimizde, aňyrsyna geçmek bolmaýan çyzygyň bardygyny duýýarys. Eger duşman siziň öz sözleriňize seredýändigiňizi bilse, görýän, okaýan ýa-da eşidýän zatlaryňyzyň üsti bilen sizi ýalňyşdyrmaga çalyşýar. Beýle etmäge oňa rugsat etmäň. Gybatlardan saklanmak bilen siz öz ýüregiňizi goraýarsyňyz. Şonuň ýaly gürrüňlere gatnaşmazlyk kararyna geleniňizde, akyldarlyk sorap, Mukaddes Ruha ýüzleniň: şonuň ýaly ýagdaýda özümi nähili alyp barmaly? Käwagt siziň edip biljek iň gowy zadyňyz turup gitmek bolýar. Siz diliňiziň özüňizi garaňky ýoldan alyp gitmegini islemeýärsiňiz ahyry. Öz ýakynlaryňyz hakda kimdir biriniň erbet zat aýtmagyna ýol bermäň. Beýle etmegiň deregine söýüň we doga-dileg ediň, ýeri gelende, şonuň ýaly adamlara garşy çykmaga çekinmäň.

*Rebbim, öz ýüregimi hapalamaz ýaly, meniň dilimi hem gulagymy sakla. Hakykatda ýumşaklyk, ýöne berk durmagy, öz durmuş ýolumy düzetmegi we ynsabyň sesine eýermegi maňa öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

GYBATLARY DÄL-DE, ÝAŞAÝYŞ SÖZÜNI SAÝLANYMDA.

8

# SAZLAŞYKDA ÝAŞAÝAN ZENAN

*«Biri-biriňiz bilen oňşukly boluň. Tekepbir bolmaň, sada adamlar bilen dost boluň, özüňizi beýlekilerden akylly saýmaň. Ýamanlyga ýamanlyk etmän, tersine, hemmelere ýagşylyk etmäge ymtylyň».*

RIMLILER 12:16-17

Biri-birimiz bilen agzybirlikde ýaşamak – bu Mesihiň teninde beýleki adamlar bilen sazlaşykda, utgaşyklykda we dostlukda ýaşamakdyr. Bu nesihat ýygnak binasynyň içinde bolşy ýaly, onuň daşyndaky durmuşa hem degişlidir. Göwnümize ullakan ýaly bolup görünýän tapawutlardan el çekmek aňsatdyr, sebäbi biz Mesihde birdiris. Muňa akyl ýetirenimizde biz, ýaşyna garamazdan, Hudaýa gulluk etmek bilen meşgullanýan garaşylmadyk adamlarda dostlary tapynýarys. Bu günki aýat tekepbirlik bilen şöhratparazlygyň başga adamlar bilen gatnaşyklarymyzyň bozulmagyna alyp barýandygyny duýduryar. Sebäbi şöhratparazlyk bizi özümizde ýamanlyga ýamanlyk bilen jogap bermäge hukugymyz bardyr diýip pikir etmäge mejbur edýär. Bu bolsa, göni Mukaddes Ýazgynyň ruhuna garşy gelýändir. Ýatda saklaň, biz Mesihde gulluk etme ruhuny kabul etmelidiris. Bu öz göreldämiz bilen nädip dogry ýaşamalydygyny görkezmegi aňladýar.

Ulumsylykdan ýüz öwürmek we tekepbirligi inkär etmek bilen biz dulugymyza çalnanyndan soň, ikinji dulugymyzy tutýarys, köýnegimizi sorana paltomyzy hem berýäris we ýene bir km. ýol

geçýäris. Başgalar üçin dogry hereket etmek, elimizden gelenini edip, hemmeler bilen parahatçylykda ýaşamak üçin biz mümkin bolan zatlaryň hemmesini etmäge çagyrylandyrys. Munuň üçin Atamyza çäksiz, edil çaga ýaly, ynanmagymyz gerek. Hemme zady – taryhyň sahypasyndaky her bir setiri – diňe Ol görýändir. Ol dogruçyl hem hakykatçyl Awtordyr.

Biz jemgyýetiň aňrybaş derejesine çenli dartgynlaşan döwründe ýaşaýarys, şeýle-de bolsa, adamlar öňküsi ýaly, ýagşylyga seslenýärler. Günüň dowamynda men kimi ruhlandyrmalydygyna seredip ýörýärin – öwgi sözlerini aýdýaryn, nähilidir bir kömek berýärin ýa-da ýöne bir salamlaşýaryn. Örän köp adamlar durmuşda gulaklary nauşnikli we terkidünýä nazar bilen ylgap ýöreýärler. Men sizden haýyş edýärin, güýçli boluň, ýagşylyk etmekden gorkmaň! Milletparazlyk we material alamatlar boýunça tapawutlanma baradaky ters pikirlere garşy çykmaklyk bu zatlardan saplanmaga kömek etmeýär-de, edýän hereketimiziň saplanmagyna kömek edýär. Beýle bolsa, geliň, öňünden hereket edeliň. Doga-dileg ediň-de, ýüregiňizde gizlenip ýatan bolmagy mümkin bolan ters pikirleriň hemmesini Hudaýyň açyp görkezmegini soraň. Şonda islendik esassyz zady tapanyňyzdan soň, ony boýun alyň, onuň gözüne göni serediň we toba ediň. Tekepbirligiň sizi aklanma we bahana gözlemäge meýillendirýän perdesini aýryp taşlaň-da, pesgöwünlilik donuny geýiň.

*Atam, beýleki adamlar bilen parahatçylykda ýaşarym ýaly, meni tekepbirlikde we ters pikirlilikde berkidýän zatlaryň hemmesini maňa açyp görkez.*

*Men güýçlüdirin,*

BAŞGA ADAMLAR BILEN SAZLAŞYKDA ÝAŞANYMDA.

9

# PÄK AHLAKLY JEMGYÝETDE ÖSÝÄN ZENAN

*«Eger buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň dostlarym bolarsyňyz».*

ÝOHANNA 15:14

Mesihiň dostlary siziňem hakyky dostlaryňyz bolýar. Olaryň sözleri-de arassa bolýar, sebäbi olaryň durmuşy şonuň ýaly. «Eger buýruklarymy berjaý etseňiz, Meniň dostlarym bolarsyňyz» (Ýohanna 15:14). Isanyň bu ýerde nämäni göz öňünde tutýandygy düşnükli. Dostlary Mesihiň buýruklaryny ýerine ýetirýärler we başgalary-da şeýle etmeklige ruhlandyrýarlar. Olar muny özleriniň Oňa bolan söýgüsini subut etmek üçin däl-de, Ony ýöne bir söýýändikleri üçin edýärler.

Hakyky dostlar sizi mydama kämilleşmäge ruhlandyrýar we Rebbiň göwnünden turýan durmuşda ýaşamaga höweslendirýär. Olar ýanyňyzda bolmak islärler, siziň ruhy ösüşiňiziň aladasyny ederler, siz bilen bile gülerler we aglarlar. Durmuşyň sizi wagtlaýyn aýra salmagy mümkin, ýöne dostluk ýürekden bolsa, onda duşuşan wagtyňyzda, asla aýra düşmedik ýaly bolarsyňyz. Hakyky dostlar siziň ösüşiňizden, üstünlikleriňizden ýa-da şowlulygyňyzdan gorkmaz, olar siziň bu zatlaryňyza, edil özleri üçin begenýän ýaly, begenerler. Biziň hemmämize durmuşda bile gidip bilerimiz ýaly – bize görelde görkezip biljek, ýolda goldajak we özümiz görelde görkezerimiz ýaly – aýallar gerek. Bu hakykatlar islendik ýaşda – ýaşlykda-da, gartaşan çagymyzda-da – wajypdyr.

«Biriniň ýeke kişiden üstün çykmagy ähtimal, ýöne iki kişi oňa garşylyk

görkezer. Üç tar ýüp aňsatlyk bilen üzülmez» (Wagyz kitaby 4:12). Hakyky dostlar siziň bilen egin-egne berip we siziň üçin söweşerler. Olar Hudaýa doga edenlerinde-de siziň üçin töwellaçylyk ederler we size ýekelikde bolanyňyzda ýetmezçilik etmegi mümkin bolan güýji bererler. Dostlar Rebbiň adynyň hatyrasyna ýygnanyşanlarynda kuwwatly bir zat bolup geçýär. Isa: "Çünki iki ýa üç adam Meniň adymdan bir ýerde üýşse, Men-de şol ýerde, olaryň arasynda bolaryn" (Matta 18:20) – diýdi. Şonuň ýaly dostlugyň bolmagy – iň beýik ak patadyr.

Dostlar Mukaddes Ýazgyny bilelikde öwrenýärler, biri-birindäki Mukaddes Ruhuň güýjüne bilelikde haýran galýarlar. Oýa boluň. Hudaý şu ýerde, ýer ýüzünde, Öz gyzlarynda ajaýyp çuň işleri edýär.

Dostlaryň pikirleriniň gabat gelmeýän wagtlary-da bolýar, ýöne bu olaryň ýollarynyň aýra düşmelidigini aňlatmaýar. Biri-biriňizi goraň we aýaň, sebäbi biz bilelikde ösmek üçin ýaradylandyrys. Ösüş mydama ýalňyşlyklar we şowsuzlyklar bilen utgaşýar. Ýöne biz biri-birimize hakykatdan wepaly bolsak, onda erbetlik gözlemeýäris-de, gowulyga umyt baglaýarys. Eger siziň durmuşyňyzda entek şonuň ýaly gatnaşyklar ýok bolsa, olary gözleme we gurma kararyna geliň. Hudaýdan ýol görkezmegini sorap dileg ediň, päk ahlakly baglary berkitmegiň täze usullaryna açyk boluň. Başda munuň kimdir birini gorkuzmagy mümkin, sebäbi munuň ýaly jogapkärçilikleri öz üstüne almaga hemme kişi taýýar bolmaýar. Ýöne töwekgelçilik edip, ilkinji ädimi ädiň. Şol aýallar bilen bile doga-dileg etmek, okamak ýa-da ýöne bir şatlanmak – artykmaçlyk däldir, şonsuz biz hakykatdan ösüp bilmeýäris.

*Isa, men hakyky dost bolmak we berk dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak isleýärin. Dostlary nireden gözlemelidigini we dostlugy nädip ösdürmelidigini maňa görkez.*

*Men güýçlüdirin,*

MESIHDÄKI UÝALARYM ÝANYMDAKA.

# MessengerX

***Gündelik şägirtçilik üçin priloženiýaňyz***

## Bütinleý mugt!

Öz el telefonyňyza ýükläň we ulanyp başlaň ýa-da saýtdaky web-görnüşini ulanyň:

**MessengerX.com**




## 130-den gowrak dilde, bu hem ahyrky çägi däl

- 130-den gowrak dildäki materiallary görüň we ýükläň.
- Materiallary dostlaryňyz bilen paýlaşyň ýa-da okuw toparyna başlaň.
- Täze materiallar hemişe goşulyp durýar.

# Serediň. Okaň. Diňläň.

Resurslaryň uly kitaphanasyny gözden geçiriň. Onda okuw toplumlary, elektron kitaplar, audiokitaplar, gysga metražly filmler we başga zatlar bar. Siz olara tomaşa edip bilersiňiz, olary okap we diňläp bilersiňiz.



## Iň wajyp çäklerdäki ösüş

Maşgala, sagdyn gatnaşyklar, durmuşyňyzyň maksady, pornografiýadan azat bolmak, imanyňyzy berkitmek, Hudaýyň sesini eşitmek, işewürlikdäki liderlik we başga-da mowzuklary derňäň.

## Siziň ösüşiňize alyp barýan ýol

**Messenger X**-iň maksady – durmuşyňyzdaky indiki ädimi ätmäge ýardam bermek. Siziň şu ýolda bolmagyňyz üçin, biz şägirtçiligiň ýörelgesini we güýçli gurallary işläp düşdük.



## Siziň halajak funksiýalaryňyzyň has köp görnüşi!

- Şu materiallary paýlaşmaga we hatda okuw toparlaryny başlamaga mümkinçilik berýän sada we aňsat gurallar.
- Siziň söýgüli akylly telewizorlaryňyzda tomaşa etmäge mümkinçilik berýän Chromecast и AirPlay.
- Ýeten sepgitleriňizi öz enjamlaryňyzyň ählisinde saklaň. Halan materiallaryňyzy bada-bat tapmak üçin, olary öz kitaphanaňyzda saklaň.
- Materiallary offlaýn görmek üçin, olary öz enjamlaryňyza ýükläň.
- Anyk gözleýän zadyňyzy tapmak üçin, akylly gözleg we süzgüç.
- Audio kitaplary, audio Mukaddes Kitaby we hatda sežde nagmalaryny öz diliňizde awtomatiki usulda yzygiderli diňläň.

# **MessengerX** -1-2-3 ýaly ap-aňsat!




**1** **MessengerX** priloženiýasyny App Store we Google Play-dan indirip alyň.

**2** Öz hasabat sahypaňyzy dörediň we priloženiýany öz diliňizde ulanyň.

**3** Halan resurslaryňyzy gözden geçiriň, okaň, görüň, diňläň, indiriň we olary başgalar bilen paýlaşyň.

# Şägirt boluň, şägirt ediniň

Siz **MessengerX** -iň bir bölegi bolmak bilen, terjime edilen materiallary dünýäniň ähli künjeklerindäki adamlara ýetirmäge kömek edersiňiz.

***Çünki her bir adam bilmäge mynasypdyr!***

Ýüklemek
App Store

Almak
Google Play

</> Ähli brauzerlerde elýeter

**MessengerX.com**

# Göreşde güýçli zenan

I

# HÜŞGÄR WE SERESAP ZENAN

*«Hüşgär we oýa boluň. Duşmanyňyz bolan iblis arlaýjy arslan kimin aýlanyp, awuny agtaryp ýörendir».*

1 PETRUS 5:8

Biz ukudakak, mekirlige garaşmadyk wagtymyzda bizi gürpbasdy etmäge mejbur etme umydy bilen duşmanymyz irkilmän arlaýar. Mukaddes Kitabyň korol Ýakowyň terjimesinde *serhoş däl* we *hüşgär* sözleri ulanylýar. Serhoş däl sözüniň antonimi – serhoşluk: içgili adam töwereginde nämeleriň bolup geçýänine düşünmeýär. Onuň akly ýok bolan, gözleri ümüzlenen, bir zada bolan garaýşy haýal, hakykaty kabul edişi ýoýulan bolýar. Hüşgär bolmak we oýa bolmak – eserdeň bolmagy we pikirleriň aýdyňlygyny we bir zada baş galdyrmanyň tizligini aňladýar.

Petrusyň 1-nji hatyndan alnan aýatda iblis ýeňil awy gözläp arlap ýören ýolbars bilen deňeşdirilýär. Ol bizi göni ýuwutmaýar – mekirlik bilen kem-kemden janymyzy ýuwudýar. Onuň hüjümleri beýle bir göze ilip durmaýar, ýöne beýle bolany bilen, howplulygy peselmeýär. Ol biziň şatlygymyzy, rahatlygymyzy, asudalygymyzy, güýjümizi alýar, saglygymyzy, gatnaşyklarymyzy we pikirlerimizi bozýar. Ol aljyraňňylyk bilen gorky döredip, aýyplama baryny ýagdyrýar. Bizi şeýtanyň nähili aýgytlylyk hem tutanýerlilik bilen yzarlaýandygyny görkezmek üçin Hudaý gorkuly aç ýolbarsyň

keşbini ulanandyr diýip pikir edýärin. Ýolbarsyň öz awuny duýşy ýaly, ol öýkäniň hem ajy kinäniň ysyny gaty gowy duýýar.

Ýaralardan akýan ganyň ysy ýolbarslary özüne çekýär. Agyra ähmiýet bermän ýa-da ony nämedir bir zat bilen örtüp, ýaralarymyzyň mundan beýläk ganap durmagyna ýol bermeli däldiris. Hüşgär hem oýa bolmaklyk, ýaralaryňy şypa bermegi üçin, Atańyzyň ýanyna alyp barmagy hem aňladýar. Ol ýaralarymyzy saraýar we bize Mukaddes Ruhuň güýji bilen şypa berýär. Geliň, hatda kiçijik we howply däl ýaly bolup görünýän ýaralarymyza-da ünsli bolalyň. Eger olary öz wagtynda bilsek, onda bu aklymyzyň sagdynlygyny we gije oýa bolarymyz ýaly, düşünjämiziň aýanlygyny saklamaga kömek edýär.

*Atam, aw gözläp arlap ýörýän duşmanyň pikirini bilmäge maňa kömek et. Sen şypa berip biler ýaly, öz ýaralarymy Seniň ýanyňa alyp barmaga yhlas ber. Meni gora, maňa şypa ber we söweşiň tozany içinde özüme erk etmäni we hüşgärligi saklamagy öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

HÜŞGÄR BOLANYMDA WE HEMME ZAT BOLMALYSY ÝALY BOLMANDYGYNY DUÝANYMDA.

2

# ERKEK BILEN AÝALYŇ ARASYNDAKY PARAHATÇYLYK

*«Sen bilen aýalyň, Seniň tohumyň bilen aýalyň tohumynyň arasyna, duşmançylyk salaryn Men. Ol seniň kelläňi owradar, Sen bolsa onuň dabanyndan çakarsyň».*

GELİP ÇYKYŞ 3:15

Göwnüňe bolmasa, nirä seretseň, erkekler bilen aýallaryň arasynda göreş gidýän ýaly. Ruhy taýdan pese düşen, gaharly erkekler bilen ejizledilen, gazaplanan aýallar özleriniň agyrylarynda biri-birini günäkärleýärler, olaryň hersi beýlekiniň hemme zady düzetmegini isleýär. Ýöne erkeklerem, aýallaram şypa almany getirip bilmeýärler... Bizi arzuw edýän bagymyza diňe Hudaý getirip bilýär.

Ýylan öz nyşanasy hökmünde Howy saýlaly bäri, Gelip çykyş 3:15-de welilik edilen söweş entegem gidip dur. Hudaýyň gyzlary, Adamyň ogullary sizi ýylandan halas edip bilmeýär... Muňa diňe Gökdäki Patyşanyň güýji ýetýär. Ýylan mydama bir maksada eýerýär: Howuň gyzlaryny abraýdan, güýçden, hormatdan mahrum etmeli, olary ygtyýarsyz etmeli. Aýal öz mertebesini ýitireninde bolsa, erkek hem abraýdan düşýär, sebäbi aýal – bu erkegiň şöhratydyr (1 Korintoslylar 11:7).

Bu söweşi öz bolşy ýaly görmek üçin batyrlanyň: ýylan sizi güýçden, abraýdan we eşikden mahrum edýär! Siz muny görmelisiňiz

we muňa bolan ýigrençden dolmalysyňyz. Diňe şonda siz özüňiziň hakyky duşmanyňyz bilen söweşmäge we hakyky hem wepaly Patyşa ygrarly bolmaga kasam etmäge batyrlyk taparsyňyz. Şonda siz öz ýalaňaçlygyňyzy ýapar ýaly, ajaýyp geýime eýe bolarsyňyz. Siz biziň erkekler hem ärlerimiz bilen söweşmän, eýsem janymyzyň duşmany bilen söweşýändigimize düşünersiňiz. Biz gorkunç düýşli ukudan oýanyp, arzuwymyza gaýdyp barmak üçin doga-dileg etmelidiris.

Men janymyzyň şol gygyrmasy hakda gürrüň edýärin. Siz erkegiň berip biljek has çuň söýgüsine, ýakynlygyna we ikiçäk galmasyna teşne. Siz ýer ýüzünde tapyp boljak gaçybatalgadan has howpsuz gaçybatalga ymtylýarsyňyz. Siz gökdäki Patyşanyň söýgüsini dileýärsiňiz. Menem size bir syry açaýyn – Ol hem sizi diýseň güýçli küýseýär. Ýüregimiziň çuň jümmüşinde duran gizlin ýerlerdäki arzuw tohumyny Ol ekdi, şonuň üçin siziň teşneligiňizi gandyrmagy diňe Ol başarýandyr.

Biz kanagatlanmany gözlemeli ýerinden gözlemeýändigimiz sebäpli, mydama lapykeçlige uçraýarys. Erkekler – mesele däl, ýöne jogap hem däl. Gözlerimizi göge galdyralyň, sebäbi bize kömek Rebden, ýeriň-gögüň Ýaradyjysyndan gelýär (Zebur 120:1-2). Diňe şonda we diňe ol ýerde biz şatlyk çeşmesini taparys we ýene güýje hem mertebä eýe bolarys.

*Atam, söweşmeli däl duşmanlarym bilen söweşme ýa-da tesellini gözlemeli däl ýerinden gözleme islegine ymtylanymda, meni ýolumdan sow. Sen meniň Halasgärimsiň we şatlygymyň çeşmesisiň!*

*Men güýçlüdirin,*

HUDAÝYŇ OGULLARY BILEN GYZLARYNYŇ ARASYNDA PARAHATÇYLYK EKENIMDE.

3

# BAGYŞLAMAZLYK GANDALLARY

*«Şonuň üçin Gögüň Patyşalygy öz dolandyryjysy bilen hasaplaşmak islän bir patyşa meňzeýär. Patyşa hasaplaşmaga başlanda, onuň ýanyna ägirt möçberdäki bergisi bolan bir dolandyryjyny getirýärler. Ol bergisini berip bilmänsoň, hojaýyny oňa özüni, aýalyny, çagalaryny we ähli mallaryny satyp, bergisini bermegi buýurýar. Dolandyryjy ýere ýüzin düşüp, hojaýynyna: “Hökümdar! Sabyr et! Baryny bereýin” diýip ýalbarýar. Hojaýynynyň oňa rehmi inýär-de, onuň bergisini geçip, ony boşadyp goýberýär».*

MATTA 18:23-27

Bagyşlamak – bu şypa alma işidir. Ol bizi ajy kineden we öýkeden azat edýär. Mundan başga-da, bagyşlamaklyk ruhy uruşdaky güýçleriň ýerleşişini üýtgetmäge ukyplydyr. Siz hakyky söweşi göwnüňizi agyrdanlar bilen däl-de, janyňyzyň ebedi duşmany bilen alyp barýarsyňyz. Biz birini bagyşlanymyzda, ony ýaragsyzlandyrýarys, sebäbi bagyşlaman ýöreýän adam hüjüm üçin ejiz bolýar.

Bu günki parça bize bagyşlamazlygyň garaňky çuňluklaryna seretmäge we onuň weýran edijilikli tebigatynyň bardygyna düşünmäge mümkinçilik berýär. Siz özüňizi guluň ýerine goýuň. Sizi güýçli gorky gurşap alýar – sizi algysyny talap etjek bolýan patyşanyň ýanyna alyp barýarlar, siziň şol bergiňizi bermäge ýagdaýyňyz ýok. Ejizligiň we lapykeçligiň ýüki astynda siz aşak ýykylyp, ondan sabyr etmegini ýalbaryp soraýarsyňyz we wagtyň geçmegi bilen bergiňizi berjekdigiňize söz berýärsiňiz. Ýöne patyşa wadaňyzy kabul etmegiň

deregine size rehimdarlyk edýär. Ol siziň hiç haçan bergiňizi üzüp bilmejekdigiňizi bilýär, şonuň üçin bergiňizi doly geçýär. Siz patyşanyň rehimdarlygyna haýran galýarsyňyz.

Patyşanyň göreldesine eýerip, rehimdarlyk görkezmegiň deregine siz özüňize bergili bolanlaryň hemmesini ýatlap ýörýärsiňiz. Siz olary tapýarsyňyz-da, olaryň birwagtky siziň bolşuňyz ýaly, bergi bermäge ýagdaýy bolmasa-da, bergisini bermegini talap edýärsiňiz (Matta 18:28-31). Hoş Habardaky bagyşlanylan gul hut şonuň ýaly edýär. Patyşa muny bilende, ony ýanyna çagyryp: «Eý, ýaramaz gul! Maňa ýalbaranyň üçin men seniň bergiň baryny geçdim. Meniň saňa rehim edişim ýaly, sen hem ýoldaşyňa rehim etmeli dälmidiň?» diýýär (Matta 18:32-33).

Tymsaldaky patyşa Gökdäki Atamyzy şekillendirýär, gul – biziň özümizi, onuň gul ýoldaşlary bolsa, biziň Mesihdäki doganlarymyzy şekillendirýär, janymyzyň duşmany bolsa, parçalaýjynyň roluny özüne alýar. Başgalary bagyşlamakdan ýüz öwürmek bilen biz olary günä hem ýazyk zynjyrlary bilen gandallaýarys, özümizi bolsa, üzüp bilmejek bergimizi berýänçäk, gynaýjylaryň ellerine berýäris. Bu özbolşuna bir ýerdäki dowzah diýip pikir edýärin. Başgalary bagyşlamakdan ýüz öwrenleri üçin parçalanan adamlara biziň hemmämizem duş gelip gördük. Şeýle etmek bilen biz, aslynda, duşmanyň ýerine onuň işini edýäris. Özümizden şol gandallary aýyrmanyň we başgalary azat etmäniň wagty geldi.

*Rebbim, meniň bagyşlamazlygym sebäpli gandallar içinde ezilip ýatanlaryň hemmesini maňa görkez. Seniň meni azat edişiň ýaly, menem olary azat etmek isleýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI BAGYŞLADYM, PATYŞA TARAPYNDAN ÖZÜMEM BAGYŞLANDYM.

4

# SIZIŇ GAÇYBATALGAŇYZ

*«Sebäbi: "Ol Sen hakda Öz perişdelerine Seni gorasynlar diýip buýruk berer" diýip ýazylandyr».*

LUKA 4:10

Maňa muny ýatlamak gerek bolmasa-da, men özümiň perişdeleriň goragy asdyndadygymy köp ýatdan çykarýaryn. Dawudyň Zeburda getirýän keşbi maňa ýakyn:

> «Maňa merhemet et, eý Hudaý, maňa merhemet et, çünki meniň janym Saňa sygynýar. Men bela-beter geçip gidýänçä, Seniň ganatlaryň saýasynda gizlenjek» (Zebur 56:2).

Hudaý – biziň goragymyzdyr. Özümi doly derejede gorap bilmejekdigime men bireýýäm düşündim. Eger sizi ýalandan aýyplaýan, size töhmet atýan ýa-da siz hakda hakyky däl zatlary aýdýan bolsalar, onda telefony goýup, kompýuteri ýapyp, Onuň ganatlarynyň saýasynda gizlenmäge howlugyň. Özümde şonuň ýaly ýagdaý bolanda, men gapyny ýapýaryn, sazy açýaryn we Hudaýa doga edip başlaýaryn. Sežde etmeklik – bu aýratynam näme etjegiňi bilmedik wagtyňda, iň dogry ýoldur. Eger durmuş seni gark edip başlasa, bilip goý, her neneň ýagdaý bolanda-da, sen Onuň barlygynda mydama gorag taparsyň.

Goranmaga ýa-da ymykly goranyşa geçmäge mejbur etmek

bilen duşmanyň sizi öz duzagyna çekmegine ýol bermäň; ýeňlişe sezewar bolarsyňyz. Hudaý bizi – tupan köşeşip, biz hemme zady hakyky keşbinde görýänçäk – Özünde gizlenmeklige çagyrýar.

Hyýaly gaçybatalgalar Onuň ganatlarynyň kölegesine girmeýär. Ar almada we gazapda gaçybatalga tapmak mümkin däldir, olar diňe özlerini şonuň ýaly edip görkezmäge çalyşýarlar. Hudaýyň barlygyna girmek üçin şonuň ýaly ýalan gaçybatalgalary taşlamak gerek.

Goranmak ýa-da öz güýjüňe bil baglamak Onuň bilen deňeşdireniňde ejizjek gaçybatalgadyr. Gaçmaklyk, öz-özüňi bejermeklik, meselelerden gitmeklik – diňe wagtlaýyn zatlardyr. Islendik maslahatlar, öz-özüňe kömek etme ulgamlary we "synagdan geçen usullar" Hudaýyň ýanynda öwüşgini ýitirýändir.

Şonuň üçin, eger hemme zat weýran bolýan ýaly, siz duzaga düşen we çykalga tapmaýan ýaly bolup görünýän bolsa, begeniň. Bu Hudaýyň ýakynlygynyň alamatydyr. Ol gelip, siziň güýjüňiziň ýetmeýän zadyny eder. Ol diňe bir perişdelere sizi goramagy buýurman, eýsem, Özi-de gelýär. Duşman guduzlaýan wagtynda biz: "Olardan gorkmaň, çünki siz üçin söweşjek Hudaýyňyz Rebbiň hut Özüdir" (Kanun taglymaty 3:22) diýen wada bil baglaýarys.

Göreş tapdan düşüreninde, Oňa ýakynlaşyň.

*Ýa Reb, Sen meniň goragymsyň. Men dogalarymda Seniň ýanyňa ylgaýaryn, sebäbi meniň güýjüm gutaranynda, söweşe Seniň girýändigiňe ynanýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI HUDAÝYŇ GANATLARYNYŇ SAÝASYNDA MEN HOWPSUZLYKDADYRYN.

5

# RUHY SÖWEŞIŇ GÜÝÇLI ÝERINDE

*«Sebäbi biziň söweşimiz adamlara garşy däldir! Tersine, biz tümlügiň ruhy hökümdarlaryna we erk-ygtyýarlylaryna, şeýle-de gökdäki ýowuz ruhy güýçlere garşy söweşýäris».*

EFESLILER 6:12

Özümiz garaňkylygyň göze görünmeýän güýçlerine garşy däl-de, hakyky adamlar bilen göreşýändiris diýip pikir etmäge mejbur etmek bilen duşman bizi ýalňyşdyrmaga synanyşýar. Ýöne bu beýle däl. Resul Pawlus bu barada bizi gorkuzmak üçin däl-de, bolýan zatlara düşünmegimiz üçin gürrüň edýär. Garaňkylygyň bütin patyşalygy bize garşy bolup dur, biz ony öz güýjümiz bilen hiç haçan hem ýeňip bilmeýäris. Pawlus sözüni dowam edip: «Şonuň üçin ýaman günde garşylyk görkezmegi, zerur bolan her zady edeniňizden soň, ýeriňizde durmagy başarar ýaly, Hudaýyň ähli ýaraglaryny ele alyň» (Efesliler 6:13) diýýär.

Biziň durup bilmegimiz üçin Hudaý zerur bolan zatlaryň hemmesini bize eýýäm berdi. Ýöne Pawlus bu nesihaty ýöne ýere bermeýär. Bu meni özümiziň ruhy ýaragymyza perwaýsyz seretmezlige çagyrýar diýen pikire alyp barýar. Esbapsyz we ýaragsyz hem söweşe girip we onda berk durup bileris diýip pikir edip, boş hyýala gitmegimizi Hudaý islemeýär. Berk durmaklyk näme? Bu berk pozisiýany eýeläp, ondan yza çekilmezligi aňladýar. Pawlus:

«Şeýlelikde, hakykaty biliňize guşak edip dakynyň, dogrulygy egniňize sowut edip geýiň. Aýagyňyza bolsa parahatlyk getirýän Hoş Habary wagyz etme taýynlygyny geýiň» (Efesliler 6:14-15) diýýär.

Biz hakykata bürenip durýarys, ýüreklerimiz we iň ejiz zatlarymyz Mesihiň dogrulygy bilen goralan, aýaklarymyz bolsa Hoş Habary dünýä ýetirmäge taýýar. Biziň jemgyýetimiz parahatçylyga aňrybaş derejede mätäç. Ýöne hakykatsyz we dogrulyksyz hakyky parahatçylyk mümkin däldir – olar öňde gidýärler. Hakykatdan ýüz öwürsek biz daýanjymyzy ýitireris we özümizi peselderis. Biz gazap bilen däl-de, asudalyk bilen söweşenimizde güýçlüdiris. Mesihde asuda bolmaklyk ejizlik däl-de, tupanlary köşeşdirýän, ýüreklere şypa berýän we janlary täzeleýän güýçdür.

*Gökdäki Atam, Senden alýan asudalygymda söweşmegi maňa öwret. Seniň hakykatyň üstünden hiç haçan ätläp geçmezim ýaly, Sözüňe ünsüni berenimde, goý, hakykatyň meniň janym bilen utgaşsyn.*

*Men güýçlüdirin,*

HAKYKATDA, DOGRULYKDA WE ASUDALYKDA DURANYMDA.

6

# GALKANLAR WE PEÝKAMLAR

*«Bularyň ählisiniň üstesine-de, imany galkan edinip dakynyň! Onuň bilen şeýtanyň bütin otly oklaryny öçürmegi başararsyňyz».*

EFESLİLER 6:16

Bize iblisiň atan otly oklarynyň her birinden gorajak galkan berlendir. Pawlus ony "iman galkany" diýip atlandyrýar. Ýewreýler 11:1-de: "Iman umyt edýän zatlarymyza bil baglamak we görmeýän zatlarymyza ynanmakdyr" diýilýär. Elbetde, biz onuň özümizi nädip goraýanyny görüp bileris, ýöne ony duýmagy-da öwrenip bileris. Iman Hudaýyň Sözüni eşidenimizde we ony özümize siňdirenimizde gelýär. Men imany güýç meýdany hökmünde göz öňüne getirýärin: imanymyz näçe berk bolsa, goragymyz hem şonça ygtybarlydyr. Käwagt iman alýan zadymyzdan başlanýar, ýöne ol hemişe biziň berip biljek zadymyza ösüp geçmelidir.

«Gutulyş tuwulgasyny geýip, Hudaýyň sözüni, ýagny Mukaddes Ruhuň gylyjyny ele alyň» (Efesliler 6:17). Gutulyş – bu aňymyzy goraýan tuwulgadyr. Men ýaňy iman eden wagtlarymda, kelläme gorkuzyjy pikirler seýrek gelmeýärdi. Ol pikirleriň nireden gelýändigine düşünmän gaty erbet gorkýardym. Halas bolanymdan soň men özümiňki bolmadyk pikirleri tanap başladym. Halas bolma aňymyza rahatlyk berýär. Şonuň üçin biz howsalaly pikirler ýene peýda bolanda, öz gylyjymyzy alýarys. Hudaýyň Sözi – bu Mukaddes

Ruhuň gylyjydyr. Iblis tarapyndan synaga salnanynda, Isanyň edişi ýaly, janymyzyň duşmanyna Mukaddes Ýazgynyň sözleri bilen jogap berýäris. Ol biziň asudalygymyza el gatanda, onuň urgularyny Hudaýyň Işaýanyň kitabyndaky, 26:3-däki wadasy bilen yzyna serpikdirýäris:

> “Pikiri Özüňde bolanlary
> doly rahatlykda saklaýarsyň,
> çünki olar Saňa bil baglaýarlar”.

*Gökdäki Atam, meni duşmanyň hüjümlerinden goraýan iman sowgadyny, ýüregimdäki rahatlyk we Seniň meniň elime beren Mukaddes Ruhuň gylyjy üçin Saňa minnetdar.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI IMANDA ÖSÝÄRIN, HUDAÝYM, SENIŇ SÖZÜŇI OKAÝARYN WE ONY ÝAÝRADÝARYN HEM-DE OL BOÝUNÇA ÝAŞAÝARYN.

7

# HAKYKY URUŞ

*«Biz dünýäde ýaşasak-da, onuň ýörelgeleri boýunça söweşmeýäris».*

2 KORINTOSLYLAR 10:3

Biz ýerde ýaşaýarys, ýöne onuň kanunlary boýunça söweşip bilmeýäris. Gep biziň söweşe girjek girmejekdigimizde däl-de, ony nähili alyp barjagymyzdadyr. Tapawut motiwde – biz näme üçin söweşýäris – soraga berilýän jogapda gizlenendir. Islendik ýagdaýda-da biz ýöne bir garşy däl-de, hakykat *üçin* söweşmelidiris. Biz bu dünýäniň kanunlary boýunça uruş alyp barýanlaryň motiwlerinden has çuň bolan hakykaty bilýäris: adamlar hiç haçan biziň hakyky duşmanlarymyz bolmaýar. Bu hakykata käwagt ynanmagyň kyn bolýandygyny men bilýärin, aýratynam, ýaralar täzekä we urgy bilen jogap berilmegine mynasyp ýaly bolup görünýän adamlar barka. Ýöne Hudaý Öz halkyny söýýär – olar Isanyň halas etmäge gelen adamlarydyr. Şonuň üçin biz olara garşy söweşmeli däldiris, biz ýesirler bilen söweşmän, olary halas etmek üçin söweşýäris ahyry. Biz türmelere hüjüm etmeýäris-de, olaryň ýürekleri gabalan galalara hüjüm edýäris. Sebäbi: «Biziň söweş ýaraglarymyz ynsan ýaraglary däl-de, Hudaýyň güýçli ýaraglarydyr. Biz olar bilen galalary ýykyp, her ýalan pikiri puja çykarýarys» (2 Korintoslylar 10:4).

Bize hudaýlyk güýç berlen ýarag ynanyldy. Ol aslynda bu dünýäniň ýaragyndan tapawutlanýar. Munuň esasy sebäbi şol ýaragyň kuwwatlylygynda, şonuň üçin biz olara hem özümize

seresap daramalydyrys. Hatda sözleriňem özünde ak pata ýa-da gargyş saklaýanyny biz ýygy-ýygydan unudýarys. Beýle bolsa, edilen hereketler barada näme diýjek? Bu dünýäniň ýaragy öldürýär, biziň ýaragymyz bolsa, ýaşaýyş getirýär. Dünýäniň ýaragy halklary, medeniýetleri we ýürekleri bölýär, biziň dilegler ýaragymyz Hudaýyň patyşalygynyň ygtyýary bilen bizi birikdirýär. Ýerdäki ýarag biziň duşmanymyz hasap edýänlerimizi ýaralaýar we parçalaýar, Hudaýyň Sözüniň ikiýüzli gylyjy bolsa, hakykaty ýalandan aýryp, şypalaryň we täzeden dikelmäniň başyny başlaýar. Bu dünýäniň ýaragy başgalary gorkuzmak we olary gorkuda saklamak üçin adamlar tarapyndan döredilýär, biziň gökde ýasalan ýaragymyz bolsa, ýesirleri azatlyga çykarmak we Hudaý tarapyndan berlen çagyryşa eýerip, öz ýoly bilen gider ýaly batyrlyk berýär. Biz ýesirleri azatlyga çykarmak üçin gala hüjüm edýäris.

*Gökdäki Atam, her gezekki söweşde meniň näme üçin hakykatdan söweşýänimi görkez. Mukaddes Ruh, meniň ýesirden üstün çykmaklyga däl-de, galany çym-pytrak etmeklige çagyrylandygymy maňa mydama ýatlat.*

*Men güýçlüdirin,*

BAŞGALARY AZAT ETMEK ÜÇIN SÖWEŞENIMDE.

8

# ÝAGTYLYKDAKY SÖWEŞ

*«Hudaý nurdur, Onda hiç hili tümlük ýokdur».*

1 ÝOHANNA 1:5

Ýeşuwanyň kitabynda Hudaýyň halky bilen onuň duşmanlarynyň arasyndaky gazaply uruş hakda gürrüň berilýär. Reb egin-egne berip, olar bilen bile söweşdi. Belli bir wagtda ysraýyllaryň serdary bolan Ýeşuwa, söweşi dowam etdirmek üçin, özlerine köpräk ýagtylyk gerek diýip pikir edýär. Şonda ol: «Eý, Gün, dur, Gibgonyň üstünde! Eý, Aý, Aýalon deräniň üstünde dur!» diýdi. Mukaddes Kitapda: «Halk duşmanyndan ar alyp bolýança, Gün saklandy, Aý durdy... Gün asmanyň ortasynda saklandy we uzynly gün diýen ýaly ýaşmaga howlukmady... çünki Reb ysraýyllar üçin söweşdi» diýilýär (Ýeşuwa 10:12-14).

Şol söweşde ýagtylygyň ýetmezçilik edeni göze görnüp dur, Hudaý hem şol ýetmezçiligi gudrat bilen ýetirdi. Günüň ýagtysyna halk kimiň özleri bilendigini we kimiň özlerine garşydygyny aýdyň görüp bildi. Garaňkyda bolsa duşmanyňy dostdyr öýdüp, hatary bozmak aňsat bolýar. Biziň ruhy söweşimizde hem edil şonuň ýaly — söweşmek üçin bize ýagtylyk gerek! Hudaý hem bize şeýle ýagtyny artygy bilen berýär. Edil biziň asmanymyzdaky Gün ýaly bolup, Hudaý bizi gorkuzýan, ýalňyşdyrýan we güýçden mahrum edýän garaňkylygy ýok edýär. Duşman garaňkylykda gülleýän

wagtynda biz Hudaýyň söýgüsiniň we hakykatynyň ýagtysynda gülleýäris we ýeňýäris.

“Ine, ýer ýüzüni garaňkylyk,
halklary tüm garaňkylyk bürär;
seniň üstüňde bolsa Reb şöhle saçýar,
Onuň şöhraty üstüňde bolar” (Işaýa 60:2).

Ysraýyl çagalary ýaly, biz daşymyzy gurşap alan garaňkylygyň ygtyýarynda däl, sebäbi Rebbiň Ogly üstümizde şöhle saçýar. Belki, ysraýyl goşuny gijäniň düşmesini saklamak mümkin däl diýip pikir edendir, ýöne adamyň edip bilmejek zadyny Hudaý edip bilýändir. Biziň Hudaýymyz mümkin däl zatlary edýär. Ol: «Garaňkylygyň ýeriň ýüzüne we adamlaryň ýüreklerine düşüp barýanyny seniň görýäniňi bilýärin, gorkma, çünki Men seniň ýagty örtügiňdir» diýýär.

Söweş tozanynyň içinde töweregiňizi gurşap duran garaňkylyga seretmäň. Mydama özüňiziň içki ýagtylygyňyza serediň. Hudaý siziň üçin şöhle saçmagyny dowam eder, siziň üçin garaňkylygy kowar. Bu işler bütin güni we uzakly gijäni alsa-da, Ol şeýle eder.

*Rebbim, Seniň meniň içimde ýakan ýagtyň maňa güýç berýär. Söweş gutarýança meniň üstüme Öz şöhläňi saçyp dur!*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI HUDAÝ MENIŇ ÝAGTYLYGYMDYR.

9

# AÝGYTLYLYKDAN DOLY ZENAN

*«... nyzama duruň-da, garaşyň; Rebbiň size berjek ýeňşini görüň».*

2 ÝYL ÝAZGYLARY 20:17

Durmuş ýolunda hemme zady taşlasyň gelýän pursatlaram bolýar. Biziň her birimizde-de, diňe ýöne bir ýatyp, ýeriňden turmak islemeýän günümiz bolýar. Ýöne ýan berýänler bilen ýeňiş gazanýanlaryň arasyndaky tapawut käbirleriniň ýatmagy dowam etdirmeginde, käbirleriniň hem, ýerinden galýandygynda jemlenendir. Söweşleriň köpüsi güýjüň hasabyna däl-de, durnuklylygyň hasabyna gazanylýar. Yza çekilmän galan adamyň ýeňiş gazanýan gezegi az bolmaýar. Biziň hemmämiziňem ýykylmagymyz mümkin, ýöne köp ýagdaýlarda biz muny tassyklap bilmeýäris. Ýöne turmaklyk welin – mydama öz saýlawymyzdyr. Özüňizde güýç duýmadyk ýagdaýyňyzda-da imanda durma kararyna geliň. Duýgularyň sizi çäklendirmegi mümkin, ýöne hakykat, ädim ädýänçäňiz özüňiziň nämä ukyplydygyňyzy bilmeýändigiňizde jemlenendir. Biz aýak üstünde berk duranymyzda, Reb biziň üçin söweşýär. Bu aňsat bolmaýar. Ýöne siz hakykatdan hem, söweşsiz ýeňiş gazanylýar diýip pikir etdiňizmi? Siziň durmuşyňyzda entegem boýun gaçyrýan söweşiňiz barmy? Ruhy durmuşyňyzda siziň yza tesýän ulgamyňyz barmy? Hudaý sizi öz pozisiýaňyza çagyrýar. Wada Beren wepalydyr. Hudaý güýçlüdir, şonuň üçin Ol siziň hem güýçli bolmagyňyzy isleýär. Güýji siziň üstüňiz bilen aýan bolar ýaly, Hudaý size Öz güýjüni açar.

Şoňa görä-de, ýadanyňyzda, saklanmak isläniňizde, Onuň 2-nji Ýyl ýazgylary 20:17-de aýdan sözlerini ýada salyň:

> Bu söweşde size söweşmek gerek däl. Eý, Ýahuda we Iýerusalim halky, nyzama duruň-da, garaşyň, Rebbiň size berjek ýeňşini görüň. Gorkmaň, heder etmäň. Ertir siz olaryň garşysyna çykyň. Reb siz bilen bolar.

Reb biziň üçin söweşýär. Käwagt ýeňiş biziň ýan bermeýändigimiz üçin gelýär. Biz söýmegi bes etmänimizde, bermegi, gulluk etmegi, öwrenmegi bes etdirmänimizde ýeňýäris. Beýleki söweşleriň ýeňşi aýdymlarda gazanylýar. Hudaýyň Sözüni aýdym edip aýdanymyzda, Mukaddes Ruhuň gylyjyny ýarag edinýäris. Onuň wadalary baradaky dilegler iman aýdymymyza öwrülýär. Güýç bilen däl-de, ümsümlik hem Oňa tabynlyk bilen ýeňiş gazanylýan söweşler hem bolýar. Biz Hudaýyň mähremdigine we gowy işleri edýändigine şeýle güýçli ynamly bolýarys-da, bolýan zatlara diňe ýylgyrma bilen seredip oturýarys, sebäbi Onuň üstün çykjagyny bilýäris. Onuň güýjüne bil baglamak bilen biz durmuşyň özümize duş getirýän zatlarynyň hemmesine – ruhdan düşmä, ysgyndan gaçma we aç-açan garşy çykylma garşy durup bileris. Ol:

> «Gorkmaň, siziň bilendirin Men, heder etmäň, Hudaýyňyzdyryn Men, size güýç bererin, ýardam ederin, sadyk sag golum bilen söýget bererin» (Işaýa 41:10) diýýär.

*Gudratygüýçli Hudaý, Sen meniň üçin söweşen wagtyňda, men Seniň wepalylygyňa bil baglaryn. Söweşde ýeňiş gazanylýança, men her gün aýgytlylygy we tutanýerliligi saýlaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

REBBIM, HUDAÝYM MENIŇ ÜÇIN SÖWEŞENDE YNAMLY DURANYMDA.

# Merhemetde güýçli zenan

I

# SIZIŇ GEÇMIŞIŇIZ GELJEGIŇIZ DÄLDIR

*Isa dikelende, aýaldan başga hiç kime gözi düşmänsoň, oňa: «Eý, naçar, beýlekiler hany? Hiç kim seni höküm etmedimi?» diýdi. Aýal: «Ýok, Agam, hiç kim» diýdi. Isa: «Men hem seni höküm edemok. Bar, gidiber, mundan beýläk günä iş etme» diýdi.*

ÝOHANNA 8:10-11

Biziň hijimizem günäsiz däldiris. Biz erkeklerden, dinden we dünýäden öz gymmatymyzyň tassyklanylmasyny gaty köp gözleýäris. Ýöne bu diňe lapykeçlik getirýär. Ahyr netijesinde günä oňaýsyz ýagdaýa salýar, din tamaňy ödemeýär. Ýohannanyň Hoş Habarynda Isa mähelläniň eline tike-tike etmeklige berlen aýala mertebe, güýç hem hormat peşgeş berýär. Isa başgalaryň görýän zatlaryndan başga-da köp zatlary görýärdi, şonuň üçin ol aýalyň şu wagtky ýagdaýynyň bütin ömrüne çykarylan hökümdigini ykrar etmekden boýun towlaýar. Düýp manysynda Isa aýala: "Seniň geçmişiň geljegiňi kesgitlemeýär. Bar, gaýdyp günä etme. Geçmişiň günä bolupdy, ýöne geljegiň päk ahlaklylykdyr. Sen ýesirlikdediň, ýöne öňüňde azatlyk bar. Geçmişiň utançdy, emma geljegiň mertebedir. Geçmişiň ýalaňaçlykdy, emma geljegiň ajaýyp geýimlerdir" diýdi.

Isa ol aýaly ýöne bir bagyşlaman, eýsem, oňa azatlyk hem sowgat berýär. Azatlyk bagyşlamakdan başlanýar. Günäniň gandallaryndan azat bolanymyzda, ýene günäniň duzaklaryna düşmezimiz

ýaly, merhemet bizi öňe iterýär. Ilki Isa üstümize rehimini inderýär, soň hem Öz merhemeti bilen bizi berkidýär. “Şonda günä size öz hökümini ýöretmez, sebäbi siz kanunyň ygtyýarynda däl-de, merhemetiň ygtyýaryndasyňyz” (Rimliler 6:14).

Rehim biziň geçmişdäki etmişlerimize degişlidir, merhemet bolsa bize – Isanyň biz üçin eden zatlaryny şöhratlandyryp – häzir hereket etmäge güýç berýär. Hudaýyň rehimi bilen merhemeti bize günäli durmuşy yzda goýup, Onuň beren umydyndan doly bolan geljege tarap ädim ätmäge güýç berýär.

Bize merhemet ýokardan iberilen. Geçmişimiziň synmajak ýaly bolup görnen gandallary syndy. Zynjyrlaryň güýjüne ynanman, azat Edijimiz bolan Mesihiň sözleriniň güýjüne ynanmagyň wagty geldi. Zynjyrlar Onuň bize bolan yhlasy ýaly berk däldir. Ynanmaga batyrlyk tapyň we geçmişiňiziň kölegesini yzda galdyryň!

*Gökdäki Atam, bagyşlanyň we peşgeş beren*
*geljegiň üçin Saňa minnetdar. Men garaňkylygyň*
*ýalanyna däl-de, Seniň nurly sözleriňe ynanýaryn.*

Men güýçlüdiriň,

SEBÄBI GEÇMIŞIM MENIŇ GELJEGIM DÄL.

2

# BAGYŞLANAN ZENAN

*«Biri-biriňize mähirli we rehim-şepagatly boluň. Hudaýyň sizi Mesih arkaly bagyşlaýşy ýaly, siz hem biri-biriňizi bagyşlaň».*

EFESLILER 4:32

Ahyrsoňy Mesihe gelen pursatymda, günäler sanawymda az ýalňyşlar we etmişler toplanmandy. Adamym halas bolma dogasyny etmäge maňa kömek edende, ol öz yzyndan gaýtalamagymy aýtdy: “Reb, men günälerimi boýun alýaryn”.

Men dowla düşdüm. “Olaryň hemmesini ýada salyp biljegime ynamym ýok!” Eger nämedir bir zady ýatdan çykaraýsam, onda Hudaý meniň tobamy kabul etmez öýdüp gorkdum.

Jon meni köşeşdirdi: «Olaryň hemmesini sanamak hökman däl, ýöne bir günä edeniňi boýun al». Men ýeňillik bilen dem aldym, sebäbi Hudaý “ýazyklar sanawymy” meniň özümden has ünslüräk ýöredendir ahyry. Men özümiň günälidigimi, rehime mätäçdigimi bilýärdim. Maňa bagyşlama gerekdi, Hudaýyň merhemeti bilen ony-da aldym.

Ýöne mesihi bolanyma köp wagt geçmänkä, öz ýüregimde bagyşlamazlygyň bardygyny bildim. Mende özümiň beýleki mesihi doganlarymy bagyşlamazlyk bardy. Göwnüme olar maňa nämedir bir zat borçly ýaly bolup görünýärdi, men ötünç soralmagyna garaşýardym. Men bu duýgynyň özümi weýran etmegine ýol berdim. Şol döwürde men agyr içki göreşi başdan geçirdim. Men özümi pida ýaly duýýardym, aslynda şu şeýledi. Mesihi bolanymdan soň men iblisiň mekirliginiň pidasy boldum. Men gahary saklap we

hakykaty azatlyga çykaryp, başardygymdan köp wagtymy doga edip geçirdim, emma bu netijesiz boldy. Men öz duzagyma düşdüm we öz-özümi gandalladym. Ahyrsoňy öňümde hakykat açylanynda, men bir zada göz ýetirdim: göwnüme nähili degendikleriniň tapawudy ýok. Kimiň mamladygynyň, kimiň mamla däldiginiň tapawudy ýok. Ähmiýeti bolan ýeke-täk zat – bu Rebbiň buýrugyna tabyn bolmakdyr: özümiň bagyşlanylyşym ýaly bagyşlamakdyr.

Özümiň näderejede çuň ýalňyşandygyma düşünenimde, men juda haýran galdym. Men özümi hemmetaraplaýyn mamla hasap etdim, emma aslynda ýalňyşýan ekenim. Bu düşünjeden soň bagyşlamak aňsat boldy. Meni Öz rehiminiň arassalaýjy derýasynda ýene ýuwmagyny sorap, ýene Rebbi çagyryp başladym, Ol hem, elbetde, meni ýuwdy. Şeýle diýeli: men daňylan bolmagyň nähili zatdygyny we azat bolmagyň nähilidigini – we azat bolmagyň has gowudygyny – öz tejribämde bildim. Azatlyga barýan ýol kemsinmäniň we özüň mamla dälligiňi boýun almanyň üstünden geçýän bolsa-da, azatlyk barybir gowy.

*Gökdäki Atam, ýüregimde gizlenip duran her bir ýalňyşmany we bagyşlamazlygy maňa görkez.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖZÜMI WE BAŞGALARY BAGYŞLAÝARYN.

3

# REHIMDAR ZENAN

*«Paýhasly adam giň göwünli bolýar, ýazygy geçmek onuň şöhratydyr».*

SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 19:11

Süleýmanyň pähimleri kitabynyň awtory öýkäni bagyşlama ukybynyň adama hormat getirýänini aýdýar. Başga biriniň ýalňyşlygyna çydamlylyk görkezme ukyby mesihiniň içki taýdan kämilligine şaýatlyk edýär, ony beýgeldýär we tapawutlandyrýar. Bu hakyky mesihilik häsiýetidir.

Ýöne özümizi diňe Atamyza, adalatly Kaza tabşyran bolsak, başgalaryň hüjümine, kemsitmelerine we haýbatlaryna hakykatdan çydamly bolup bileris. Jon ikimiziň çagalarymyz urşanlarynda, olar biziň adalatlylyk duýgymyza ýüzlenýärler. «Ol yzyny ýygnamady!» ýa-da «Ol uzakly gün kompýuteriň başynda oýnap otyr!». Olar özleriniň eşidilmegini, dawanyň öz peýdasyna çözülmegini isleýärler. Jon ikimiz ýagdaýyň anygyna ýetýäris-de, adalatly çözmäge çalyşýarys. Ýöne, adatça bolşy ýaly, çagalar biziň çözgütlerimizi köplenç adalatsyz hasap edýärler. Şonda olar özbaşdak «adalaty dikeltmäge» başlaýalar. Şeýle bolanda howpsuzlygy aradan aýryp bolmaýar. Gep dawany aýyrmak barada gidenok – şeýle bolsa diňe şat bolardyk. Olar ar almaga teşne bolýarlar. «Sen näme üçin jigiňi urduň?» «Sebäbi ol...». Muny özüňizem dowam edip bilersiňiz. Biz olara uruşmagyň deregine özleriniň meseleleri bilen biziň ýanymyza gelmelidiklerini aýdanymyzda, olar: «Ýöne siz geçen gezek hiç zat etmediňiz» diýip jogap berýärler. Ýagny: «Şol gezek siziň eden

zadyňyz maňa ýaramady, şonuň üçin indi men töwekgelçilik etjek däl. Özüm düşünişerin!» diýýärler.

Jon ikimiz dogry boýun alýarys: ata-ene hökmünde bizem ýalňyşýarys. Ýöne gowy täzelik Hudaýyň ýalňyşmaýandygynda jemlenendir – Ol adalatly hem kämil Kazydyr. Onuň çözgütleri mydama biziň garaşýan pursatymyzda gelmeýär we hemişe biziň isleglerimize gabat gelmeýär, emma Onuň ýoly kämil, biziň ýolumyz bolsa, kämil däl. Günäleri bagyşlanymyzda biz: «Atam, bu meselede özümiň Saňa ynanyp biljekdigimi bilýärin. Bu meniň üçin juda kyn hem agyryly. Men urga urgy bilen jogap bermek islemeýärin, bagyşlaýaryn we işi Seniň eliňe berýärin» diýýän ynanjaň çagalara meňzeş bolýarys. Bu örän gowy işdir. Şeýle etmek bilen biz Hudaýyň Oglunyň ýerdäki durmuşdaky bolşuna meňzeş bolýarys. Isa Öz şägirtlerine: «Ol [doganyň] saňa garşy günde ýedi gezek günä etse, ýedi gezek hem ýanyňa gelip: «Toba edýärin!» diýse, ony bagyşla» (Luka 17:4) – diýýär.

Biziň her birimiziň durmuşymyzda göwne degmeler bolýar, olaryň üstünden ätläp geçeniň has gowudyr. Ätläp geçmeklik – öýkelerden ýokary bolmakdyr, ýagdaýlardan ýokary galmakdyr, olara akyldarlyk beýikliginden seretmekdir. Saýlawy ýazgarmanyň däl-de, merhemetiň we rehimiň peýdasyna ediň.

*Rebbim, başgalara çydamly bolarym ýaly, maňa sabyr-kanagat ber, meniň öýkeler bilen ýaşamagyma ýol berme. Ähli işlerimde Seniň merhemetiňi we rehimiňi görkezmäge rugsat et.*

*Men güýçlüdirin,*

HUDAÝYŇ MAŇA SABYRLY BOLŞY ÝALY BAŞGALARA SABYRLY BOLANYMDA.

4

# GÜNÄ DUÝGUSY DÄL-DE, ÖSÜŞ

*«Şeýlelik bilen, Mesih Isada bolanlara, ten bilen däl-de, Ruh bilen gezýänlere häzir hiç hili iş kesme ýokdur».*

RIMLILER 8:1

Biz näme üçin özümize şeýle ýowuz daraýarkak? Şeýle etmek bilen, aslynda, näme gazanjak bolýarkak? Öňler men ýatjak bolanymda, hakydamda geçen günüň dowamyndaky şowsuzlyklarymyň hemmesini saýlaşdyrýardym. Günälerimi ýuwmak üçin synanyşanymda, her bir ýalňyşym üçin ýene utanyp, özüme sütem edýärdim. Käwagt günüň ahyrynda lapykeçlik duýýarys we özümizden nägile bolýarys. Eger özümizi gowuja jezalandyrsak, onda ertir başga – gowrak hem dogrurak – adam bolup oýanjak ýaly bolup görünmegi mümkin. Ýöne bu beýle däl. Bu usul bizi üýtgetmeýär-de, gaýtam, içki taýdan weýran edýär.

Öz ýalňyşyňa düşünmegiň ýa-da eden saýlawyňa ökünmegiň hiç hili erbet ýeri ýok. Biz täzeden sereder ýaly, nädogry aýdan sözlerimizi we hereketlerimizi Mukaddes Ruh ýatlatsa, bu gowudyr. Ýöne bu günä duýgusyny artdyrmagymyz üçin däl-de, ösüşimiz üçin gerek. Günä ýüki götererden agyr bolýança, her gije geçen günüň dowamynda eden ýalňyşlyklarym üçin özüme käýeýärdim. Diňe şonda doga-dileg edip ötünç soramaga özüme rugsat edýärdim. Ýöne ol wagta çenli günä duýgusy eýýäm meni batgalyk ýaly

çekýärdi, şonuň üçin täze günüň ertiriniň rehimdarlygynyň ýeňillik getirjekdigine eýýäm ynanmaýardym.

Mysal üçin, eger haýsydyr bir gün özümiň çagalarym bilen gatnaşyklarymdan nägile bolsam, özüme: “Näme üçin seniň sabryň ýok?” diýen ýaly soraglar bilen käýäp başlaýardym.

Ertir nädip sabyrlylyk görkezmegiň pikirini etmegiň deregine, men özüme şowsuz aýalyň derejesini berýärdim. Bu bolsa meni täze şowsuzlyga alyp barýardy.

Özüňe bolan ýigrenç, özüňe bolan gahar – bu zatlaryň hemmesi günäniň weýran edijilikli ssenarisini goýberýär.

Günä duýgusynyň biziň üçin juda agyrdygyna Isa düşünýärdi, hut şonuň üçin hem, Ol ony Öz üstüne goýdy. Öz ýalňyşlyklarymyzy Onuň Sözüniň ýagtysyna çykarmaly. Diňe şol ýerde biz aýyplama däl-de, düşünme, höküm däl-de maslahat taparys. Ýagtylyk diňe bir ýalaňaç etmeýär-de, eýsem şypa-da berýär. Günä – bu garaňkylykdyr, rehim – bu ýagtylykdyr. Beýle bolsa, geliň, öz ýalňyşlyklarymyza gaýta-gaýta dolanmagy bes edeliň. Geliň, hemme zady düzedýän ýagtylyga tarap öwrüleliň.

*Gökdäki Atam, özüme sütem edýänim üçin meni bagyşla. Goý, seniň Sözüň ýagtysy meniň ýüregimi hakykatdan doldursyn. Özümi ýazgarmany goýup, Seniň rehimiňi kabul etmäge maňa kömek et.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI GÜNÄ DUÝGUSYNY DÄL-DE, ÖSÜŞI SAÝLAÝARYN.

5

# ÝÜREK BAGY

*«Hüşgär boluň, hiç kim Hudaýyň merhemetinden mahrum bolmasyn. Bir ajy kök gögerip, size ezýet bermesin, köp adamlar munuň bilen zäherlenmesin».*

ÝEWREÝLER 12:15

Çagalykda maňa haşal otlary aýyrmagy köp buýurýardylar. Men mydama oýnamaga ýetişjek bolup, işi basymjak etmäge çalyşýardym. Howlugyp ýörşüme men köplenç haşal oty köki bilen goparmagyň deregine, ýokarsyny ýolýardym. Onuň köküne baryp ýetmek üçin hapa ýeri gazmalydy, men bolsa muny etmek islemeýärdim. Men baldaksyz we ýapraksyz bolsa ösümlik gurar, ejem barybir bilmeýär diýip pikir edýärdim. Men çykyp duran köküň üstüne toprak sepýärdim-de, gaçyp gidýärdim. Bir-iki hepde geçenden soň, edil şol ýerde täze ösüntgi peýda bolýardy. Ol öňküden kiçiräk bolýardy, emma gaty täsin galdyrýan berk kökli bolýardy. Köküň üstüni açyp, ony berkje tutup, doly goparyp almak üçin ösümligiň düýbüni nädip gazmalydygyny ejem maňa görkezdi. Hojalykda buýrulan kyn däl iş ýaly bolup görnen iş indi tapdan düşürýän göreşe öwrülýärdi.

Öz ýüregimiziň bagynda-da biz ýygy-ýygydan şeýle edýärismi?

Şeýtan biziň ýüregimize umytsyzlyk, ýalan pikirleri we gahar tohumyny ekmek isleýär. Hudaýyň Sözüni ýaşaýyş beriji ösüntgileri ajylyk köküni gysyp çykarýança, iblis şeýle etmegini gaýta-gaýta gaýtalar durar.

Haşal otlar ekilýän ekinlerden basymrak ösýär. Bu ýabany, ynjyk

bolmadyk haşal otlar, islendik topraga aňsatlyk bilen uýgunlaşyp, ýeriň ýüzüne basym çyrmaşýar. Adam üçin wajyp bolan miwe we gök-önümleriň tohumlary aladany we ünsi talap edýär. Haşal otlar we gabat gelmeýän toprak olary aňsatlyk bilen guradyp bilýär.

Ajylyk kökleriniň ýerliksiz wagtda, olary seljermek kyn bolan wagtda, ösüp çykma häsiýeti bar. Olary köwläp çykarmak asla aňsat däl, ýöne olara perwaýsyz hem bolmaly däl – wagty geçirseň olar ölüm derejesinde howply bolýar. Hemme zady öz akymyna goýbermäň we kökün özi gurar diýen umyt bilen onuň ýokarsyny açmaň. Özüňizi aldamaň – kök öňküsinden-de berkäp, günleriň birinde ýene ösüp çykar. Gaty köp ýagdaýlarda, Mukaddes Ruhuň özümizde çuň işi tamamlamagyna rugsat bermän, hemme zady gol astymyzda saklaýarys diýen boş hyýalda köşeşýäris.

Şeýlelikde, geliň, hüşgär bagbanlar bolalyň. Ýüregimizde ajylyk görsek, ony Baş Bagbanyň ýanyna getireliň, sebäbi ol her neneň ýagdaýda-da, ömrümiziň her möwsüminde kök urmaga synanyşýar. Baş Bagban olaryň iň çuň ýerlerine aralaşmaga, köklerine baryp ýetmäge we olary ýok etmäge kömek eder. Eger Onuň Sözi ýüreklerimiziň mes topragyna düşse, onda biz ajaýyp hasyl ýygnarys.

*Atam, öz ýüregimiň bagyny tutanýerlilik bilen bejermäge maňa kömek et. Özümde ösüp çykmagy mümkin bolan ajylyk köklerini açmakdan gorkmazlyga batyrlyk ber. Her bir kiçijik ösüntginiň bardygyny maňa duýdur we ýaşaýyş getirmeýän zatlaryň hemmesini köki bilen goparyp taşlarym ýaly, maňa güýç ber.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZ ÝÜREGIMIŇ ALADASYNY BAGA SEREDÝÄN ÝALY ÝERINE ÝETIRENIMDE.

6

# PIKIRLER ÇARÇUWASY

*«Başgalary ýazgarmaň, ýogsam siz hem ýazgarylarsyňyz, sebäbi siz nähili ýazgarsaňyz, özüňiz-de şeýle ýazgarylarsyňyz. Haýsy ölçeg bilen ölçeseňiz, size-de şol ölçeg bilen ölçeler».*

MATTA 7:1-2

Biziň köpimiz hemme zat öz ýerinde goýlan bolsa şony gowy görýäris. Şkafyň çekmesinde nämäniň durandygyny we ol ýere ýene nämeleri ýerleşdirip boljakdygyny anyk bilsek, özümizi arkaýyn duýýarys. Ýöne öz bellän çarçuwamyza kimdir biri ýa-da nämedir bir zat ýerleşmese, onda biz ýazgaryp we lakam dakyp başlaýarys. Ýöne aslynda beýle etmegimiz, biziň ýazgarýan adamymyza seredende, özümiz barada köpräk gürleýär. Mesihiligi kabul edenime bary-ýogy birnäçe ýyl geçenden soň, maňa uzak wagtlap rahatlyk bermedik bir waka bolup geçdi. Men özümiň salgymlar ulgamymda oňa gabat gelýän "çekmäni" tapyp bilmedim.

Gep özlerini nikada Hudaýyň birikdirenine aç-açan şaýatlyk eden mesihi är-aýal barada barýardy. Biz olaryň ikisi bilen hem gatnaşýardyk we olaryň ikisiniň hem Hudaýy we Onuň halkyny ýürekden söýýändiklerini bilýärdik. Soň bolsa, birden olar barada erbet gürrüňler ýaýrap başlady. Ondan soň özümize gelip ýetişmänkäk, olar agyr aýrylyşma döwrüni başdan geçirdiler. Olaryň hijisem biri-birine biwepalyk etmändiler; olar diňe biri-birine gabat gelmeýär diýen pikir döredi. Bu meni doly aljyraňňylyga saldy. Şol döwürde meniň özüm nikam üçin göreşýärdim we maşgala meselelerini çözmekde Hudaýa bil baglaýardym, sebäbi Jon ikimizi Onuň birikdirenine ynanýardym. Öz nikasynyň Hudaýyň öňden görmesi bilen bolandygyny aýdyp ýören ol är-aýalyň nikasy bolsa bozulypdy.

Bu waka meniň nikamda Hudaýyň nämedir bir zady üýtgedip biljekdigine bolan ynamymy yrandyrdy. Men özümiň aýrylyşan är-aýaldan nähilidir bir kemçilik tapmaga synanyşýandygymy duýdum. Eger men “dogry” mesihilik ülňisine sygmaýan bir zady tapmagy başaran bolsam, ony “şkafyň degişli çekmesine” salyp goýardym. Özümiň içki bulagaýlygymy ynanýan we öz ruhy halypam hasap edip ýören adamym bilen paýlaşdym-da, ondan içinde Mukaddes Kitap aýatlary ulanylan takyk jogaby almaga garaşdym. Ýöne ol diňe uludan demini alyp: “Bu kyn sorag. Muňa höküm çykarmagyň maňa gerek däldigine men şat” diýdi. Men şobada ýeňillik duýdum, egnimden daş aýrylan ýaly boldy. Onuň ýönekeý sözleri meni agyr ýükden azat etdi. Ol mamlady. Men duşmanyň ýüregimi bulaşdyrmagyna, başgalary ýazgaryp başlamagyna we Hudaýyň wepalylygyna şübhelendirmegine ýol beripdim. Men öz nikamy olaryň nikasyna görä ölçedim we Hudaýyň gatnaşygyny ýok derejä getirdim, sebäbi göwnüme Ol olar üçin hiç zat etmedik ýaly bolupdy. Men söýgi sebäpli däl-de, gorky sebäpli höküm çykarypdym.

Biz köplenç agyrydan ýa-da tankytdan goranmak üçin höküm çykarýarys, ýöne hakykat hemmämiziň hem günälidigimizde. Şu günki parçanyň yzyndaky aýatda: “Näme üçin sen doganyňyň gözündäki çöpi görýärsiň-de, öz gözüňdäki agajy saýgarmaýarsyň?” (3-nji aýat) diýilýär.

Isa bize başgalara hem özümize hakykatdan kömek etmek üçin baha beriş pikirleriniň «agajyny» gözümizden aýyrmagyň gerekdigini ýatladýar. Kimdir biri biziň çarçuwamyza girmedik ýagdaýynda, geliň, öz ýüregimiziň çuňluklaryna seredeliň we höküm etmegiň öz işimiz däldigi üçin minnetdar bolalyň.

*Atam, eger men başgalary höküm edip başlasam, onda başgalaryň meni-de öz ölçeýän ölçegim boýunça ölçejekdiklerini ýatlat. Maňa rehimdarlygy öwret, sebäbi meniň özümem oňa mätäç.*

*Men güýçlüdiriň,*

SEBÄBI DURMUŞYM HÖKÜMLERIŇ ÇARÇUWASY BILEN GANDALLANMADY.

7

# BOÝUN ALMAK WE GOÝBERMEK

*«Emma günälerimizi boýun alsak, sadyk hem adalatly Hudaý günälerimizi bagyşlar we bizi her hili ýamanlykdan tämizlär».*

1 ÝOHANNA 1:9

Bu wadada şeýle köp azatlyk bar. Öz günälerimizi boýun alsak, onda Ol bizi diňe bir bagyşlaman, eýsem eden saýlawymyzyň netijelerinden hem arassalaýar. Biz näme üçin günäni başga biriniň üstüne ýüklemäge synanyşýarys, aklanma oýlap tapýarys? Ýalňyşyňy boýun alan badyňa günäniň seniň üstüňden ygtyýaryny ýitirýänine men düşündim. Isa günämizi Öz üstüne alanyndan soň, «kim günäkär» oýnuny oýnamagyň manysy ýok. Biz boýun alýarys we öňe gidiberýäris.

Ilki, geliň, aç-açan boýun alma hakda gürrüň edeliň. Ýaşkam men Jeraldin atly gahryman aýalyň roluny oýnan Flip Uilsin atly degişmeçini görýärdim. Şol Jeraldiniň iň gowy görýän jümlesi bardy: «Meni iblis mejbur etdi!» Bizem şonuň ýaly käwagt aklanmalarymyzda şeýle döredijilikli bolýarys, ýöne hakykat, eger özümiz islemesek, onda iblisiň bizi mejbur edip bilmeýändigindedir. Jogapkärçiligi başga biriniň üstüne atmagyň we özüňi aklamanyň ýene bir, has inçe usuly bar. Ol: “Men özümi hiç zat edip bilmedim” ýa-da “Men asla özüme erk edip bilmedim” diýenimizde ýüze çykýar. Günäniň özümizi eýeländigini we biziň oňa hötde gelmäge ýagdaýymyzyň ýokdugyny aýtmak bilen, özümizi berkidýän Mesihde hemme zady edip biljekdigimizi aýdýan Hudaýyň Özüne

garşy çykýarys. Hatda şol sözleri aýtmasak-da, edýän hereketlerimiz ony görkezýär. Tobanyň sesi başgaça bolýar: «Hawa, men şeýle etdim, men ökünýärin we ýa Reb, Saňa ýüzlenýärin, meni arassala».

Günälerimi dogry boýun alandan soň, bize has agyr ädimi ätmeklik garaşýar – ony goýbermeli. Öz-özüňi azat etmeli. Bu biziň emosional, fiziki we ruhy saglygymyz üçin aňry ýany bilen zerurdyr. Eger biz Hudaýyň bireýýäm bagyşlan we ýatdan çykaran zady üçin özümizi jezalandyrmagy dowam etdirsek, onda bu gowy zada alyp barmaz. Eger Ol günälerimizi bizden gündogaryň günbatardan uzak bolşy ýaly derejede daşlaşdyran bolsa (Zebur 102:12), onda olara gaýta-gaýta gaýdyp gelmek nämä gerek?

Bizi toba hut Hudaýyň rehimdarlygy hem ýagşylygy alyp barýar. Bu bizde şeýle çuň kök uran zatlaryň hemmesine garşy bolýar. Biz hasap boýunça tölemek isleýäris, şonda – öz pikirimizçe – günäden azat bolýarys. Çagalykda maňa mydama: “Eger seniň üýtgäniňi görsem, onda toba edeniňe ynanaryn” diýýärdiler. Ýöne Hudaý başgaça hereket edýär, Ol Öz rehimini biz oňa mynasyp bolmadyk wagtymyzda görkezýär. Rehim – bu bize mynasyp bolan jezamyzyň berilmezligidir. Biziň köpimize bu usula düşünmek kyn bolýar. Bize “göze göz, dişe diş” diýen düzgün has düşnükli. Kanun, duşmanymyz we içki ses mydama hökümi talap edýär, Mukaddes Ruh bolsa, rehim peşgeş berýär. Şeýlelikde, şol rehimi kabul ediň, dostlar. Hudaýyň günäden azatlyga barýan ýoluny kabul ediň.

*Rebbim, nirede Seniň günäden azat bolmagym üçin berjek kömegiňden boýun towlaýan bolsam, şony maňa görkez. Maňa boýun almaly we goýbermeli zatlarymy aýan et.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZ ÝALŇYŞLARYMY BOÝUN ALANYMDA WE MYNASYP BOLMADYK REHIMIMI KABUL EDENIMDE.

8

# ÝIGRENÇDEN AZAT ZENAN

*«Doganyny ýigrenýän her bir adam ganhordyr, hiç bir ganhoryň ebedi ýaşaýşa gowuşmaýandygyny bolsa siz bilýänsiňiz».*

1 ÝOHANNA 3:15

Biziň dünýämizde ýigrenç juda köp. Bu aýadyň sözlerine gulak asmagyň wagty geldi. Doganyny ýigrenýän her bir adam kim bolýar? Ýigrenç ganhorlygyň öňünde gapylary açýandyr. Mukaddes Ýazgynyň bu parçasynda nähili sözüň ulanylandygyna üns beriň: «her bir» - diýmek her bir adamy aňladýar. Bu ýerde: «dogany tarapyndan azap çekenlerden başgasy» diýen ýaly bellik ýok. Mukaddes Ýazgyda "her kes", "islendik", "her bir" diýen ýaly sözlere duş gelsek – bu gürrüňiň biz barada hem barýandygyny aňladýar. Muňa degişli bolmakdan ýüz öwürmek barada gürrüň ýok.

Gowy habar şunda jemlenendir: bu höküm däl-de, güýç alma we merhemetde ösme mümkinçiligidir. Öz Sözüne tabyn bolanymyzda, Hudaý bize hakykat boýunça ýaşamaga zerur bolan zatlaryň hemmesini berýär. Bu aýatda doganyny ýigrenýän her bir adamyň ganhordygy aýdylýar. Bu ýerde kadadan çykma, başgaça düşündiriş, aýlanyp geçilýän ýol ýok — hemme zat takyk hem bir manyly aýdylan. Men özüme ganhor diýilmegini islemeýärin. Şeýle-de bolsa, mesihilik ýolumyň käbir etaplarynda men ýüregimiň iň garaňky burçlarynda gizlenip ýatan ýigrenji tapdym. Beýle bolsa, men ebedi asyrlaryň dowamynda jenaýatçynyň ýa-da hatda ganhoryň hem tagmasyny

göterip ýörermikäm? Ýok, eger toba edip, garaňkylygyň ýüregimde kök urmagyna ýol bermesem, beýle bolmaz.

Biz Hudaýyň güýçden dolduryjy merhemetini we özümizi gurşap alan rehimini duýduk. Her neneň garaňky hem gorkunç bolsa-da, Hudaýyň bagyşlap bilmejek günäsi ýokdur. Hudaý toba gelen ganhorlary bagyşlaýar.

Biz durmuşa ýerdäki kazyýet ulgamynyň däl-de, patyşalygyň nukdaýnazaryndan seredýäris. Indi biz ýeriň ýöne bir ýaşaýjylary däl, sebäbi Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: "Siz mundan beýläk keseki-de, gelmişek-de dälsiňiz. Hudaýyň mukaddes halkynyň raýatysyňyz we maşgalasynyň "agzasysyňyz" (Efesliler 2:19).

Bize gökdäki adatdan daşary güýç hökümdarlyk edýär, şonuň üçin biz ýerdäki kanunlaryň we sudlaryň öňünde däl-de, gögüň öňünde jogapkärçilik çekýäris. Gök daş ýüzüne oýulyp ýazylan daşarky düzgünler we kadalar bilen dolandyrylmaýar – ol bizi ýüregimize ýazylan gizlin kod arkaly özgerdýär. Jansyz gury düzgünler ölüler, ýürekleri gatylar üçin niýetlenilendir. Diri ýürek üçin bolsa – azatlyk kanuny bar. Ine, näme üçin, eger hakykatdan hem adam öldürseňiz, ýerdäki sud sizi ganhor diýip ykrar edýän eken, patyşalykda bolsa, ýigrenç duýgusynyň özi sizi ganhor hasap edýän eken. Özüňiziň köňül çuňlugyňyza seredip, ýürekde gizlenip ýatan islendik ýigrenç kölegesini anyklamagyň wagty geldi. Ganhorlyk ruhuny köki bilen aýyrmanyň wagty geldi.

*Gökdäki Atam, ýüregimdäki ýigrenç gizlenip ýatan künjekleriň hemmesini aç. Ganhorlyk ruhy hökmünde men ondan ýüz öwürýärin. Meniň olary bagyşlaýşym ýaly, meni bagyşla.*

*Men güýçlüdirin,*

HUDAÝYŇ ÝOKARKY GÜÝJÜNE, REHIMINE WE MERHEMETINE BIL BAGLANYMDA.

9

# ÝAZGARMASYZ

*«Isa oňa: “Men hem seni höküm edemok. Bar, gidiber, mundan beýläk günä iş etme” diýdi».*

ÝOHANNA 8:11

Bu Rebbiň günäleri mese-mälim bolup görnüp duran aýallara aýdýan sözleridir.

Gynansak-da, şeýtanyň Howuň gyzlarynyň üstüne edýän iň gazaply hüjümleri dini tutaryk etmek bilen amala aşyrylýar. Ýohannanyň Hoş Habarynyň 8-nji babynda biz bu gapma-garşylygy - diniň we kanunyň zalymlygyny hem-de Hudaýyň rehimdarlygynyň we söýgüsiniň gözelligini – aýdyň görýäris. Geliň, bu parça bilelikde ünsli seredeliň we ony başga gözler bilen görmäge çalşalyň.

Ir ertiriň tutuksy ýagtysynda ullakan mähelle görünýär. Adamlar Isa atly ýaş dini mugallymy diňlemek üçin ýygnanypdyrlar. Isa beýleki oratorlaryň hijisine-de meňzeş däl. Ol gürlän wagtynda, Ata Hudaýyň sözleri ýaňlanýar. Şapagyň ilkinji şöhleleri astynda Isa Öz şägirtleri bilen peýda bolýar. Ol mähelläniň içindäki birnäçe adam bilen salamlaşyp oturýar-da, wagyz edip başlaýar. Adamlar Onuň aýdan her bir sözüni ýürekleri bilen gapyp alyp, ünsli diňleýärler. Ýöne birden uzagrakdaky nähilidir bir ses hemmeleriň ünsüni özüne çekýär.

Isanyň we şägirtleriniň kelleleriniň ýokarsyndan başga bir toparyň golaýlaşyp gelýäni görünýär – ol ýerde adam şekilleri görünýär, gaharly sesler eşidilýär. Görnüşinden çen tutsaň, olar kimdir birini güýç bilen süýräp gelýärler. Ol saçlary bulaşyp duran, ýalaňaç ýerlerini ýapmaga çalşyp, elinde geýminiň galan böleklerini saklap duran aýaldy. Ony masgaraçylyk düşeginden süýräp çykarandyklary görnüp dur. Ýöne

onuň bilen tutulan erkek welin hiç ýerde görünmeýär.

Olar Isa ýüzlenip: «Mugallym, bu aýal zyna üstünde tutuldy. Musa Töwratda bular ýalylary daşlap öldürmegi buýrupdyr. Sen näme diýýärsiň?» (Ýohanna 8:4-5) diýýärler.

Olar jogaba garaşýarlar, emma Isa gürlemäge howlukmaýar. Ol aýala-da, ony aýyplaýjylara-da seretmeýär. Ol diňe eglip, gumuň ýüzüne barmagy bilen bir zat ýazyp başlaýar.

Soň Ol aýyplaýjylara seredip, kim günäsiz bolsa, ilki bolup daşy şonuň atmagyny teklip edýär. Ara düşen ümsümligiň içinde olar biri-biriniň yzyndan gidip başlaýarlar. Diňe Isa, mähelle we aýyplanan aýal galýar. Isa hemmeleriň içinde günäsiz bolan ýeke-täk Adamdy, ýöne Ol daş atmakdan ýüz öwürýär. Ol höküm etmek üçin däl-de, halas etmek üçin gelipdi. Isa aýyplaýjylaryň iň soňkusy gidýänçä, ümsüm oturýar. Soň Ol ýerinden galýar-da aýaldan soraýar: «Eý, naçar, beýlekiler hany? Hiç kim seni höküm etmedimi?» diýdi. Aýal: «Ýok,  Agam, hiç kim» diýdi. Isa: «Men hem seni höküm edemok. Bar, gidiber, mundan beýläk günä iş etme» diýdi. (Ýohanna 8:10-11).

Aýal başyny galdyranynda, Isanyň gözüne gözi düşýär. Ol Onuň gözlerinde bagyşlama, söýgi, hatda agyry hem görýär. Aýal indi ölümiň hem garaňkylygyň gyzy däl – ol ýaşaýşyň hem nuruň gyzy.

Ýylan eden utançly zadymyzy dünýä aýan edende we bizi aýyplanynda, bizem şol aýalyň sereden gözlerine seredip bileris we Onuň bizi höküm etmeýändigini bileris. Onuň rehimi bizi goraýar, Merhemeti bolsa: «Bar, ... mundan beýläk günä iş etme» - diýýär.

*Rebbim, özümizi goramaga özümiziň güýjümiz ýetmedik wagtynda bizi goraýanyň üçin Saňa minnetdar. Höküm etmän, bizi goraýanyň üçin Saňa minnetdar.*

*Men güýçlüdirin,*

HALASGÄRE ÖZÜMI HÜJÜMLERDEN GORAMAGA RUGSAT EDENIMDE WE UTANÇDAN DIKELIP, TÄZEDEN DOGLANYMDA.

# Özüne erk etmekde güýçli zenan

I

# DIŇLEMEGI BAŞARÝAN ZENAN

*«Hiç haçan alňasaklyk bilen gepleme, Hudaýyň huzurynda ýürek sözüni aýtmaga howlukma; çünki Hudaý gökdedir, sen ýerdesiň. Şonuň üçin az sözle».*

WAGYZ KİTABY 5:2

Mukaddes Kitapda sözleriň güýji we diliňe erk etme başarnygy barada köp gürrüň edilýär. Ýöne diňlemegi başarmaklygyň hem ähmiýeti az däl. Diňlemeklik wagty, ünsi we içki tertip-düzgüni talap edýär. Diňlemek bilen biz gürrüňiň düýp özenine ýetjek bolup, soraglar berýäris. Adamlara özlerini hakykatdan diňleýändiklerini duýmak zerur.

Munuň üçin beýleki adamlaryň deregine netijä gelme endigini basyp ýatyrmak, netijeler babatda howlukmazlyk we söhbetdeşiňiziň özüňizi haýran galdyraryna ýol bermek gerek. Ýönekeý, ýöne pähimli bolan: "Ýoluňda duş gelýän her bir adam saňa bir zat öwredip biler" diýen bir jümle ýadyma düşýär. Mydama öwrenmek we täze bir zady bilmek bilen biz ösýäris. Öz pikiriňizi aýtmak üçin däl-de, bir zat öwrenmek üçin diňläň. Söhbetdeşiňiz sözüni aýdyp bolmazyndan öň öz jogabyňyzy pikiriňizde taýýarlap goýma synagyna ýan bermäň (är-aýal sögüşen wagtynda köplenç şeýle edýärler). Kimdir biriniň ýüregini diňlemek – bu şeýle edeplilikdir. Adamlar özlerini diňlemeýändiklerini duýýarlar. Men köp syýahat edýärin, şonda Hudaý maňa, köplenç uçuş wagtynda, Öz söýgüsini hem maslahatyny paýlaşma mümkinçiligini berýär. Şonuň ýaly gürrüňdeşlikleriň hemmesi diýen ýaly, meniň ýöne bir diňleýänimden başlanýar. Eger siz adamlary diňleseňiz, olar hem sizi diňleýärler. Olaryň

mätäçliklerine, agyrylaryna we pikirlerine aralaşyň. Soň hem, Mukaddes Ruhdan öz üstüňiz bilen gürlemegini haýyş edip soraň.

Başgalaryň sizi ünsli diňlemesiniň öz içiňizde-de bir zady oýandyrýan wagty bolýar. Eger bilýän zadymyzy paýlaşmaga howlukmasak, käwagt hut özümize ýetmezçilik edýän zady hem eşidip bileris.

Süleýmanyň pähimleri kitaby bize: «Gepi köpüň ýazygy bardyr, emma agzyna eýelik edýän adam parasatlydyr. Dogruçylyň dili saýlama kümüşdir, erbetleriň ýüregi hiç zada durýan däldir» (10:19-20) diýýär. Saýlama kümüş ot bilen arassalanýar. Hudaýyň Sözüniň oduna öz söhbetdeşligimizi arassalamaga rugsat etsek, ondaky artykmaç, boş hem ýüzleý zatlaryň hemmesi aýrylýar. Ýakubyň kitaby bizi gürrüňdeşlikde howlukmazlyga çagyrýar. Sözleriň dilimden howlukmaç çykmagyna ýol bermän dilimi saklamagym meni ençeme gezek halas etdi. Men köp diňledigimçe, sözleri ymykly ölçerip döküýärin. Hatda Hudaý bilen gürrüňdeşlikde-de bizi köp sözli bolmazlyga çagyrýarlar. Ol gökde biz bolsa, ýere bagly. Hudaýdan sylaşykly gorkynyň we Oňa bolan hormatyň görnüşleriniň biri-de, haçan gürlemelidigini, haçan diňlemelidigini seljermegi başarmakdyr. Biz gürlemek bilen däl-de, diňlemek bilen öwrenýäris. Bu biziň dileg etme durmuşymyzda ümsümlik – diňlemek – üçin ornuň bolmalydygyny aňladýar. Hudaýyň ýanynda oňaýsyz ümsümlik bolmaýar. Saklanyň-da, diň salyň. Hudaýy we Onuň öz ýoluňyza goýberýän adamlaryny diňläň, şonda siz has güýçli bolarsyňyz.

*Ýa Reb, adamlaryň sözleriniň aňyrsynda nämäniň durandygyny, ýüreklerinde nämäniň bardygyny eşitmegi we Seniň buýruşyň ýaly, olara seslenmegi maňa öwret. Ýüregime – hemişe we hemme ýerde – Seniň sesiňi eşitmegi öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

HUDAÝY WE BAŞGA ADAMLARY HAKYKATDAN EŞIDENIMDE.

2

# IÝMITDE SAKLANYP BILÝÄN ZENAN

*«Maňa hemme zada rugsat berlendir, ýöne hiç zat maňa agalyk etmeli däldir».*

1 KORINTOSLYLAR 6:12

Men gara şokolad bilen kofä oturanymy boýun alýaryn. Käwagt men: "Eger gowy gara şokolady hiç haçan dadyp görmedik bolsam, ony şeýle güýçli iýesim gelermidikä?" diýip pikir edýärin. Kofe näme? Eger ertirlerine, ukudan oýanjak bolup, gyzgyn kofeniň içine bir çemçäni dolduryp, kofeli Breyeriň doňdurmasyny salmadyk bolsam we üstünden dalçyn sepmedik bolsam, onda men şokoladly latte küýsärmidim?

Ýok, küýsemezdim. Men hatda özüme şonuň ýetmezçilik edýänini bilmezdimem. Men bu süýjülikleri höwesem etmezdim. Kofe meniň üçin ajy tagamly gara suwuklyk bolup durka, men ony ýigrenýärdim. Diňe ak ýa-da süýtli şokolady bilýärkäm, ondan aňsatlyk bilen saklanýardym. Aslynda hiç hili göreş ýok. Men şokoladyň bir bölejigini iýme islegimiň ýa-da ertirki gowy ysly kofeni içme däbimde yzygiderli peýda bolýan islegleriň garşysyna göreşmeýärin – men bu lezzeti duýmaga özüme rugsat edýärin. Bu maňa hökümdarlyk edýän hojaýyn däl-de, öz aladamy etmäniň bir görnüşi – kiçijik bir däp. Men gara şokoladsyz bir-iki hepde, ejir çekmän, oňup bilýärin. Ol bolmanda-da gorkunç hiç zadam bolmaýar, ýöne ol bolsa, bu maňa ýakymly bolýar. Kofe barada aýtsam, men ony, dumanly ukudan ýüzüp çykmak

üçin däl-de, basymjak iş ýagdaýyna girmek üçin içýärin.

Eger bu süýjülikden alýan lezzetimiň hakykatdan peýdaly bolan başga bir zady iýme islegimden üstün bolmagyna ýol bersem näme? Eger men (gara şokoladdan gelýän) duýguly lezzet we (kofeden gelýän) oýa bolma ýagdaýy durmuşymdaky beýleki duýgularyň hemmesinden wajyp diýen karara gelsem näme? Belki, şonda gök otlardan edilen işdäaçarlar özüne çekijiligini ýitirerdi, sebäbi olar şokoladyň berýän netijesini bermeýär. Belki, galan iýmitleriň we içgileriň hemmesi içgysgynç hem adaty ýaly bolup görnüp başlardy.

Eger hakyky ýaşaýyşdan gidip, bir-iki hepde diňe şokolad we kofe bilen oňup ýaşama kararyna gelsem näme? Şonda... iň bolmanda başdaky birnäçe günüň dowamynda... bagtly, syratly hem şähdaçyk bolardym. Emma soň deňagramlylyk bozulyp, men öz höwes edýän zatlarymy gürrüňsiz gözegçilik astyna almaly bolardym.

Meniň diýjek bolýan pikirim, öz isleglerimizi we halaýan zatlarymyzy özümiziň emele getirýändigimizi aýtjak bolmakda jemlenen. Iýmit, seks, göwün açmalar ýa-da sosial torlar – islendik endik garaşly bolmaklyga ösüp geçip, bizi hakykaty duýma duýgymyzy ýitirmäge we deňagramlylygy ýitirmäge mejbur edip biler. Ine, näme üçin öz isleglerimiziň ugruna ýykylman, güýçli bolmaly we özümize erk etmeli ekenik. Olaryň öz durmuşymyzda nähili uly ygtyýary aljakdygy diňe bize baglydyr.

*Gökdäki Atam, öz isleglerimiň deňagramlylygyny saklamagy maňa öwret. Isleglerimiň guluna öwrülmezim ýaly, olar menden güýçli bolma howpuny abandyranda, muňa düşünmäge akyldarlyk ber.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN DEŇAGRAMLYLYKDA DURÝARYN WE ÖZ ISLEGLERIME ERK EDIP BILÝÄRIN, OLARYŇ ÖZÜME AGALYK ETMEGINE ÝOL BERMEÝÄRIN.

3

# GAHAR – BU KADALY ZAT

*«Gaharlanyp günä etmäň».*

EFESLILER 4:26

Efesliler 4:26-niň birinji bölüminde ýöne bir «gaharlanyp» diýilýär. Maňa beýle etmek üçin, hatda, jan etmegem gerek däl. Hudaý bize gaharlanmaga rugsat edýär, sebäbi keýpiň bolmazlygy – bu kadaly zat. Gahar hem edil şatlyk, gaýgy, ynam we gorky ýaly tebigy zatdyr. Hatda Hudaýyň Özi-de gaharlanýar, onda-da ýygy-ýygydan. Köne Ähtde Onuň Ysraýyl halkyna we beýleki halklara bolan gahary hakda birnäçe ýüzlerçe gezek agzalyp geçilýär.

Emosiýalarymyzy islenilmeýän zat hasap edýänimiz sebäpli basyp ýatyrsagam, olar barybir ahyrsoňunda – köplenç ýagdaýda ýoýulan görnüşde – çykalga tapýarlar. Munuň tersine, eger emosiýalarymyza doly azatlygy bersek, olaryň yzyndan gutulgysyz ýagdaýda diýen ýaly günä gelýär. Ýöne biziň köpimiz muňa düşünmeýäris. Bu nämäni aňladýar? Zatlary oklaşdyryp, ýakynlarymyza gygyrmagymy? Ýa-da dönüklik üçin edýän öýkämizi gizlemegimi? Ýok, bu zatlaryň hemmesi gaharyň günä etmeklige alyp barýan bozulan görnüşidir. Gahar bilen günäniň arasyndaky çäk inçe bolup, ol käwagt göze-de ilmeýär.

*Amerikan mirasynyň sözlüginde* gahara “güýçli, adatça kanagatlanmazlyk duýgusy bolup, onuň beýan ediliş usuly

görkezilmeýän” zat hökmünde kesgitleme berilýär. Haýsydyr bir waka ýa-da kimdir biriniň haýsydyr bir hereketi babatda ylalaşmazlyk, birden gahar ýa-da içki garşylyk görkezmäni duýmak kadaly zatdyr. Munuň ýaly duýgular her kime-de tanyş bolup, her gün hem ýüze çykyp biler. “Günä etmäň” diýen çagyryşa düşünmeklik welin, birneme içki işi talap edýär. Çagadan hem uly adamdan garaşýan zadyňa garaşmaklyk paýhaslylyk däldir. Özüňe erk etme ukyby ýaşyň geçmegi bilen gelýär. Gynanmak – kadaly zat, ýöne özümiziň gynanýandygymyz üçin başgalary jezalandymak bolmaýar. Mesihiler bolanymyz üçin biz diňe bir özümizi däl-de, eýsem Mesihi-de görkezýäris. Bu bolsa bizi saklanmaga we oýlanmaga borçly edýär: biziň hereketlerimiz başgalarda nähili täsir galdyrýar? Biz özümizde bolup geçýän wakalara täsirimizi ýetirip bilmeýäris, ýöne olara nähili garamalydygy öz elimizde.

*Rebbim, emosiýalaryma Seniň gyzyňa gelşişi ýaly, içki kämillik hem ahlaklylyk bilen erk etmegi maňa öwret. Takwa gahary günäden tapawutlandyrýan inçe çägi maňa görkez. Eger men şol çyzyga juda ýakyn bolsam, onda meni Mukaddes Ruhuň güýji bilen dogry ýola sal.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖZ GAHARYMA ERK EDÝÄRIN.

4

# SÖZLERI ÖLÇERMEGI BAŞARÝAN ZENAN

*«Biziň hemmämiz hem köp günä edýäris. Emma sözünde hata goýbermän, dilini jylawlap bilýän adam kämil bolup, tutuş bedenine gözegçilik edip bilýändir».*

ÝAKUP 3:2

Mundan soň Ýakubyň hatynda, 3:3-4-nji aýatlarda diliňe erk etmegiň wajyplygy şekillendirilýär:

> *«Biz atlaryň tabyn bolmagy üçin, agzyna agyzzyryk dakyp, olaryň tutuş göwresini dolandyrýarys. Ine, gämilere serediň! Olar güýçli hem batly ýeller bilen kowulsa-da, bir kiçijik kürek arkaly sürüjiniň islän tarapyna öwrülýär».*

Aýdýan sözlerimiz bütin durmuşymyzyň ugruny gönükdirip, bizi ýagşylyga ýa-da erbetlige alyp barar, ugrukdyrar ýa-da weýran eder. Soň Ýakup sözleri ullakan oda tutaşyp geçip bilýän kiçijek uçgun bilen deňeşdirýär. Biziň hiç haýsymyz hem, weýrançylygyň sebäpkäri bolmak islemeýäris ahyry. Ýöne başga-da bir tarap bar – Rimlilere hatda sözleriň gutulyş getirip, bizi garaňkylygyň patyşalygyndan ýagtylygyň patyşalygyna alyp barmaga ukyplydygy aýdylýar. Rimliler 10:9-10-da şeýle wada berilýär:

«Şoňa görä-de, eger sen agzyň bilen Isa Mesihiň Rebdigini ykrar etseň, Hudaýyň Ony ölümden direldendigine ýürekden iman etseň, halas bolarsyň. Ýüregiň bilen ynansaň gutularsyň. Çünki çyn ýürekden iman edýän adam aklanar, agzy bilen ykrar edýän halas bolar».

Başymyza bela getirip bilýän zat, bize gutulyş hem getirip bilýär: “Ölümem, ýaşaýşam diliň ygtyýarynda, dili söýýän onuň hasylyndan iýer” (Süleýmanyň pähimleri 18:21). Biz döredýän we Öz sözleri bilen ýaşaýyş berýän Gökdäki Atamyzyň keşbinde ýaradylan. Diýmek, biziň sözlerimizde-de güýç bar, şonuň üçin – ak pata bermek ýa-da näletlemek – saýlaw öz elimizdedir.

Mydama öwrenmek we ösmek üçin bu ajaýyp mümkinçilik diýip pikir edýärin. Goý, dilimizden çykýan zat weýrançylyga ýa-da ölüme alyp barmasyn-da, şypa almaklyga alyp barsyn. Durmuşymyz hökmany ýagdaýda öz sözlerimiziň guran ýolundan gider. Beýle bolsa, geliň, olaryň özümizi öz isleýän ýerine alyp barýandygyna göz ýetireliň.

*Rebbim, meniň dilimi sakla. Goý, ondan uçup çykýan sözler meni, weýrançylyga däl-de, hakykat hem ýagtylyk ýoluna gönükdirýän kompos ýaly bolsun.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI SÖZLERI AKYL ÝETIRIP SAÝLAÝARYN.

5

# HALAS EDIJI ÖKÜNÇ

*«Çünki Hudaýyň islegi boýunça gaýgylanmaklyk gutulyş üçin ökünçsiz tobany emele getirýändir. Dünýäniň gaýgylary bolsa, ölümi emele getirýändir».*

2 KORİNTOSLYLAR 7:10

Ökünç duýgusy biziň her birimize tanyşdyr, ýöne bir zady ýatda saklamak gerek: ol biziň durmuşymyzy kesgitlemeli däldir. Weýran ediji ökünjiň Pawlusyň «dünýäniň gynanjy» diýýän zadyna alyp barmagy mümkin. Bu näme? Bu abraýyňy, puluňy, emlägiňi, gatnaşyklaryňy ýa-da bu dünýä bagly bolan başga zatlaryňy ýitireniň üçin çekýän hasratyňdyr. Şunuň ýaly ýagdaýda biz eden zatlarymyza, başgalarda döreden agyrylarymyza gynanmaýarys-da, ýitiren zatlarymyza gynanýarys. Şonuň ýaly gynanjy duýanyňyzda, siz eden zatlaryňyzy öz güýjüňiz ýa-da diniň güýji bilen düzetmäge çalyşýarsyňyz. Ýöne munuň ýaly usul ýürek isleginiň düýp özenine ýetme mümkinçiligini seýrek berýär.

Hudaý üçin çekilýän gaýgy netijelerden gorkmanyň çäklerinden çykýandyr, ol Hudaý bilen ýa-da başga adamlar bilen gatnaşyklaryňa ýetirilen zyýanda ünsi jemleýär. Munuň ýaly gaýgynyň häsiýeti weýran ediji däl-de, abatlaýjy bolýar. Hudaý üçin gaýgy çekmeklik hemme zady hakyky nura esaslanyp görmäge kömek edýär. Aýdyň mysal – Dawut Zebur 50:3-de şeýle diýýär: «Eý Hudaý, Öz merhemetiňe görä maňa rehim et; mähribanlygyň köplügine görä meniň jenaýatlarymy öçür».

Dawut Hudaýyň üýtgewsiz söýgüsine ýüzlenýär we Oňa garşy günä edendigini boýun alýar. Ol özüni aklamaga ýa-da günäni başga biriniň üstüne ýüklemäge synanyşmaýar-da, günäsini dogry boýun alýar.

Şunda hem güýç bardyr, sebäbi ýalňyşymyzy boýun alanymyzda, ol biziň üstümizden ygtyýaryny ýitirýär. Biziň hemmämize tükeniksiz rehimdarlyk gerek, şonuň üçin tabyn bolanymyzda, Hudaý bizi islendik ýagdaýdan üstün edýär.

Dawut özüniň arassalanyp bilmejekdigini bilýärdi, şonuň üçin Rebbe ýüzlenýär. Diňe bir günäni bagyşlaman, eýsem kalbymyzdan ondan galan islendik kölegäni aýyrmagy ýekeje Hudaý başarýandyr.

Günäniň ýüregi küteldýänine we erki kertýänine düşünýärdi. Dawut özüniň dileginde şeýle diýýär: «Öz halas edişiň şatlygyny Sen maňa gaýtar, yhlasly ruh berip, maňa söýget bol. Şonda Seniň ýollaryňy bitabynlara öwrederin men, günäkärler hem Saňa öwrüler» (Zebur 50:14-15).

Bu setirler şu mezmurdaky meniň gowy görýän setirlerim. Olarda wada ýaňlanýar: öň ökünç hem agyry bolan ýerde şatlyk täzeden döräp, täze ýol başlanyp bilýär. Hudaý biziň içki ýigrenjiligimizi ajaýyp bir zada öwrüp bilýär. Şonda biziň ýykylmamyz başgalara Hudaýyň üýtgewsiz söýgüsini we rehimdarlygyny görkezme mümkinçiligi bolýar. Gökdäki Atamyzyň ökünjiň her bir garaňky künjegini Öz wepalylygynyň we hakykatynyň şöhle saçýan ýagtylygyna öwürmegi üçin doga edýärin. Hudaý şeýdip, biziň halas bolmamyzda şöhratlanýar. Özüňizi günleriň birinde halas eden söýgini hem hakykaty başgalar bilen paýlaşyp, agyryňyzy gözelligiň hem azatlygyň janly şaýatlygyna öwrüň. Bu Hudaý üçin gaýgylanmanyň iň ajaýyp miwesidir.

*Rebbim, goý, meniň gaýgylarym dünýä üçin däl-de, Seniň hatyraňa çekilen gaýgylar bolsun, men ökünç duýanymda, ony toba bilen Seniň ýanyňa alyp gelýärin we Seniň şypaňy kabul edýärin. Biziň bulaşyklarymyzy gözellige öwürýäniň üçin Saňa minnetdar.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖZ ETMIŞLERIMI HUDAÝYŇ ÝANYNA ALYP GELÝÄRIN.

6

# SÖZDE KÖK URAN ZENAN

*«Goý, bu Kanun kitaby seniň diliňden düşmesin. Şondaky ýazylanlaryň hemmesini dykgat bilen ýerine ýetirer ýaly, ony gije-gündiz aňyňda sakla, şonda seniň ähli işleriňde üstünlik we abadanlyk hemraň bolar».*

ÝEŞUWA 1:8

Bizi Mukaddes Kitabyň sözleri ýaly başga hiç zadam şeýle berkitmeýär. Ine, näme üçin olara her gün ýüzlenmek şeýle wajyp eken. Her gün Hudaýyň Sözüni okap, ony durmuşymyzda ulananymyzda, biz öňküligimize galmaýarys. Ýüreklerimiz ýumşap, Atamyzyň işlerine duýgur bolýarys, özümiz hem Onuň ugrukdyrmasy üçin açylýarys. Mukaddes Ýazgyny öwrenmeklik – bu ruhy durmuşymyzyň galan beýleki ulgamlarynyň hemmesini güýçden dolduryan we ruhlandyryan ruhy düzgündir.

Hudaýyň Patyşalygynda siziň Mukaddes Ýazgydan näçe aýady bilýändigiňiz wajyp däl-de, olaryň näçesi boýunça ýaşaýandygyňyz wajypdyr. Hut şonda Söz siziň durmuşyňyzda tene öwrülip, miwe getirýändir.

Şeýlelikde, nämeden başlamaly?

Görnüşler we okuw meýilnamalary gaty kän. Ýöne Mukaddes Kitabyň “başdan-aýak okap çykmak” meýilnamasyny saýlamak bolar, özüňizi gyzyklandyrýan temany öwrenmek ýa-da durmuşy talaplaryňyza jogap berýän aýatlary gözläp bilersiňiz. Iň esasy zat

– Mukaddes Ýazgyny her gün okamak üçin wagt bölüp goýmakdyr. Sowaşyp gitmezligiňiz üçin, özüňize artygyndan köp agram salmaň, ýöne Mukaddes Kitaby her gün açmagy özüňize düzgün ediniň. Tizara bu endige öwrülip, durmuşyňyza ymykly ornaşar.

Gündelik bilen ruçka alyň. Mukaddes Ruhdan Mukaddes Ýazgy arkaly siz bilen gürleşmegini sorap doga ediň. Saýlan aýatlaryňyzyň üstünde oýlanyň, ondan soň indiki ädimi ädiň – özüňize açylan hakykaty nädip ulanmakçydygyňyzy gündeligiňize ýazyň. Şol hakykatlary öz durmuşyňyza ornaşdyrmak üçin näme işleri edersiňiz? Öz ýüregiňize düşen hakykat tohumyny ösdürmek üçin öňüňizdäki 24 sagadyň ýa-da hepdäniň dowamynda näme edersiňiz? Özüňiziň ösýändigiňizi nädip bilersiňiz?

Düzgün hakda gürrüň edenimizde biz köplenç haýsydyr bir ýakymsyz ýa-da jeza beriji bir zat hakda pikir edýäris. Ýöne gürrüň Mukaddes Kitabyň başynda geçirilen wagt hakda gidende, "düzgün" sözi – dogry iýmiti endik etme hökmünde – täze mana eýe bolýar. Ol seni täzeleýär, saňa güýç berýär we asudalykdan dolduryar. Bu mukaddes giňişlik bolup, ol ýerde Hudaýyň size aýtjak bolýan zadyny gözläp bolýar we Onuň sözüni öz durmuşyň her bir ulgamyna akyl ýetirmek bilen salyp bolýar. Bu şypa beriji endige, näçe wagt – bäş minutmy ýa-da ýarym günmi – berip bilseňiz hem, eýýäm şu günden başlaň, şonda siz onuň özüňizi gün geçdigiçe nähili berkidýänini görersiňiz.

*Atam, sözleriň üçin Saňa minnetdar. Olardan her gün ýaşaýyş gözlemek teşneligini mende döret.*

*Men güýçlüdirin,*

HUDAÝYŇ SÖZLERINI ÝÜREGIME EKIP,
OLARY DILEGLER, ALADA HEM ÖSMEKLIGE
BOLAN YMTYLYŞ BILEN SUWARANYMDA.

7

# EKIŞ WE HASYL

*«Adam näme ekse, şony hem orýandyr: Öz höweslerini kanagatlandyrmak isleýän özüni weýran eder. Emma Mukaddes Ruhy kanagatlandyrmak isleýän baky ýaşaýşy alar».*

GALATÝALYLAR 6:7-8

Ekme we hasyl ýygnama kanuny şeýle. Gowy tohum ekseňiz, siz gowy hasyl alýarsyňyz. Mukaddes Ýazgynyň tohumlary ýaşaýyş beriji bol hasyly berýär.

Köp ýyllar mundan ozal men, dogrulyk hasylyny ýygnama umydy bilen, öz ýüregimde Mukaddes Kitap tekstlerini ekip başladym. Meniň iň gowy gören aýatlarymyň biri Ýakubyň hatyndaky şu aýatdy: “Eý, söýgüli doganlarym, muňa üns beriň: her adam eşitmekde çalt, geplemekde assa, gaharlanmakda haýal bolsun” (1:19).

Ýöne ol wagtlar men doly derejede muňa garşydaşydym: gürlemekde çaltdym, diňlemeklige kerräkdim we basym gaharlanýardym. Mende hemme zat tersinedi.

Maňa özüme erk etmäni edinmäge kömek bermegini sorap, men Hudaýa ýüzlendim. Men Dawut ýaly: “Ýa Reb, agzyma garawul goý, dodaklarymyň gapysyny sakla” (Zebur 140:3) – diýip doga etdim.

Bu dilimi ýara salyp biljek nädogry sözleri aýtmakdan saklamagy aňladýar. Nädogry sözleriň dilimizden sypyp çykmagyna ýol bermezlik üçin, Mukaddes Ýazgy gerek pursatynda seslener ýaly, Mukaddes Ruhuň Mukaddes Ýazgyny ýüregimize salýanyny men bildim.

Ylmyň nukdaýnazaryndan, endikden saplanmak üçin ýigrimi bir gün gerek bolýar. Endikler güýçli zat bolýar. Bu hatda oýlanyp hem

durman, biziň awtomatiki usulda edýän hereketimizdir. Gahar meniň şonuň ýaly endigimdi. Onsuz ýigrimi bir gün ýaşamak akla sygmajak zat ýaly bolup görünýärdi – ýigrimi bir ýyl barada hem şonuň ýaly diýip biljekdim. Gahar meniň kalbyma köklerini şeýle çuň goýberipdi.

Beýle bolsa, endikden nädip saplanmaly? Ony nädip edinen bolsaňyz, şonuň ýaly edip hem ondan saplanmaly. Gaharyň bir joşgunyny ýatyrmaly, indiki gezek bäş minut saklanyň, soň bir sagat, soň bir gün saklanyň. Gaharyň günäli ýüplerini men hut şonuň ýaly edip üzmegi başardym. Men düşekden turmazymdan öň: "Hudaýym, maňa Seniň goldawyň gerek. Meniň dilime berk goragy goý. Men Seniň öňüňde-de, başgalaryň öňlerinde-de günä etmek islemeýärin. Maňa gürlemekde haýal, diňlemekde çalt we gaharda erk ediji bolmaga kömek et" – diýip doga edýärdim. Bu Mukaddes Kitap ýatlatmalary meniň dileglerimiň we güýjümiň çeşmesine öwrüldi.

Men munuň aňsat bolandygyny aýtjak bolamok – ýok. Ýöne bir zady anyk aýdyp biljek: Hudaý bilen hemme zadam mümkindir. Eýýäm ýigrimi ýyldan gowrak wagt bäri men gaharyň hökümdarlygyndan azat bolup ýaşap gelýärin. Bu meniň ajaýyp hasylymdyr – Mukaddes Ýazgynyň iki sany kiçijik dänejigini ekip we olara laýyklykda ýaşap alan miwämdir.

Bu gün ýüregiňize näme ekýärsiňiz? Siz nähili hasyl ýygnamak isleýärsiňiz? Sözden tohum gözläň we olary ekiň, şonda Hudaý hem olary ösdürer.

*Hudaýym, maňa öz ýüregimde ösdürmesi gerek bolan Sözi görkez. Seniň Sözüňi ekip, ol boýunça iman bilen ýaşanymda, Seniň hasyl eçiljekdigiňi men bilýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÝÜREGIMDE HUDAÝYŇ SÖZÜNI EKÝÄRIN WE OL BOÝUNÇA ÝAŞAÝARYN.

8

# DYNÇ ALŞYŇ GÜÝJI

*«Hudaý ýedinji gün ähli işini tamamlap, Ol şol gün dynç aldy».*

GELIP ÇYKYŞ 2:2

Dynç alyş güni ýa-da sabat güni barada gürrüň gidende, biziň köpimiz günä duýgusyny duýýarys. Aýal bolanymyz sebäpli, öz egnimizde bizden üns berilmegini talap edýän jogapkärçilik we aladalar ýüküni mydama duýýarys. Bize birgiden kirler we gitdigiçe uzalýan işleriň sanawy garaşýar. Bizde hukugy boýunça bizden ünse we duýgudaşlyga garaşýan maşgalamyz bar. Hatda ýygnaga bütin maşgala bolup bile gitmek üçinem gowuja iş edinmek gerek. Gep biziň dördünji tabşyrygy («Sabat gününi ýerine ýetirip, ony mukaddes sakla» Müsürden çykyş 20:8) ýerine ýetirmek islemeýändigimizde däl. Köp ýagdaýlarda biz özümiziň dynç alyp biljekdigimize ynanmaýarys. Ahyr netijesinde bu ynam meselesidir. Eger biz saklansak, eger biz özümize dynç almaga ýol bersek, onda Hudaý biziň aladamyzy edip bilmez diýip gorkýarys.

Aslynda sabat gününiň manysy öz aladamyzy, saglygymyzyň aladasyny etmekde we ony dikeltmekde jemlenen. Köplenç ýekşenbe meniň üçin dynç alyş güni bolmaýar, şonuň üçin men başgaça usul bilen dynç almagy öwrendim. Hatda Isa-da şägirtlerini gullugyň içinde arakesme etmeklige çagyryp: «Siziň ýeke özüňiz bir çola ýere baryň-da, biraz dem-dynç alyň» (Mark 6:31) diýdi. Eger olar surnugyp işlemegi dowam etdirseler, onda gullukda olardan peýda bolmajakdygyny we olaryň ejir çekjekdiklerini Isa bilýärdi. Ýadaw bolsam dogry karara gelmäge ukyply bolmaýandygymy men ajy

tejribämde göz ýetirdim. Şonuň ýaly ýagdaýda men ylalaşmaly zatdan boýun towlaýaryn we “hawa” diýmeli däl zada “hawa” diýýärin. Şunuň ýaly nädogry kararlaryň netijeleri bilen ýaşalan durmuş meni has beter tapdan düşürýärdi.

Men näme üçin Isanyň maslahatyndan peýdalanyp, ýöne bir dynç almaly dälmişim? Bir güni, ýarym güni ýa-da, iň bolmanda, bir-iki sagady saýlaň (ýekşenbe bolmagy hökman däl) we şol wagty janyňyzy hem teniňizi dikeltmeklige bagyş ediň. Muny ilkinji derejeli zat ediň, hemme zady öňünden meýilleşdiriň, telefony öçüriň, kompýuteri ýapyň we ýakynlaryňyza aragatnaşykda bolmajakdygyňyzy duýduryň. Bu çagalar bilen oýnalýan, dostlar bilen duşuşyga şatlanylýan ýa-da adamyň bilen agşamy bile geçirmäniň wagty bolýar. Restorana gidiň ýa-da öňünden süýjüje bir zat taýýarlaň. Kelläňizde işleriň sanawyny aýlamagy bes ediň. Kir ýuwmagy soňa goýuň. Ofisden alyp gelen kagyzlaryňyzyň hemmesini bir gyrada goýuň. Ol hiç ýere gitmez, olar bilen şu gün meşgullanmaň. Hudaýyň özüňize sowgat beren dynç gününden lezzet alyň. Ony öz ýüregiňizi iýmitlendirmek, arassalamak we berkitmek üçin ulanyň. Şonda Hudaýyň özüňiz üçin taýýarlan işi üçin sizde güýç bolar.

Işde bolanyňyzda – yhlasly hem güýjüňiziň ýeteninden – işläň, dynç almaga goýlan wagtda bolsa, dynç alyň! Hudaýyň dynç almaga çagyryşyny ýüküňizi düşürme we güýjüňizi täzeden dikeltme mümkinçiligi hökmünde kabul ediň.

*Rebbim, men ýanyp gutarmak islemeýärin. Dynç alyş güni hakykatdan meni doldurar ýaly, iş bilen dynç alşyň arasyndaky deňagramlylygy tapmagy maňa öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

HUDAÝDA HEMME ZADYŇ GÖZEGÇILIK ASTYNDADYGYNY BILIP DYNÇ ALANYMDA.

9

# HUDAÝYŇ ZENAN ILÇISI

*«Emma siz özüňizi tümlükden ajaýyp nuruna çagyran Hudaýyň şöhratly işlerini yglan etmäge saýlanan nesil, Patyşanyň ruhanylary, mukaddes millet, Hudaýa degişli halksyňyz. Siz bir wagtlar halk däldiňiz, ýöne şindi Hudaýyň halkysyňyz; rehime gowuşmandyňyz, ýöne şindi gowuşdyňyz».*

1 PETRUS 2:9-10

Olimpiada oýunlarynda ýeňiji bolanlary hormatlaýarlar, olara medallar gowşurýarlar, eginlerine haýsy ýurduň adyndan çykyş eden bolsalar, şol ýurduň baýdagyny ýapýarlar. Eger dabara gyzan wagtynda, altyn medaly gazanan gimnast gyz birden özüniň Kanadanyň adyndan çykmak isleýändigini aýtsa näme bolardy? Oňa rugsat ederdilermi? Elbetde, ýok. Ony Kanadanyň däl-de, ABŞ-nyň wekili edip saýlapdylar ahyry. Ol başga ýurdy däl-de, hut amerikan medeniýetiniň we halkynyň wekili bolmaklyga çagyrylypdy.

Şu ýörelge bizde-de ulanylýar. Biz gökleriň wekilleri hem ilçileridiris. Biz öz durmuşymyz arkaly özümiziň kimdigimizi we haýsy Patyşalygyň wekilleridigimizi gürrüň bermek bilen, bu ýerde ýolumyzda duş gelýän adamlarymyzyň ýüreklerinde yz galdyrmak üçin ýaşaýandyrys. Resul Pawlus bizi “Mesihiň adyndan gelen ilçiler” (2 Korintoslylar 5:20) diýip atlandyrýar, Petrus bolsa, Hudaýyň halkyna “Patyşanyň ruhanylary” diýip at berýär. Bize bir wagtyň özünde Hudaýyň ilçileri we Onuň Patyşalyk ruhanylar maşgalasynyň bir bölegi bolma hormaty peşgeş berlendir. Beýle bolsa, biz näme üçin birden wepalylygy bozup, Atamyza degişli bolmadyk

patyşalygyň ilçileri bolmak islärdik? Petrus sözüni dowam etdirýär:

> «Siz bir wagtlar halk däldiňiz, ýöne şindi Hudaýyň halkysyňyz; rehime gowuşmandyňyz, ýöne şindi gowuşdyňyz. Eý söýgüliler, sizden haýyş edýärin, jana garşy söweş edýän günäli höweslerden gelmişekler, mysapyrlar hökmünde gaça duruň. Bet iş edýänler hökmünde sizi ýamanlan zatlarynda oňat işleriňizi görüp, Rebbiň bize gelen güni Hudaýy şöhratlandyrmalary üçin milletler arasynda oňat edim-gylymly boluň» (1 Petrus 2:10-12).

Birwagtlar biz Hudaýa degişli däldik, emma indi degişlidiris. Birwagtlar biz Hudaýyň hökümi astyndadyk, indi bolsa, Onuň rehiminden lezzet alýarys. Başga sözler bilen aýtsak, öň biz bu dünýäniň kanunlary boýunça, onuň aýyplaýjy hökümi astynda ýaşadyk, emma indi biz oňa degişli däl; biz Hudaýyň Patyşalygyndan. Bu biziň ýer ýüzünde, birwagtlar öz öýümiz bolan ýerde, keseki hem gelmişek bolandygymyzy aňladýar. Ruhanylar hökmünde biz ýer ýüzünde Hudaýyň wekilleri hem ilçileri bolup durýarys.

Bu gün nähili hereket etmelidigini we nähili daramalydygyny saýlanyňyzda, kimiň münberinde duranyňyzy ýatda saklaň. Durmuşyňyz özi barada özi gürlär ýaly edip ýaşaň – goý, adamlar size seredip, Hudaýy şöhratlandyrsynlar we beýik öwgi horunda seslerini batlandyryp, size goşulsynlar.

*Rebbim, men Seniň ilçiň bolanyma buýsanýaryn.*
*Goý, meniň durmuşym we edýän hereketlerim Seniň*
*ýagşylygyňy we merhemetiňi görkezsin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ŞÖHRAT PATYŞALYGYNYŇ
WEKILI – PATYŞANYŇ RUHANYSY, MAŇA
HUDAÝYŇ REHIM TÄJI GEÝDIRILEN.

# Azatlykda güýçli zenan

# GÜNÄDEN HALAS EDILEN ZENAN

*Isa olara şeýle jogap berdi: «Men size hakykatyny aýdýaryn, günä edýän kişi günäniň guludyr. Gul öýde hemişelik galmaz, ýöne Ogul hemişelik galar. Şonuň üçin hem Ogul sizi azat etse, siz, hakykatdan hem, azat bolarsyňyz».*

ÝOHANNA 8:34-36

Ogul bizi azat edende, biz "hakykatdan hem" azat bolýarys. "Hakykatdan" diýmek nämäni aňladýar? Bu gürrüňsiz şuny aňladýar: hakykatdan, şübhesiz, gutarnykly. Siziň azat bolma hukugyňyzy adamlaryň şübhe astyna salmagy mümkin. Geçmişiňiziň, gorka düşüp, sizi yzyňyza ýalňyşlaryňyzyň ýesirligine salmaga synanyşmagy mümkin, ýöne Hudaý üçin siziň durmuşyňyzdaky günäniň we utanjyň soňy geldi. Adamlaryň öňküsi ýaly, size daş oklamaklary mümkin, ýöne Isanyň sözleri siziň durmuşyňyzyň günäden azatdygyny ýatladýar. Isa: «Men hem seni höküm edemok. Bar, gidiber, mundan beýläk günä iş etme» diýdi. (Ýohanna 8:10-11).

Günälerimizi boýun alan badymyza – günäni, utanjy, başgalary aýyplamany we wyždanyň gynamasyny – yzda galdyryp, öňe hereket etmäniň wagty gelýär. Öz garaňkylygymyzdan Onuň nuruna tarap süýşmek bilen biz öňe gitmäge we gaýdyp günä etmezlige güýç alýarys. Eger Hudaý sizi aýyplamaýandygyny aýdýan bolsa, diýmek, siz şol hakykatda ýöremek üçin azatsyňyz. Bu ýerde

duýgularyňa bil baglamak bolmaýar, olar sizi aldar. Biz özümizi takwa adam ýaly duýup bilmeýäris, sebäbi özümizde dogrulyk ýok. Biziň dogrulygymyz öz hereketlerimiziň hem yhlasymyzyň netijesi däl-de, diňe Mesihde eýe bolan sowgadymyzdyr. Bu bolsa bize geçmişdäki ýalňyşlary we şowsuzlyklary goýup, öňe gitmäge mümkinçilik berýär. “Öten zatlary ýatlamaň, köne zatlara üns bermäň” (Işaýa 43:18).

Düýnki şowsuzlyklar indi bu günki günümize täsirini ýetirmeýär. Biz täzeçe ýaşamak üçin azatdyrys, Hudaýyň özümize her gün ertir bilen iberýän rehimi bilen arassalanandyrys.

*Gökdäki Atam, men Seniň rehimiňi kabul edýärin we onuň öz durmuşymyň ähli ulgamlarynda dabaralanmagyna rugsat berýärin. Men bu günä hem özüme bolan ýigrenç gamhanasyny terk edýärin. Men ýerimden galyp, indiden beýläk günä etmez ýaly, öňe ýöreýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÝOKARY KAZY MENI GÜNÄDEN HEM UTANÇDAN AZAT ETDI.

2

# TÄZE ÝÜREK

*«Size täze ýürek bererin, içiňize täze ruh salaryn. Daşdan bolan ýüregi göwräňizden çykaryp, size etden bolan ýürek bererin».*

EZEKIÝEL 36:26

Mesihi bolanymyz üçin biz ýüregimizi açyk hem duýgur edip saklamaga çalyşýarys. Mukaddes Kitap ony «etden bolan ýürek» diýip atlandyrýar. Beýle ýürek söýgüde, duýgudaşlykda we Hudaýyň ugrukdyrmasyna bolan syzgyrlykda ösýän ýürekdir. Gökler bizi öz ýüregimize ýazylan mukaddes söýgi kodeksiniň içinden alyp geçýär. Daş ýüzüne oýulyp ýazylan öli, jansyz kadalar gaty, öli ýürekler üçin niýetlenilendir. Azatlyk kanuny, daşdan bolan däl-de, etden bolan duýgur ýürekler üçindir.

Men şuny duýdurmalydyryn: daşdan bolan ýürek bilen deňeşdireniňde, duýgudaş ýürek hem söýgä, hem agyra duýgur bolýar. Eger öýkä ýol berseň, onda ol ýüregimizi gatadýar. Eger seresap bolmasak, onda ol haýaljakdan tutanýerlilik bilen durmuşymyzdaky Hudaýdan bolan zatlaryň hemmesini gysyp çykarýar. Agyrlyk we içki taýdan boşluk duýgusy şonuň ýaly ýagdaýyň bardygyny görkezip bilýändir. Agyr ýürek bilen bagyşlamak gitdigiçe kynlaşýar, ajy öýkeler we kineler ýüregi boşadýar.

Gowy täzelik, ine, şunda jemlenendir: Hudaýyň Sözüniň hakykaty, hatda iň gaty ýüregi-de azatlyga çykaryp bilýär. Hatda mesihiligi kabul edenimden soň hem, ýüregimde ýigrenç tapan wagtlarym boldy. Men ondan saplanma kararyna akyl ýetirmek bilen

geldim. Siziň ýüregiňiz goraga mätäç, oňa çözülmedik öýkelerden, gahardan, ýigrençden, göripçilikden we sizi aňsatlyk bilen ýoldan çykaryp bilýän beýleki günälerden azat etmek gerek. Ony gorama usullarynyň biri-de, ýüregiňi mydama hakykata açmakdyr. Bu tagallany, tabynlygy we dogruçyllygy talap edýär. Ýöne ýüregiňiz üçin göreşeniňize degýändir.

Hatda häzirem içki göreş aklyňyzy üýtgedip bilýändir. Bir ses göwnüňize degenleri ýatladyp, olary bagyşlamagyňyzy we goýbermegiňizi ýalbaryp soraýar. Beýleki ses bolsa: “Seniň öýkäň dogry, olary ýigrenmäge hakyň bardyr” diýip nygtaýar. Birinji sese gulak asyň. Gatan ýüregiň sizi gorajakdygyna ynanmaň... Bu beýle däl.

*Atam, ýüregimdäki gatylyklaryň hemmesini boýun alýaryn. Gatylyk örtüklerini Öz Sözüň daşy bilen döw hem-de mende etden bolan diri ýürek ýarat.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÝÜREGIMI HUDAÝYŇ SESI ÜÇIN DUÝGURLYGYNA WE AÇYKLYGYNA SAKLAÝARYN.

3

# GÜNÄNI BOÝUN ALMAGYŇ GÜÝJI

*«Şypa tapar ýaly, günäleriňizi biri-biriňiziň ýanyňyzda boýun alyp, biri-biriňiz üçin doga ediň. Dogry adamyň yhlasly dogasy güýçli we täsirlidir».*

ÝAKUP 5:16

Günäňi boýun almaklyk – iň kyn ruhy düzgünleriň biridir. Ýöne ol näme sebäpden beýle wajypka? Atamyzyň öňünde günälerimizi boýun alanymyzda, bagyşlanma alýandygymyzy biz bilýäris. Ýöne Ýakubyň haky ondan-da aňyrrak gidýär-de, şypa almagymyz üçin käwagt biri-birimiziň öňümizde günälerimizi boýun almalydygymyzy we bile doga-dileg etmelidigimizi aýdýar. Munuň hakykatdygyna men ynanýaryn. Ine, onuň üç sebäbi:

Birinjiden, Patyşalyk tebigy kanunlaryň üstünde gurulmaýar. Isanyň fariseýlere bir aýala betnebislik bilen sereden adamyň öz ýüreginde şol aýal bilen zyna edýänini aýdanyny ýada salyň. Ýürekdäki gurçukly ýerleriň Patyşalykda aýratyn ähmiýeti bar. Ýürek – bu ýa gowy, ýa-da weýran ediji tohum düşüp biljek toprakdyr. Fariseýleriň mysaly, günäli hereket edilmedik bolsa-da, ýüregiň eýýäm günä üçin ýylmanan bolup bilýändigini görkezýär.

Ikinjiden, tabyn bolup, günälerimizi boýun alanymyzda we Mesihdäki doganlarymyz bilen bile doga-dileg edenimizde, şypa almanyň ýoluny açýarys. Kabul etjek, düşünjek we ýazgarmajak adamlaryň arasynda günämiziň üstüni açanymyzda, şypanyň ýüreklerimiziň

iň garaňky künjeklerine baryp ýetmegine mümkinçilik berýäris. Günäňi boýun almaklyk günä bilen utanjyň ýaşaýan ýerlerine, ýüregiň ähli burçlaryna, nur getirýändir. Nuruň şol öwşün atmasynda hem dilegler şypa alyş we dikeldiş prosesini herekete getirýär.

Üçünji sebäp günäňi boýun almanyň özi bilen jogapkärçilik alyp gelýändigindedir. Hudaýyň Sözünde: "Dostuň salýan ýaralary hoş niýetlidir" (Süleýmanyň pähimleri 27:6) diýilýär. Ýüregimi günämi boýun almak üçin açanymda men duýgudaşlyk islemeýärin, gaýtam, şonda hatda ýaralaýan bolsa-da, maňa hakykaty aýdýan adam gerek. Bile doga-dileg edenimizden soň men egnimden agyr ýük aýrylan ýaly bolýanyny duýýaryn.

Ýöne endikler meselesi galýar. Isa: "Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp, yzyma düşsün" (Matta 16:24) – diýdi. Günäňi boýun almaklyk – özüň Hudaýa doly baglydygyňy boýun alyp, "öz haçyňy almanyň" bir usulydyr. Bu özüňi özbaşdak düzetmäge ýa-da günäleriň zaýa baglaryny ýekelikde üzmäge synanyşmakdan el çekmekdir. Günäňi boýun almak – bu öz güýjümiz bilen düzelmejekdigimizi boýun almak işidir. Ýöne Rebbiň kömegi we ruhy maşgalamyzyň goldawy bilen biz şypa alyp başlaýarys.

*Atam, maňa günämi boýun almak arkaly gelýän şypa almany görkez. Meni gerek adamlaryň ýanyna alyp bar we şol haçy alyp bilerim ýaly, maňa dogruçyllyk, batyrlyk we açyklyk ber. Men Seniň yzyňa düşmek isleýärin we şol ýoly ýekelikde geçip bilmejekdigimi boýun alýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZ HAÇYMY ALYP, ÖZÜMIŇ JOGAPKÄRÇILIGIMI KABUL EDENIMDE.

4

# GÜNÄDEN AZAT EDILEN

*«Bu merhemet bize, hudaýsyzlygy, dünýewi höwesleri ret edip, mübärek umydymyz bolan beýik Hudaý we Halasgärimiz Mesih Isanyň şöhrat içinde gelmegine garaşyp, häzirki dünýäde sagdyn düşünjeli, dogry we Hudaýyň ýoluna mynasyp ýaşamagymyzy öwredýär. Mesih hemme ýazykdan gutulyp, Özüne degişli, ýagşylyk etmäge yhlasly halk bolmagymyz üçin, bizi tämizlejek bolup, Özüni biziň ugrumyzda pida etdi».*

TITUS 2:12-14

Bu, dogrudanam, gowy habar! Günä indi biziň üstümizden hökümdarlyk sürüp bilmeýär. Geçmişimizde oňa näçe gezek «hawa» diýenimiziň tapawudy ýok, emma geljegimizde welin, oňa orun ýokdur. Günä bizi synaga salanda ýa-da öz toruna düşürmäge synanyşanda, ondan ýüz öwrüp, oňa «ýok» diýmäge doly hukugymyz bardyr. Isa ony biziň üstümizden hökümdarlyk sürmekden mahrum etdi we Hudaýyň merhemeti bilen ýaşamaga bize güýç berýär. Biz bagyşlandyk – ölümden ýaşaýşa – täzeden doguldyk. Hudaýyň söýgüli gyzlary, janyňyzyň duşmany siziň muny bilmegiňizi islemeýär. Ol siziň günä içinde galmagyňyzy isleýär we sizi ýene günä çekmäge umyt baglaýar. Ol siziň günäniň üstünden ygtyýaryňyzyň bardygyny bilmegiňizi islemeýär, ýöne bu şeýledir. Dogry, öz güýjümiz bilen biz oňa hötde gelip bilmeýäris, ýöne biz bu söweşde ýeke däldiris. Biz Mesihdediris, ýaragymyzam kuwwatlydyr!

*Isa, günäniň häkimligini çym-pytrak edeniň üçin Saňa minnetdar. Men duşmanyň ýalanyny inkär edýärin we ondan Sen tarapa öwrülýärin. Söweşde ýeňiş gazanarym ýaly, Sen Öz ölümiň arkaly maňa ýarag berdiň.*

Men güýçlüdirin,

SEBÄBI ISA MAŇA GÜNÄNIŇ ÜSTÜNDEN YGTYÝAR BERDI.

5

# JUDA AGYRYLY BOLANDA

*«Ol Öz halkynyň gözleriniň her bir gozýaşyny süpürer. Indi ne ölüm, ne-de ýas, ne agy, ne-de agyry bolar. Çünki öňki zatlar geçip gitdi».*

AÝANLYK 21:4

Men size agyryňyzdan saplanmaklyga tarap ýene bir ädimi ätmäge kömek etmek isleýärin. Siziň: "Aslynda agyrydan nädip saplanyp bolýar?" – diýip sorag bermegiňiz mümkin. Siziň agyryňyza meniň düşünmeýändigimi, nämeleri başdan geçireniňizi, kalbyňyzda nähili çuň ýaranyň galanyny göz öňüne getirip bilmeýänimi maňa aýdyň. Şonda siz mamla bolarsyňyz. Men hakykatdan hem bilmeýärin. Ýöne bilýän Biri bar. Adamlar biri-birlerine dürli usulda ýara salýarlar – hemmesini sanap çykyp bolmaýar. Siziň biriňiz ynanan adamyňyz tarapyndan zorluk ýa-da zalymlyk görensiňiz. Kimdir birine nätanyş biri zorluk edendir. Käbirlerine mydama ýanynda bolmaga söz beren adamy dönüklik edendir, başga birlerini bolsa söýen adamy kemsidendir we äsgermezçilik edendir. Kimdir biri çagasyny – pajygaly ýagdaýda we biderek ýere ýitirendir. Birwagtlar özlerinden ene-atasynyň ýüz öwrendikleri sebäpli, käbirleriniň göwnüne özleri şu wagta çenli-de ýeterlik derejede gowy däl ýaly bolup görünýändir. Köpler derisiniň reňki ýa-da maýyplygy sebäpli üstünden gülmelere duçar bolandyr. Gynansak-da, köpimiz dostumyz sebäpli dönüklige duçar bolandyrys.

Bu agyr ýagdaýlaryň islendigi we bu ýerde agzalyp geçilmedik köp zatlar, çuň ýaralary galdyrmaga ýeterlik bolan derejede agyrylydyr. Hut aýratyn ejiz bolan pursatymyzda şeýtan ýaraly kalbymyza ajy sözleri we ar almak baradaky pikirleri salýar. Ol bizi gaýta-gaýta başdan geçiren zatlarymyza gaýdyp barmaklyga we agyrydan dolmaga, kalbymyzda agyryny ulaldyp, ony hiç haçan goýbermezlige itekleýär. Eger agyryny goýbermesek, onda onuň bizi täze ýaralardan gorajakdygyny aýdyp ýalan sözleýär. Ýöne bu ýalan.

Agyrymyzy Isa – bize hakykatdan düşünýän ýeke-täk Birine – berenimizde, şypa alma gelýär. Işaýa pygamberiň kitabynda Isa barada:

> “...biziň ýazyklarymyz üçin ýaralandy, biziň etmişlerimiz üçin ezýet çekdi; rahatlygymyz üçin jeza Onuň başyna geldi, Onuň ýaralary bilen biz şypa tapdyk” (Işaýa 53:5) – diýilýär.

Agyrymyza ýapyşyp oturmak bilen biz olary has-da beterleşdirýäris. Gözleriňizi ýumup, agyrylaryňyzyň hemmesini Isa berýändigiňizi göz öňüne getirmäge synanyşyň. Ol sizde bolup geçen zadyň agramyny peseltmeýär. Agyryňyzy goýberiň, Isanyň ony almagyna we size azatlyk bermegine ýol beriň.

*Isa, Seniň öz Şypagärimdigiňe ynanýaryn, şonuň üçin agyrymyň her bir dänejigini Saňa ynanyp bilýärin. Men her bir ýükden ýüz öwürýärin, çünki men onuň üçin ýaradylmadym. Men öz ýaralarymy Seniň aladaňa ynanýaryn. Öz şöhratyň üçin meniň agyrymy köşeşdir.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖZ AGYRYMY ŞYPAGÄRIME BERÝÄRIN.

6

# AZATLYKDAKY ZENAN

*«Şeýlelikde, Mesihiň bize beren azatlygynda berk duruň, gulçulyk boýuntyrygyny gaýtadan saldyrmaň».*

GALATÝALYLAR 5:1

Azatlygy alan wagtymyzda, käwagt özümiziň hakykatdan hemişelik azatdygymyza ynanmak kyn bolýar. Bizi ýene gulçulygyň gandallaryna gaýtaryp alyp barmak, egnimize özümizi birwagtlar ýesirlikde saklan masgaraçylygyň we günäniň agyr ýüküni ýüklemek üçin medeniýetimiz we din elinden gelen zatlaryň hemmesini edýär. Azatlyk şobada-da gelip bilýär, wagtyň geçmegi bilenem gelip bilýär. Durmuşymyzy Isa berenimizde, Ol bizi azatlyga çykarýar, biziň bolsa şol azatlygy talap etmäge hukugymyz bardyr. Wagtyň geçmegi bilen bolsa, biz geçmişde göterip gezen günä ýükümize garşy «berk durmak» bilen azatlykda ýaşamagy öwrenýäris, ýöne öz güýjüňiz bilen kämillige ýetjek bolma synagyna garşy duruň.

Şeýlelikde, öz azatlygyňyzda berk duruň! Özüňize ýeňleniň nyşanyny dakmaga, sizi depressiýa batgalygyna çekmäge we günäli ýaşaýyş ýörelgesine gaýtaryp alyp barmaga synanyşýan günä we utanja ýan bermäň. Siziň hereketleriň weýran edijilikli modellerine «ýok» diýme hukugyňyzy şübhe astyna salýan geçmişdäki utanjyň her bir kölegesine garşy çykyň. Belki, ozal günä hem utanç duýgusy size «ýok» diýmäge päsgel berendir, ýöne siz geçmişden azat bolduňyz, geljegiňizem ýagty hem azat!

Mesihiň bize berýän azatlygynyň we ajaýyp umydynyň

arkasyndan bizde Rebbimiziň we Halasgärimiziň gaýdyp geljeginden gorkmaga sebäp ýok – Ol bizi bozuklykdan saplady we Özüniňkiler diýip atlandyrdy. Öňler biz erbetlik etmek isleýärdik, indi bolsa, yhlas bilen ýagşylyk etmek isleýäris! Gökden hakykatdan dogulmaklyk bizi we tebigy isleglerimizi özgerdýär. Ol bizi bagyşlaýar, soň hem: «Bar, gaýdyp günä etme» diýen sözler bilen tebigatymyzy üýtgedýär. Bu bagyşlama almak üçin şert däl – bagyşlama eýýäm sowgat berildi. Bu ynanma alamatydyr we gowy zatlaryň hemmesiniň entek öňdedigine bolan ynamdyr.

Isanyň sözlerini başga sözler bilen hem aýdyp bolar: "Men seni höküm etmeýärin. Men seni bagyşlaýaryn we günäniň höküminden azat edýärin. Indi, bar, gaýdyp günä etme. Sen azat!" (Ýohanna 8:11). Hudaýyň merhemeti bolmadyk bolsa biz hiç haçan özümize edilen rehime mynasyp bolup bilmezdik, hiç haçan takwalykda gezip, günä we dünýewi höweslere "ýok" diýip bilmezdik. Indi günä biziň durmuşymyza hökümdarlyk edip bilmeýär, sebäbi Mesih bize azatlyk berdi.

*Rebbim, maňa bagyşlama bilen halas bolmany sowgat edeniň üçin Saňa minnetdar. Maňa bu azatlykda ýaşamagy öwret – meni gulçulygyň gandallaryna gaýtaryp eltip biljek zatlaryň hemmesinden ýüz öwürmäge maňa kömek et.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MESIH MENI AZAT ETDI, ŞOL AZATLYGYŇ SUBUTNAMASY DURMUŞYMDA GÜN-GÜNDEN ARTÝAR.

7

# AZAT ZENAN

*«Şeýlelikde, eý doganlarym, biz gyrnagyň çagalary däl-de, azat aýalyň çagalarydyrys».*

GALATÝALYLAR 4:31

Men kiçijikkäm kakam meniň bilen az gürleşýärdi – diňe öz göwnüme degdirmänim üçin öwäýmese. Ol meni mylaýymlyk bilen «gyz gaplaň» we «kiçijik jenjelçi» diýip atlandyrýardy. Köýnekler ýa-da gyzjagazlaryň gowuja zatlary bu keşplere gelişmeýärdi. Men näzijek ýa-da gowuja gyzjagaz bolmazlyk pikirinden doludym.

Uly synp okuwçysy bolanymda, men bir kino gördüm. Ondaky gahryman gyz meniň özümi degişli eden keşbimi görkezýärdi. Ol Bondyň gyzlarynyň biridi. Ol bezegli köýnekleri geýmeýärdi, bantik dakmaýardy, onuň durmuşy durşuna gyzykly başdan geçirmelerden doludy. Darajyk şorty geýen gödek owadan gyzyň keşbi maňa ýarady. Ol sapançany gaty gowy ulanyp bilýärdi we erkeklerden hiç zatda galmaýardy. Ol gyzlar hiç kimi öňlerine geçirmeýärdiler we özlerine zat diýdirmeýärdiler. Olara goragçy gerek däldi, özlerini özleri gorap bilýärdiler.

Ýöne Bondyň gyzlarynyň güni aňsat däldi. Eger ýadymdan çykmadyk bolsa, 007 agent baradaky filmiň her birinde şol gyzlaryň, iň bolmanda, biri ölýärdi. Soňunda Jeýms diri galan gyz bilen ýatýar, ýöne şondan soň olary hiç haçan bile görmeýärler. Jeýms täze başdan geçirmede peýda bolýar, gyz oňa gerek däl bolup galýar, şeýdip, onuň ýerini indiki owadan gyz eýeleýär. Gyzlaryň gadry bilinmeýän ulgamda olar edil ulanylan material ýaly bolup galýarlar.

Men düşünýärin, başda göreniňde aýgytly, seksual we özüne ynamly bolan aýal batyr görnüp biler, emma bu beýle däl. Bondyň gyzlarynyň hemmesi, aýratynam, ýagdaýlar erk etmäniň çäklerinden çykyp başlanda, nämedir bir zatdan gorkýarlar. (Siz nähili pikir edýärsiňiz, olara ýarag nämä gerek?) Olaryň köpüsi çagalykda kakalaryndan özleriniň gaty mätäç bolan söýgüsini almaýarlar, şonuň üçin diňe özlerine bil baglama kararyna gelýärler. Käbirlerini-de, tersine, söýýärler we goraýarlar, ýöne olar, aýal Hudaýdan kömege garaşyp oturman, öz-özüni gorap bilmeli diýen jemgyýetçilik pikirlerine ynanýarlar. Ýöne ahyr netijesinde Bondyň gyzlarynyň hemmesem gerekmejek zat hökmünde taşlanylýar. Seksual taýdan özüňe çekiji bolmaklyk seniň azatdygyňy aňlatmaýar.

Öz medeniýetimiziň çäklerinde biz özümizi, azat aýala däl-de, ýesir gyza degişli edýäris. Ýöne bize iki sany soňky derejäniň – erksiz, sähelçe zada özünden gidýän we azdyryjy gaharjaň aýalyň –arasynda saýlaw etmek hökman däl. Hudaý Öz gyzlarynyň her birine üýtgeşik zehin we ajaýyp mümkinçilikleri berdi. Siziň haýsydyr bir ynsan şablonlary bilen çäklendirilendigiňiz baradaky ýalana ynanmaň. Biz ahyr netijesinde tamaňy ödemejek zatlara bil baglamaga mejbur bolýan gyrnaklar däl-de, şa gyzlarydyrys. Şoňa görä-de, Onuň çagalary hökmünde, öz gaýtalanmazlygymyzda özümiziň şertsiz söýülýändigimizi bilip, şu bolşumyz ýaly bolmakda azatdyrys.

*Atam, Sen meni nähili ýaradan bolsaň, özümi şonuň ýaly hem kabul edýärin. Eger men özümi kiçeltsem, onda aslynda özümiň kimdigimi maňa ýatlat.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ÖZ NÄZIKLIGIM BARADAKY TOSLAMA KEŞPLERE ÝAPYŞMAÝARYN. MEN – DIRI HUDAÝYŇ GYZY.

8

# TÄZELENEN ZENAN

*«Şoňa görä-de, kim Mesihe degişli bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi geçip gitdi, indi täzesi geldi».*

2 KOINTOSLYLAR 5:17

Mesih biziň Halasgärimiz hem Rebbimiz bolanda, etmişlerimiz üçin jezalar, gündogaryň günbatardan uzakda bolşy ýaly, bizden uzakda bolýar (Zebur 102:12). Indi günäniň bize ygtyýary ýok we onda biziň ruhumyzy gulçulykda saklamaga esas ýok. Biz azat. Şeýle-de bolsa, azatlyk bilen bagyşlama günäniň tebigy netijelerini ýatyrmaýar. Eger men günä edip, türme möhletini alsam, soň hem halas bolmany kabul etsem, ruhum azatlyk alýar, emma bedenim barybir türmede bolýar. Bu meniň bagyşlanmandygymy aňlatmaýar. Bu içinde duran hakykatymda ýaşamak üçin Onuň akyldarlygyny gözleýändigimi aňladýar.

Şonda: «Umuman bu hakykat nähili işleýär?» diýen soragyň peýda bolmagy mümkin. Men bagyşlanyp, täze ýaradylyş boldum. Köne zatlar geçdi, indi hemme zat täze. Bu hakykat kem-kemden bizde berkeýär. Biz bagyşlandyk, boýun alan badymyza, günälerimizden hem arassalandyk. Biz Mesihiň hemme zady içine alýan rehimini duýup, ruhy taýdan täzelenýäris. Ýöne bu öňki saýlawymyň maňa indi asla täsirini ýetirmeýändigini aňlatmaýar. Men indi günäkär däl, şonuň üçin ebedi höküme duçar edilmedim, ýöne geçmişiň ýaňlary gutulgysyz ýagdaýda ýaňlanmagy dowam etdirer.

Aýdaly, özümiň göçgünli hem perwaýsyz ýaşlyk döwrümde men

göwreli bolýaryn, şonda näme? Bu, elbetde, çynlakaý signal bolardy. Eger men göwreli bolanymdan soň Mesihe gelen bolsam näme? Çagany aýyrdardymmy? Elbetde, ýok! Çaganyň barlygy, şeýle hem, ýaşap ýörmegi hiç hili ýagdaýda meniň bagyşlanmamy ýatyrmazdy. Çaga – bu günä däl-de, meniň eden saýlawymyň netijesi. Göwrelilik nika ähtinden daşda bolan bolsa-da, çaga söýülýär we sowgat hökmünde kabul edilýär.

Hudaý biziň ýalňyşlyklarymyzy, şowsuzlyklarymyzy we günälerimizi bagyşlamagyň üstünde işleýär. Gudratlar mydama biziň pikir edişimiz ýaly bolup görünmeýär, sebäbi döwük bölejiklerdenem ajaýyp bir zat ýasap bolýar. Hudaý üçin mümkin bolmajak zat ýokdur, şonuň üçin paralanan ýürek hut Onuň esasy aladasy bolup durýar. Ol gatan daş ýüregi alyp, ony etden bolan janly duýgur ýürege çalyşýar. Şonuň üçin Ol biziň täze ýaradylyş bolandygymyzy aýdanda, biz Oňa ynanyp bileris.

*Rebbim, ebedi bagyşlama bilen günäniň tebigy netijeleriniň arasyndaky tapawudy maňa açyp görkez. Ähmiýetli zatlaryň hemmesinde meni bitewi etjekdigiňe men ynanýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZ KARARLARYMYŇ ÄHLI NETIJELERINE
ŞYPA BERMEGI HUDAÝA YNANANYMDA.

9

# ONUŇKY BOLMAK ÜÇIN AZAT EDILEN

*«Kengan ýurduny size bermek üçin, siziň Hudaýyňyz bolmak üçin, sizi Müsürden alyp çykan Hudaýyňyz Reb – Mendirin».*

LEWILER 25:38

Biziň köpimiz: «Eger sen şu gün agşam ölen bolsaň, nirä giderdiň, şony bilýärsiňmi?» diýen soragyň üstünde pikirlenip gördükmi? Bu soragyň maksady: «Mende jennete düşme mümkinçiligi barmy?» - diýip pikirlenmäge meýillendirýär. Eger adam onuň jogabyny bilmese, onda Hudaýa doga etmek we özüniň ebedi takdyryny bilmek mümkinçiligi bar. Ýöne bakyýet – bu diňe bir ölümden soňky barylmaly ýer däl-de, eýsem, bu ýerdäki we häzirki ýaşaýyş ýörelgesi hem bolup durýar. Bu barada aşaky aýatda gürrüň berilýär. Onda Hudaýyň gizlin islegi we Ysraýyly Müsürden azat etmeginiň maksady açylýar: “Müsürlilere näme edendigimi siz gördüňiz, bürgüdiň öz çagasyny ganatynda göterip alyp gelşi ýaly, Men hem sizi ýanyma şeýdip alyp geldim» (Müsürden çykyş 19:4).

Meni bu aýadyň gözelligi we güýji haýran edýär. Gökleriň Kuwwatly Patyşasy, dört ýüz ýyllyk gulçulykdan soň, Öz çagalaryny gahrymanlarça halas etmek üçin gökden ýere inýär. Ol olary halas edende, Müsüri – şol döwrüň iň kuwwatly döwletini – çym-pytrak edýär-de, ony harabaçylyga öwürýär. Düýnki gullar bolan ysraýyllar müsürlileriň altyn hem kümüşlerini alýarlar. Bu Hudaýyň diňe Ysraýyl babatdaky islegi däldi – bu Onuň siz babatdaky hem islegidir.

Biziň yhlasly hem mukaddes Hudaýymyz size tarap okdurylýar! Ol size seredýär we gözleriňizi Özüne tarap öwreriňize garaşýar. Ol Özüniň Mukaddes Ýazgynyň köp ýerlerinde galdyran söýgi hatlaryny okamagyňyza teşne, siz Öz çagyryşyna seslenersiňiz diýip, Ol umyt edýär. Ol sizi dünýäniň garaňkylygyna gark bolan dünýäniň ýesirliginden azat edip, Öz nurundan doly durmuşa alyp geçýär. Ol sizi bolgusyz oýnaşlaryň gujagyndan çekip alyp çykyp, Özüniň ebedi söýgüsi bilen gurşamak isleýär. Özüniň sahy rehimdarlygyny görkezmek üçin sizi bu dünýäniň gazaply gözegçisinden we agyr gandallaryndan azat etmek isleýär.

Wada Bereniň serhedi bilmeýşi ýaly, gutulyş hiç haçan wada berlen ýurt bilen çäklenmedi. Ahyr netijesindäki Onuň maksady – bizi Öz ýanyna alyp barmakdyr. Köne Ähtiň wadalary diňe geljek zatlaryň öňünden berlen habary bolupdy. Hudaý üçin gutulyş – bu Öz çagalaryny Öz ýanyna dolandyrmagyň ýoludyr. Söýgüliler, halas etme – bu ýöne bir ýangyndan ýa-da ölümden goramadan has uly zatdyr!

Bu dünýäniň zalymlygyndan alnyp gidilmegi we Hudaýyň dagyna çykarylmagy kim arzuw etmeýär? Galyberse-de, bu dünýä – biziň öýümiz däl, şonuň üçin munuň ýaly ymtylyşy arzuwlamak tebigy zatdyr. Biziň hemmämiz gulçulykdan we hökümden halas bolmany goldamalydyrys, ýöne halas bolma munuň bilen gutarmaýar. Geliň, Hudaýa degişli bolma mümkinçiliginden peýdalanalyň.

*Atam, Seniňki bolmagyma hiç zadyň päsgel bermezligi üçin meni azat edeniň üçin Saňa minnetdar. Men wadany ýerine ýetirmegi we Seni tanamagy saýlaýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI ONUŇKY BOLMAK ÜÇIN HALAS EDILDIM.

# Mukaddeslikde güýçli zenan

I

# BU DÜNÝÄDEN DÄL

*«Dünýäden bolan bolsadyňyz, dünýä sizi özüniňkiler kimin söýerdi. Emma siz bu düýnä degişli dälsiňiz. Men sizi bu dünýäden saýlap aldym. Ine, şonuň üçin hem dünýä sizi ýigrenýär».*

ÝOHANNA 15:19

Isa biziň bu dünýä degişli däldigimizi anyk düşündirýär. Bu hakykat biziň hereketlerimize täsirini nädip ýetirmeli? Dünýä – has takygy, içinde ýaşaýan medeniýetimiz – bizi öz ülňilerine dogry getirmäge dyrjaşýar. Ýöne dünýäniň gymmatlyklary indiden beýläk bize eýeçilik edip bilmeýär – biz adamlar hem Hudaý bilen gatnaşyklarda bolýarys. Biz başga gymmatlyklary edinmeklige çagyrylandyrys: dünýä ýigrençden dolup dursa-da, biz söýmelidiris, ol zalym bolsa-da, biz gowy bolmalydyrys. Bu zatlar biziň ahlak kompasymyza-da degişlidir. Efeslilere hat biziň salgymlar ulgamymyzy kesgitleýär: «Zynanyň, her hili hapalygyň ýa-da açgözlügiň araňyzda ady-da agzalmasyn. Beýle zatlar mukaddeslere ýaraşýan däldir» (5:3).

Bu aýatda hemme zat aňry ýany bilen düşnükli. Näme üçin beýle berk tutulýarka? Sebäp, hatda kiçijik kakdyrylyp aýdylýan sözüň hem, manyny ýoýup, başgalary nädogry ýola alyp baryp biljegindedir diýip pikir edýärin. Biz Hudaýa degişlidiris, şonuň üçin aýdýan we edýän zatlarymyzyň hemmesinde Ony hormatlaýarys. Bu sözlerimiziňem, edýän zatlarymyzyňam Onuň öz durmuşymyza täsir ýetirýänini görkezmelidigini aňladýar. Mesihde biz ýöne bir bagyşlanylmadyk – biz mukaddeslerdiris. Biz ozal garaňkylyk bolan ýerde indi ýagty saçýarys.

Mundan soň Efeslilere hatda: «Şeýle hem araňyzda biedeplik, ýaňralyk, biderek degişme-de bolmasyn. Bular size ýaraşmaýar. Muňa derek Hudaýa şükür ediň» (5:4). Resul Pawlus bu sanawyň üstüne ýoldan çykarýan, gelşiksiz hereketleri, akmaklygy we gödek sözlüligi hem goşýar. Bu zatlaryň hemmesi päk ahlaklylykdan daşda bolup, hakykaty gözleýänlere diňe päsgel berýär.

Gürrüňlerimizi gelşiksiz sözlerden doldurmagyň deregine, ony minnetdarlykdan doldurmalydyrys. Şeýle etmek bilen biz merhemeti hem rehimi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirme islegini özümizde saklaýarys. Käbirlerimizde dilewarlygyň oýanmagy üçin diňe şunuň özi ýeterlikdir. Gödek sözlemegiň, iňirdemegiň we arz etmegiň deregine, biz ak pata we ýaşaýyş beriji sözleri aýtmak bilen Atamyza öýkünip bileris. Boş sözleriň kimden çykýandygyna garamazdan, olaryň aldawyna düşmeli däldigimizi bize duýdurýarlar. Boş sözler hüşgärligiňi peseldýär we özüňi köşeşdirmäni döredýär. “Hemme zat gowy bolar… Bu wajyp däl… Hemmelerem şeýle edýärler…”. Sözler boş boluşlary ýaly, manydan doly bolup hem biler. Ýaşaýyş sözleri bizi ýagşylyga çagyrýar. Olar bize özümiziň hemmeler ýaly däldigimizi – Gudratygüýçli Hudaýyň gyzlarydygymyzy – ýatladýar. Biz bu dünýäde ýaşaýarys, ýöne bu dünýäden däldiris (Ýohanna 17:15-16).

*Hudaýym, bu dünýäniň ýaşaýşy bilen Seniň Öz işleriňi ýerine ýetirişiň arasyndaky tapawudy maňa aýan et. Men – özümiň arassa, goşundysyz, Saňa ýat bolan zatlaryň kölegesi hem bolmadyk – sözlerim we hereketlerim bilen Seni şöhratlandyrmak isleýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI DÜNÝÄNIŇ DÄL-DE, HUDAÝYŇ ÖLÇEGLERI BOÝUNÇA ÝAŞAÝARYN.

2

# TABYNLYK ÝOLY

*«Rebden gorkýan, Onuň ýollarynda ýöreýän nähili bagtly!»*

ZEBUR 127:1

Çagalaryň ulularyň ümsüm ýöremegi öwrenişlerini aç-açan görkezýän gezekleri seýrek bolmaýar. Meniň ikinji oglum Ostin iki ýaşyndaka, şeýle waka bolup geçdi. Ol waka, Hudaýa tabyn bolmaga çalşanymyzda, biziň käwagt edýän zadymyzy gaty gowy görkezdi.

Şol gün bize dostlarymyz çagalary bilen myhmançylyga geldi. Olar gitjek bolanlarynda, men çagalaryň hersine dinozawr şekilli marmelad bermegi makul bildim. Men Ostiniň aýasyna bir gysym marmelady, çagalara özüniň paýlamagy üçin, sahylyk bilen guýdum. Gapydan çykanlarynda, çagalar nobat boýunça bir marmeladdan aldylar. Ostiniň elinde soňky iki dinozawrjyk galanda, ol gysymyny berk gysdy. Ýene bir gyzjagaz öz sowgatjygyna garaşyp durdy. Men ony ýumşaklyk bilen itip: “Ostin, ol ýerde paketde marmelad kän. Bu ikisini bolsa, gyzjagaza ber” – diýdim  Muňa jogap edip, ol daşary ylgap çykdy-da, poçta gutusyndan berk ýapyşyp, garşylyk görkezýän äheňde başyny ýaýkady. Onuň soňuna çenli goranjak bolýandygy görnüp durdy. Men öýe girdim-de, paketdäki marmeladdan gyzjagaza berdim. Soň men, oglumy poçta gutusyndan aýyrmaga synanyşyp, dostlarymyza we olaryň çagalaryna elimi buladym. Öýe gaýdyp girenimde, hemme zat öňküden-de beter boldy. Men Ostiniň aýasyndan mynjyran marmeladlary alyp, köşeşmegi üçin, ony ýokary, çagalar otagyna iberdim.

«Men otagyma gitjek däl!» – diýip, ol aşhanadan tarkyldadyp ýöräp barşyna aýtdy.

«Ýok, gidersiň» – diýip, men aşhanada duran ýerimde asudalyk bilen garşy çykdym.

Bu garşydaşlykly sözler ýene birnäçe gezek gaýtalandy, ýöne onuň sesi gitdigiçe ýuwaşady. Ol haýaljakdan öz otagyna gitdi. On bäş minut geçenden soň men onuň: “Men ýatjak däl. Uky bolmaz!” – diýip, çürt-kesik aýdanyny eşitdim. Soň ümsümlik boldy. Men ýuwaşjadan ýokary galanymda, onuň öz krowadynda süýji ukuda ýatanyny gördüm. Belli bir derejede Ostin özüniň mamla däldigine düşündi, hatda nämä mätäçdigini-de bilýän ýaly bolup göründi. Şonuň üçin ol irkilmek üçin ýatdy. Ýöne garşydaşlyk oýnuny görkezmek nämä gerekdi? Munuň ýaly gazaply garşy çykma nireden geldikä?

Ýöne, aýtsaňyzlaň, biziň hemmämizem käwagt şeýle etmeýärismi näme? Adaty ýadawlykdan başga-da, sebäp meniň oglumda bolşy ýaly, bizde-de tabynlygyň bolmazlygynda diýip pikir edýärin. Ol gysymyndaky marmeladyň basym azalýanyny gördi-de, özüne paý çykmaz öýtdi. Dogrymy aýtsam, şol pursatda Ostinde men özümi gördüm. Bu sustupeslik we kemsidilme duýgusy maňa-da tanyşdy, hatda ony söz bilen nähili beýan etjegimem bilemok. Hut şonuň üçin hem, özümiň garaşsyzlygymy akmaklyk bilen yglan edip: “Hudaýym, men tabyn bolýaryn, ýöne öz islegime garşy bolup we özüm taýýar bolanymda” – diýýän ýaly edýärdim.

Ulalanymyzda dawa turuzmazlygy we egoistik isleglere ýan bermezligi, biziň üçin nämäniň gowudygyny Hudaýyň bilýänine ynanmagy öwrenýäris. Aslynda, göreşme we garşy çykma arkaly gideniňden, şobada dogry hereket edeniň has aňsatdyr.

*Rebbim, tabyn bolmak islänimde, gaharyma hereket etmeli däldigimi maňa öwret. Seniň ýanyňa iň soňunda däl-de, ilki gelmegi öwret.*

*Men güýçlüdirin,*

GÖREŞSIZ HEM GARŞYDAŞLYKSYZ

TABYN BOLANYMDA.

3

# MUKADDESLIK ALAN ZENAN

*Özüňizi çagyran Hudaýyň mukaddes bolşy ýaly, siz hem ähli edýän işleriňizde mukaddes boluň. Sebäbi: "Mukaddes boluň, çünki Men mukaddesdirin" diýip ýazylandyr.*

1 PETRUS 1:15-16

Hudaý mukaddesdir, şol sebäpden hem, bizem mukaddes ýaşaýarys. Mukaddeslik – bu gowy bolmak üçin edilýän nobatdaky şowsuz synanyşyk däldir. Bu aýanlykdyr: biz Oňa degişlidiris. Mukaddeslik – bu gullukçylar üçin bolan wezipe gözükdirijisinden has uly zatdyr: bu mukaddes Hudaýyň öňünde durýanlaryň hemmesi üçin tabşyrykdyr. Biz mukaddes bolmalydyrys, sebäbi Ol mukaddes. Bizden mukaddes ýaly hereket etmegi ýa-da mukaddessirän bolmagy haýyş etmeýärler-de, mukaddes *bolmaklyga* çagyrýarlar. Mukaddes bolmaklyk bolsa, munuň öz durkumyzyň, içki tebigatymyzyň, ýaşaýyş güýjümiziň bir bölegi bolmagyny aňladýar. Biz Onuň mukaddes bolan Ruhundan – Mukaddes Ruhdan – doldurylan we Ol tarapyndan idelýäris.

Mukaddeslik biziň şahsy gatnaşyklarymyzda-da, jemgyýetde özümizi alyp barşymyzda-da ýüze çykmalydyr. Biziň mukaddesler ýaly hereket etmegimiz, ýöne şonuň ýaly bolmazlygymyz, mukaddessirän bolmagymyz, emma aslynda beýle bolmazlygymyz mümkin. Tebigatymyzy, kimdigimizi özümiziň ýaşaýşymyz kesgitleýär.

Mukaddes bolmaklyk nämäni aňladýar? Indiki aýat bize muňa düşünmäniň açaryny berýär: “Ol Öz öňünde söýgüde mukaddes, müýnsüz bolmagymyz üçin, dünýä gurulmazdan öň bizi Mesihde saýlady” (Efesliler 1:4).

Biz ilkinji demimizi almazymyzdan öň saýlanyldyk. Hudaý ýeri ýaratmazyndan owal biz Onuň pikirindedik. Mukaddes hem müýnsüz bolmagymyz üçin Hudaý bizi Mesihde saýlady. Isa mukaddes hem müýnsiz bolany üçin biz hem Atanyň öňünde şeýle bolmaklygy Isadan miras alýarys.

Mesihde dälkäk biz Hudaýyň güýjüne hem-de wadalaryna degişli däldik. Ýöne haçda tuty ikä bölünip, ýere gaçdy. Bize garşy bolan zatlaryň hemmesi haça çüýlenilip, biz Hudaý bilen bir bolduk (Kolosiýalylar 2:14).

Mukaddes bolmaklyk – başgaça – ruhy, jan hem ten taýdan – aýra goýlan bolmagy aňladýar. Ýönekeýleşdirip aýtsak, mukaddes bolmaklyk biziň Hudaýa degişlidigimizi aňladýar.

*Atam, Öz beýik gurbanlygyň arkaly maňa mukaddeslik peşgeş bereniň üçin Saňa minnetdar. Sen mukaddes, şonuň üçin, edýän zatlarymyň hemmesi meni mukaddeslikde Saňa ýakynlaşdyrsyn.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN MUKADDES WE HUDAÝA DEGIŞLIDIRIN.

4

# OT BILEN ARASSALANAN ZENAN

*«Ine, seni sapladym, ýöne kümüş dek däl,*
*seni azap küresinde synadym».*

IŞAÝA 48:10

Altyn bilen kümşi, metal suwuk bolar ýaly derejedäki, örän ýokary temperaturada arassalaýarlar. Şonda onuň goşundylary bilen garyndylary ýüze çykýar-da, metaly hapalan zatlaryň hemmesi göze görünýär. Ergin sowap gatamanka metalçy ýüze çykan zatlary aýyrýar. Metal özüniň berkligini peseldýän hapalardan we garyndylardan arassalanýança, bu prosesi gaýta-gaýta gaýtalap bolýar.

Hudaý bizi göni manysynda ýalynlap duran peçde arassalamaýar. Onda biziň ýüregimizdäki hapalyklary aýyrmagyň başga usullary bar. Ol olary kynçylyklar arkaly arassalamany ulanýar. Bu sözüň dürli manylary bar: agyr ýagdaýlar, erbetlikler, bela-beterler, betbagtçylyklar, synaglar. Durmuşdaky kynçylyklar hiç kime ýaramaýar, ýöne biz onuň miwesini görmek isleýän bolsak, onda saýlan ýolumyzdan gitmelidiris. Muny ýatda saklamak gerek, sebäbi "biz synaglara duş gelermikäk?" diýen sorag bolmaýar. "Eger" däl-de, "haçan" dogry sorag bolup durýar.

> «Suwlardan geçeniňde, seniň bilen bolaryn,
> derýalardan geçeniňde, olar seni gark etmez,
> oduň içinden ýöräniňde ýanmarsyň,
> ýalyn seni ýakmaz» (Işaýa 43:2).

Käwagt durmuşdaky külpetler suw basmalaryny we ýangynlary ýatladýar. Biziň hijimizem bela-beterlerden azatlyk almaýarys, ýöne bize olaryň wagtlaýyndygyna wada berilýär. Kynçylyklaryň özümizi ýeňmegine ýol bermesek, onda olary ýeňip geçeris. Atamyz näme edýänini bilýändir, şoňa görä-de, eger Ol bizi arassalanmanyň içinden alyp geçýän bolsa, diýmek, azaplaryň joşgunly derýasyndan geçenimizden soň, öňkimizden güýçli bolýarys.

Ahyr netijesinde Hudaý biziň üpjünçiligimize seredende, ýüregimiziň ýagdaýyny köpräk alada edýär. Bu kalbymyzdaky zady gizlemek üçin, Onuň bizi üpjünçilik zonasyndan çykmaga mejbur edýändigini aňladýar. Köplenç şonuň ýaly arassalanma dileglerimiz bilen işe girizilýär. Her gezek ösmegimize päsgel berýän ýa-da Özüne ýaramaýan zatlaryň hemmesini aýyrmagyny Hudaýdan soranymyzda, ýagdaý dartgynlaşýar. Synag ot arkaly biziň güýçli taraplarymyzy ýüze çykaryşy ýaly, öz ýolumyzda goýberýän ýalňyşlyklarymyzy hem ýüze çykarýar. Men sizi yza çekilmän, ýalynlaryň dillerinde aýdym aýtmaklyga çagyrýaryn! Goý, siziň minnetdarlyk dogalaryňyz daşgyn suwlaryň üstünde asmana galsyn, sebäbi Hudaý bizi Öz maksady üçin we biziň güýçli bolmagymyz üçin arassalaýar.

*Rebbim, aslynda betbagtçylyklaryň we kynçylyklaryň özümiň özgermegimi herekete getirýän güýç bolup durýandygyny görerim ýaly, meniň gözlerimi aç. Ot bilen synama wagtynda meni ýeke goýmajakdygyňy men bilýärin, şol sebäpden hem, goý, Seniň islegiň bolsun.*

*Men güýçlüdirin,*

DURMUŞDAKY KYNÇYLYKLARYŇ ÖZ ÝÜREGIMI ARASSALAMAGYNA RUGSAT EDENIMDE.

5

# TENDÄKI AGYZ BEKLEMEK

*«Şonuň üçin Hudaýa boýun boluň! Iblise garşylyk görkeziň, şonda ol sizden gaçar».*

ÝAKUP 4:7

Agyz beklemek – bu kalbyňy ýeňilleşdirmäniň, ony içki ýükden azat etmäniň iň gowy usulydyr. Ruhy taýdan agyz beklemeklik – bu pikirlerden, edýän zatlaryňdan ýa-da endiklerden ýüz öwürmekdir, tendäki agyz beklemek bolsa, Mukaddes Kitaba eýerip, Hudaýa tarap ymtylyşyňda iýmitden saklanmakdyr.

Tendäki agyz beklemek berhizden nähili tapawutlanýar? Esasy tapawutlaryň biri, berhiz biziň daşky keşbimizi üýtgedýär, agyz beklemek bolsa, bizi hemme zada täzeçe seretmäge mejbur edýär. Berhiz tereziniň dilini süýşürýär, agyz beklemek bolsa, gözümizden perdäni aýyrýar. Agyz beklemek – bu Hudaýa tabynlygymyzy beýan etmekdir. Biz saklanyp, Hudaýyň öňünde baş egenimizde we özümizi Oňa ynananymyzda, duşman dowla düşüp yza çekilýär. Iýmitden saklanmak bilen biz hakyky açlygy – Hudaýa teşneligi – ösdürmäge özümize mümkinçilik berýäris. Hudaýyň Sözünden iýmitlenip, Onuň söýgüsini we ýagşylygyny ýada salanymyzda, ymtylyşlarymyz üýtgeýär. Agyz beklemek aklymyzy ýiteldýär we ýüreklerimizi ýumşadýar.

Eger siz birinji gezek agyz bekleýän bolsaňyz, haýsydyr bir ýönekeý hem peýdaly zatdan başlaň. Mysal üçin, ak un ýa-da şeker ýaly sagdyn bolmadyk iýmitlerden saklanyň. Danyýeliň berhizi diýilýän zady hem okap bilersiňiz – ol hakdaky maglumaty internetden tapmak aňsatdyr. Ýa-da siziň agyz beklemäňiz günortanlyk naharyny iýmezlikde jemlenip biler. Eger siz diňe suw içip, agyz beklemekçi bolsaňyz, ýöne saglygyňyzda mesele bar bolsa ýa-da derman içýän bolsaňyz, onda

hökman öňünden lukman bilen maslahatlaşyň*.

Agyz beklemek – bu ten isleglerinden akyl ýetirip ýüz öwürmekdir. Ol sizde fiziki oňaýsyzlygy döreder. Ýöne ruhy nukdaýnazarda bu dabara, içki şagalaň we şatlyk wagtydyr. Eger siz Patyşany sylaýan bolsaňyz, onda Ol Öz barlygy bilen sizi sylar. Agyz beklemek – bu jeza däl-de, mukaddes artykmaçlykdyr. Munuň ýaşaýyş hem ölüm meselesidigine düşünmek gerek, sebäbi bu hakykatdan şeýledir. Siz ölümi gandallaýarsyňyz.

Eger özüňizi Hudaýa bagyş etmeýän bolsaňyz, onda iýmekden saklanmagyň manysy ýokdur. Agyz bekleme wagtynda ýöne bir dynç almak üçin hemme zady öňünden taýýarlaň. Sosial torlar ünsüňizi bölmez ýaly, telewizory, telefony we kompýuteri öçüriň. Öwgi aýtma hem sežde etme aýdymlaryny aýtdyryň, goý, olar gaty ses bilen ýaňlansyn. Bu dynç alma wagtydyr, şonuň üçin ony işlerden doldurmaň. Dynç alyň, uklaň we Hudaýa golaýlaşyň. Hudaýyň Sözüni – mysal üçin, Ester kitabyny ýa-da agyz bekleme baradaky wadalary, şeýle hem, sizi ruhlandyrýan mesihilik kitaplaryny okaň.

Agyz bekleme wagtynda siz öz ruhuňyzy berkidýärsiňiz. Haýyşly dilegleriňiziň gündeligini ýörediň. Ataňyzyň öňünde açyk hem dogruçyl boluň we Onuň Mukaddes Ýazgy hem dilegler arkaly özüňize aýan edýän zatlaryny ýazyp alyň. Bu söýgi wagtydyr, şonuň üçin Onuň size ýaşaýyş suwuny berjegine we sizi doldurjagyna ynanýaryn.

*Men agyz bekleýän wagtymda, Hudaýym, ýanymda bol. Meniň ymtylyşlarymy üýtget we maňa Özüňe bolan teşneligi ýene köpräk ber. Men Seniň sözleriňe garaşanymda, asudalykdan dolýaryn. Meniň syzgyrlygymy aç we meni kütek edýän zatlardan arassala.*

*Men güýçlüdirin,*

SEBÄBI MEN AGYZ BEKLEÝÄRIN, MEN ÖZ PATYŞAM BILEN MEÝLIS GURÝARYN.

* Bu kitabyň maksady medisina tekliplerini bermek däldir. Ol lukmanyň berýän maslahatynyň we ýazan bejergisiniň ýerini tutup bilmez. Eger sizde agyz beklemek babatda islendik şübhäňiz bar bolsa, özüňizi bejerýän lukman ýa-da başga bir kämilleşmäni geçen medisina işgäri bilen maslahatlaşyň. Eger entek siziň on sekiz ýaşyňyz dolmadyk bolsa, ene-ataňyz bilen öňünden maslahatlaşman, agyz beklemäň.

6

# ÝÜREGINI SOWGAT BERÝÄN ZENAN

*«Reb heniz şuny aýdýandyr: "Agyz bekläp, aglap, ýas tutup, tutuş ýüregiňiz bilen Maňa öwrüliň. Eşikleriňize derek ýürekleriňizi parçalaň, Hudaýyňyz Rebbe dolanyp geliň". Ol merhemetli hem rehimli, giň göwünli, sadyk söýgä baý. Ol jeza bermekden el çekmäge taýýar».*

ÝOWEL 2:12-13

Hudaý yzymyzdan galman bize seredýär. Biz nirede bolsak-da, näme etsek-de, Ol ýeriň ol ujuna çenli biziň yzymyza düşer. Hudaý bu nesle ýüzlenýär: "Hatda häzirem hemme zat göwnüňize umytsyz ýaly bolup görnende-de, sizem özüňizi hapa hem boşap galan ýaly duýanyňyzda-da... Hatda häzirem! Beýlekileriň hemmesi güýçsüz bolup galanlarynda-da, siziň başlan zatlaryňyz diňe hasrat getireninde-de... Men lapykeç etmerin. Hatda şu wagtda-da, hemme zada eýýäm giç ýaly bolanda-da.... bu beýle däl! Bütin ýüregiňiz bilen Maňa tarap öwrüliň".

Ol biziň yzymyza düşüp ýörýär. Onuň bizden garaşýan bar zady – biziň Özüne tarap ýöne bir öwrülmegimizdir. Gören zadymyz göwnümize ýaramasa-da, Ol bizi pähimlilige, özümize bolan dogry garaýyşly bolmaklyga çagyrýar. Günälerimiziň suraty näzijek gülgüne reňk bilen däl-de, gan reňkli gyzyl bilen çekilendir. Ýöne Hudaýa biziň gurbanlygymyz gerek däl – Patyşa ony biziň deregimize eýýäm berdi. Hudaý bizi ýuwmagy ýürekden isleýär. Ol

bize boş, iýmitlendirmeýän zady – bu dünýäniň manysyz isleglerini we geçip gidýän şatlygyny – bermeýär. Munuň deregine Ol bize ýer ýüzündäki iň gowy zady teklip edýär... Ýöne munuň üçin biz ilki taýýar bolmaly, soňra hem tabyn bolmalydyrys. Toba etmäge we ýoldan çykanymyzy boýun almaga taýýar bolmalydyrys. Ol mähirli, wepaly hem dogry bolany üçin, Oňa şatlyk bilen gulluk etmäge taýýar bolmalydyrys. Onuň Sözüne tabyn bolmaga taýýar bolmalydyrys, sebäbi bu söýgi, ýaşaýyş we azatlyk kanunydyr. Haçymyzy alyp, özümizi Mesihde, tene öwrülen Sözde, gizlemäge we Onuň göreldesine eýermäge taýýar bolmalydyrys. Ýowel pygamber bu günem biziň her birimizi çagyryp, ýüregimizde näme bar bolsa-da, «tutuş ýüregiňiz bilen Hudaýa öwrüliň» diýýär. Aýallaryň ýürekleri ugrundaky söweş hiç haçan hem bes edilmedi, şonuň üçin Hudaý  sizden öz ýüregiňizi – hatda ol paralanan, ýaralanan we ganap duran bolsa-da – Özüne getirip bermegiňizi soraýar. Ol sizi bu dünýäniň eýmençliklerinden ýüz öwrüp, Öz arzuwyna dolanmaga çagyrýar. Sebäbi Ol wagtyň ilki başyndan Özüne gelinlik – edil siz ýalyny – gözläp gelýär.

*Atam, yzymdan galman, yzyma düşüp ýöreniň üçin Saňa minnetdar... Meniň bar etmeli zadym – yzyma öwrülip, Seniň gujagyňa dolmakdyr. Ýüregimi Saňa berýärin we ýene Seniň ýanyňa gaýdyp gelýärin.*

*Men güýçlüdirin,*

MAŇA TEŞNE BOLANA ÖWRÜLENIMDE.

7

# ÖZ HAÇYNY GÖTERÝÄN ZENAN

*Hemmelere şeýle diýdi: «Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, her gün haçyny alyp, yzyma düşsün. Çünki kim janyny halas etmek islese, ol ony ýitirer, ýöne kim janyny Meniň ugrumda ýitirse, ony halas eder. Ynsan bütin dünýäni gazanybam, janyndan mahrum bolsa, oňa näme peýdasy bar?»*

LUKA 9:23-25

Gowy boljak bolup edýän gözgyny synanyşyklarymyzy goýup, Öz ýanyna barmagymyzy Hudaý üýtgewsiz ýagdaýda ýürekden isleýär. Ol biziň diniň we ten islegleriniň tutusynyň aňyrsyna seredip, iman bilen, merhemetlidigine şübhelenmän, Öz ýanyna golaýlaşmagymyza teşne. Her gün öz haçymyzy alyp, Onuň yzyna düşerimiz ýaly, Ol biziň Özüne ruhda we hakykatda sežde etmegimizi isleýär.

Isa bize haçymyzy almalydygymyzy aýdanda, näme göz öňünde tutulýar? Gep boýna bezeg dakma barada däl. Bu ýüregimizde Onuň üçin janly gurbanlykdygymyzy her gün möhürlemelidigimizi aňladýar. Haç götermeklik munuň bilen gutarmaýar. Bu, şeýle hem, ölüp barýan bu ýitirilen dünýäde haçyň her birimiz üçin beren güýjüni we wadalaryny ýaýratmagy hem aňladýar. Haç hemme zady üýtgedýär.

Köneäht döwründe ruhanylar her gün Rebbe gurban getirýärdiler. “Süleýman eýwanyň öňünde Rebbe guran gurbanlyk sypasynda Rebbe ýakma gurbanlyklaryny hödürledi. Ol yakma gurbanlyklaryny Musanyň tabşyrygy boýunça gündelik ... hödür etdi» (2 Ýyl ýazgylary 8:12-13). Öz

haçyňy almaklyk – her gün şonuň ýaly gurban getirmegi aňladýar. Bu görkezmäni, Musanyň tabşyryklary däl-de, Rebbiň Özi berdi.

Isanyň soňky gurbanlyk bolandygyny, işiň tamamlanandygyny aýdyp, kimdir biriniň garşy çykmagy mümkin. Ýöne biziň haç götermämiz – bu günä üçin gurbanlyk däl. Biziň getirip biljek gurbanlyklarymyzyň hijisi-de, özümize garşy şaýatlyk edýän kanunyň talaplaryny kanagatlandyryp bilmez. Muny diňe Isa, biziň günälerimiz üçin ölmek bilen edip bildi. Indi Onuň ýaşaýşy Hudaýda gizlenen – biziň ýaşaýşymyz hem Onuň ýaşaýşynda gizlenmelidir.

Bize öz ganymyzy dökmek gerek däl, sebäbi Isa Öz ganyny dökdi. Ýöne diri gurbanlyk bolmaklyk – Onuň ýaşaýşy ýaly ýaşamagy, günä üçin öli, emma Hudaý üçin diri bolmagy aňladýar! Biz dogrulyk ýaragy hökmünde, özümizi, tenimizi hem janymyzy Hudaýa teklip edýäris.

Rehimdarlyk bizi kanuna däl-de, merhemete tabyn edýär, şol sebäpden hem, şu rehimdarlyk sylagyna jogap edip, biz Mesihiň haçdaky göreldesine eýerýäris. Biz her gün teniň we günäniň däl-de, Hudaýyň we dogrulygyň öňünde baş egýäris. Biz öz saýlawymyz boýunça durmuşymyzy Oňa bagyş edýäris we tenimizi Oňa berýäris. Şonda öz haçymyzy kabul etmek bilen, imanda Onuň ýüregine golaýlaşýarys.

*Isa, meniň üçin haça çykanyňa Saňa minnetdar. Öz haçyňy götermegiň we tabynlykda Saňa minnetdar bolup ýaşamagyň nämäni aňladýanyny maňa aýan et.*

*Men güýçlüdirin,*

ÖZÜMI DIRI GURBANLYK HÖKMÜNDE HUDAÝA BAGYŞ ETMEK BILEN, HER GÜN ÖZ HAÇYMY GÖTERENIMDE.

*8*

# HUDAÝYŇ SÖZI

*«Rebbiň bu sözlerini ýüregiňize hem kalbyňyza siňdiriň. Olary bellik hökmünde eliňize dakyň, maňlaýyňyza nyşan edip belläň... Olary jaýyňyzyň gapylarynyň söýelerine we derwezelerine ýazyp goýuň. Şonda Rebbiň ata-babalaryňyza bermegi wada eden ýurdunda siziň çagalaryňyz we özüňiz uzak ömür sürersiňiz. Asman ýeriň üstünde näçe dursa, şol ýurtda şonça-da ýaşarsyňyz».*

KANUN TAGLYMATY 11:18, 20-21

Hudaý Ysraýyl çagalaryny Öz Sözüni öýleriniň gapylarynyň söýelerine we ýüreklerine ýazmaga çagyrýar. Bu Mukaddes Ýazgynyň üstünde pikirlenmegi we aýatlary ýat tutmagy gürrüňsiz aňladýan bolsa-da, men munda has uly bir zady – döredijilige çagyryşy – görýärin. Muňa Hudaýyň halkynyň şeýle düşünendigine men şübhelenmeýärin. Ýewreý erkekleri kiçijik gutujyk – filakteriýa – ýasap, olaryň içine Hudaýyň Sözünden bölejikler ýazylan kiçijik kagyzjyklary salyp, maňlaýlaryna daňypdyrlar. Şeýle etmek bilen olar kanuna tabyn bolmagyň wajypdygyny özlerine ýatladypdyrlar. Göni manysynda “gapynyň söýesini” aňladýan memuza – bu içine ýazgyly kagyz salnan owadanja gutujyk bolup, ony öýüň gapysynyň ýokarsyna asyp goýupdyrlar. Onuň içine: “Eý Ysraýyl halky, gulak goý. Hudaýymyz Reb ýeke-täk Rebdir. Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli güýjüňiz bilen jan-tenden söýüň” (Kanun taglymaty 6:4-5) diýen sözler ýazylan düýrme kagyzjygy salypdyrlar. Nähili ajaýyp ýatlatma! Näme üçin bizem edil şonuň ýaly etmeli dälmişik?

Meniň ogullarym käwagt ýüz görülýän aýnanyň ýüzüne

Mukaddes Ýazgydan alnan parçalary, özleriniň üstünde oýlanýan aýatlaryny ýelmäp goýýarlar. Adamym ruluň başynda ykjam diskde Mukaddes Kitaby diňleýär, türgenleşme wagtynda bolsa, sport zalda wagzy açyp goýýar. Internetde podkastlar, öwgi we sežde etme aýdymlary hem-de wagyzlar bar. Hudaýyň Sözüni gündelik durmuşyň bir bölegi etmek, aslynda, örän aňsat.

Agtyklarym, ýüreklerine ýazmak üçin, aýatlary ýat tutýarlar. Käbir adamlar Mukaddes Kitap tekstlerini tatuirowka edýärler. Eger siz Mukaddes Ýazgyny bütin maşgala bolup ýat tutýan bolsaňyz, şol parçalary ýazyp, öýüň dürli ýerlerine goýup çykyň we olary durmuşda nädip ulanmalydygyny ara alyp maslahatlaşyň. Özüňiziň şahsy oýlanmalaryňyz üçin gündelik ulanyň – belli bir aýadyň özüňiziň gündelik durmuşyňyza, gatnaşyklaryňyza we ruhy ösüşiňize nähili täsir edýänini ýazyň.

Şunuň ýaly usuly ädimler bize Hudaýyň Sözüniň bardygyny we ony islendik ýerde, islendik ýagdaýda, durmuşymyzyň islendik çatrygynda ulanyp bolýandygyny ýatladýar. Hudaýyň kelläňizde ýaňlanýan sözleri ýüregiňize ornaşýança, olary ýazyň, çap ediň, ýat tutuň we gaýtalaň.

*Rebbim, Seniň Sözüňi özümiň gündelik durmuşyma – döredijilikli, çuň we söýgi bilen – nädip ornaşdyrmalydygyny maňa görkez.*

Men güýçlüdirin,

SEBÄBI HUDAÝYŇ SÖZI MYDAMA GÖZLERIMIŇ ÖŇÜNDE WE PIKIRLERIMDE.

9

# ÇYDAMLYLYK

*«Eý doganlar, dürli synaglara uçranyňyzda, muny uly şatlyk hasap ediň. Sebäbi imanyňyzyň synalmagy bilen çydamyňyzyň artýandygyny bilýänsiňiz».*

ÝAKUP 1:2-3

Dogrudanam? Agyr döwürler – bu şatlyk üçin sebäpmi? Ine, biziň güýje bolan garaýşymyzyň jemgyýetimizde kabul edilen garaýyşlara garşy gelýändiginiň ýene bir mysaly. Dogrudanam, «uly şatlyk» hakda gürrüň etmände-de, köp sanly synaglara şatlanmak kime mahsus? Şeýle-de bolsa, Isanyň dogany Ýakup bizi hut şoňa çagyrýar. Gep biziň çydamlylygy aňsat döwürlerde däl-de, synaglar döwründe öwrenýändigimizdedir. Ine, bu sözüň käbir sinonimleri: maksada okgunlylyk, tutanýerlilik, özüňi pida edijilik, aýgytlylyk, saklanyp bilmeklik we ýan bermezlik. Eger bizi güýçden düşürmäge dyrjaşýan dünýäde güýçlüligimize galmak isleýän bolsak, onda bu häsiýetleriň hemmesi bize gerek bolýar. Başga bir düşündirilişde çydamlylygy «Hudaýyň merhemeti» diýip atlandyrýarlar.

«Kämil hem doly bolup, hiç bir ýetmeziňiz bolmaz ýaly, çydam sizde şeýle güýçli ösmelidir» (Ýakup 1:4). Şu dolulyk we kämillik wadasynyň esasynda Ýakubyň näme sebäpden “uly şatlygy” ýerlikli hasap edýändigine düşünip bilersiňiz. Hut synaglar wagtynda biziň nämä daýanandygymyz we güýji nireden alandygymyz aýan bolýar. Durmuşyň hut gurakçylyk döwründe kalbymyzyň guýusynyň näderejede çuňdygyna biz düşünýäris. Bolçulyk döwürleri nämä durýandygymyzy seýrek görkezýär. Köp ýagdaýlarda hut kynçylyklar

we mahrum bolmalar ruhy güýji ösdürmekdäki halypamyz bolýar.

Mesihiň ilkinji yzyna eýerijileriň nähili synaglara duş gelendiklerine düşünmek üçin, geliň, resul Pawlusyň sözlerine ýüzleneliň:

> «Üç gezek taýaklandym, bir gezek daşlandym, üç gezek gämi heläkçiligine uçradym, bir gije-gündizi açyk deňizde geçirdim. Elmydama ýolda bolmak bilen men derýalardan, başga milletlerden ýaňa howp astynda gezdim. Şäherde, çölde, deňizde, dogansumaklaryň arasynda howp-hatarlara uçradym».
> 2 Korintoslylar 11:25-26

Bu diňe Pawlusyň gören görgülerini suratlandyrýan bary-ýogy ikije aýat. Bu setirleri okan wagtymda öz ejizliklerim sebäpli özümi oňaýsyz duýýaryn. Biziň döwrümizde meseleleriň adaty sanawy başgaça bolýar: sosial torlarda bize ýazylanlar az; dostlarymyz duşuşyga çagyrmadylar; meniň işimi hasap etmeýärler; öz daşky keşbim özüme ýaramaýar; men semiz. Irki ýygnagyň geçen synaglarynyň esasynda, belki, bize özümiziň içki güýjümizi ösdürmek gerekdir.

*Gökdäki Atam, synaglary lezzet getirýändigi üçin däl-de, olar arkaly Seniň mende çydamlylyk döredýäniň üçin Saňa minnetdar bolandygym sebäpli “uly şatlyk” diýip atlandyrýaryn.*

*Men güýçlüdirin,*

SYNAGLARYŇ MENI IÇKI TAÝDAN TAPLAÝANDYGYNY BILENIMDE.

# BÄSDEŞSIZ




Biziň başgalary bäsdeş hökmünde görmegimiziň we deňeşdirmek we bäsdeşlik arkaly özümizi çäklendirmegimiziň bir sebäbi bar. Bizde öz-özümize we biri-birimize garşy tarapdar saýyp, umytda aňymyza, islegimize we duýgularymyza hüjüm edýän duşmanymyz bar. Ol bizi ýakyn baglanyşyklardan mahrum edýän, şahsyýetimiz hakda bulaşyklyk döredýän we çagyryşymyzda çäklendirýän nejis aýlawa alyp barýar.

Iň köp satylan kitaplaryň ýazyjysy Liza Biwer "Bäsdeşsiz" kitabynda, Hudaýyň söýgüsiniň aýan edilmeginiň bu baglanyşyklary nädip bozýandygyny paýlaşýar. Siz adamlary bäsdeş hökmünde görmegi nädip bes etmelidigi we öz arzuw edýän Ýaradyjyňyz bilen hakyky şahsyýetiň we ýakynlygyň wadasyny saklaýan çuňňur gatnaşyklary nädip gurmalydygy barada öwrenersiňiz. Liza degişme we hyjuw bilen, biziň döwrümiz üçin pygamberlik paýhasyndan doly bu sagdyn Injil taglymatyny kabul etmegiňizi talap edýär.

– Bäsdeşligi taşlaň we özüňizdäki iň gowy zatlary açyň. – Siziň hökmany gatnaşmagyňyz gerek bolan gepleşiklerden gizlenmegiňizi bes ediň. – Aýallaryň ähmiýetsizdigi, sadadygy we manysyzdygy baradaky pikirleri ret ediň. – Jynsy bäsdeşligi durmuşyňyzda ýaragsyzlandyryň we erkekler bilen bilelikde zähmet çekiň.

Bäsdeşsiz durmuşa gadam basmagyň wagty geldi.

**MessengerX.com** X-da elýeter

# GYLYÇLY GYZLAR




Hudaýyň Sözi – bu ulanylanyna garandan, öwrenileni has amatly bolan gylyçdyr. Gyzlara gylyçlary paýlap, olaryň ýeri we gögi çekişlerini synlamaga wagt boldy. Gelin-gyzlar bütin dünýä boýunça köneden galan urp-adatlaryň, seksual gulçulygyň, kemsitmeleriň we hatda gendersidiň nyşanyna öwrüldiler. Liza Biwer bu hüjümleriň aýallaryň geçmişde kim bolandygyny däl-de, olaryň gelejekde kim bolup biljekdigini habar berýändigi barada ýazýar. “Gylyçly gyzlar” atly kitabynda ol ruhy duşmanyň bu gyzlary ýaragsyzlandyrmagyň mümkinçiliklerini agtaryşy barada gürrüň berýär. Gelin-gyzlaryň gahryman bolaryna wagt gelip ýetdi, çünki Hudaý olary mert, paýhasly, saýgarmagy we bagyşlamagy başarýan edip ýaratdy. Gylyjyňy ýokary galdyryp, gahryman bolara wagt gelip ýetdi.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# ENE ARSLANLARYŇ OÝANMASY

***Oýan we öz dünýäňi özgert***




Ene arslan ukudan oýanýar – kuwwatlygyň, joşgunlygyň we owadanlygyň ajaýyp keşbi. Onuň hakyky tebigaty – töwerekdäki dünýä hökümini ýöretmek, neslini goramak we erkek arslany kuwwatlandyrmak. Tutuş dünýä täsir etmekligiň hatyrasyna ene arslanlar toparda bütewi bir beden ýaly hereket edýärler.

**Siz hem arslansyňyz!**

Liza Biwer "*Ene arslanlaryň oýanmasy*" atly kitabynda ene arslanyň ýaşaýşyny we keşbini berk, şol bir wagtyň özünde-de näzik zenanyň keşbi hökmünde teklip edýär. Bu ajaýyp ýaradylan jandaryň oslagsyz häsiýetlerini açmak bilen, Liza zenanlary biri-biri barada alada etmäge, öz çagyryşynda hyzmat etmäge we dilegde güýçli bolmaga çagyrýar. Şu habar arkaly siz kämil bolmadyklary goramaga we ozal sessiz bolanlar üçin güýçlendiriji rupor bolmagyň mümkinçiliklerini ýüze çykararsyňyz.

Ýabany tebigatyň dünýäsinden alnan täsin deňeşdirmeler we Mukaddes Ýazgylaryň jümmüşinden alnan ene arslanlaryň keşbi arkaly "*Ene arslanlaryň oýanmasy*" aýallary birleşip, Ýer ýüzünde müdimilik güýji edinmäge çagyrýar.

Isa Mesih Ýahuda tiresinden bolan Arslan diýip atlandyrylýar. Biz bolsa – Onuň oýanan ene arslanlary.

**MessengerX.com** X-da elýeter

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **130-den gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.



Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.




## MessengerX.com

Yüklemek App Store

Almak Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

**GÜÝÇLI ZENAN BOLMAK – BU KADALY ZATDYR!** Hudaý size durmuşyň her bir ulgamy üçin güýç berýär. Häzirkizaman medeniýet şertlerinde biziň wezipämiz diňe bir, Hudaýyň bizi çagyryşy ýaly güýçli zenan bolman, eýsem Onuň Sözünde-de güýçli bolmakdyr. Bu bolsa, eglişik etmän dogrulyga ýykgyn etmekligi aňladýar.

Güýç – bu çagyrlyş hem buýrukdyr. Ýöne güýç alýan ýerimiz wajyplykda güýji görkezişimizden pes däldir. Medeniýet güýjüň içimizde döreýändigini aýdýar, emma aslynda ol Hudaýdan gelýär.

Nýu Ýork Times iň köp satylýan kitaplaryň awtory Liza Biwer özüniň «Güýçli zenan» atly kitabynda köplenç hemme zady başaşak edýän dünýäde güýçli zenan bolmagyň nämedigine bolan täzeçe garaýşy teklip edýär. Liza 90 sany gysgaça söhbetdeşlikde içki çydamlylyk, güýç bilen mylaýymlygy sazlaşdyrmak we gatnaşyklary gowulaşdyrmak, kanagatlanma, ökünçlerden saplanma, asudalygyň güýjüne we başga-da köp zatlara degip geçýär. Bu kitap size güýçde beýgelmäge, imanda berkemäge we Hudaý hem adamlar, hem-de özüň bilen sazlaşykly durmuşyň şatlygyny duýmaga kömek edýär.



Liza Biwer özüniň tanalýan – inçe degişme aralaşan ýürekdeş hem yhlasly tärde gündelik durmuşdan alnan mysallar bilen Mukaddes Kitap hakykatlaryny çuň suratlandyrýar. Onuň kitaplary, şol sanda *“Zenan hökmünde söweş”, “Ýolbarsyň oýanmagy”* we *“Gylyçly gyzlar”* atly kitaplary 80-den gowrak dillere terjime edildi we bütin dünýädäki millionlarça okyjylaryny ruhlandyrýar. Liza bilen adamsy Jon iň köp satylýan kitaplaryň awtorlary we Messenger International guramasyny esaslandyryjylardyr.

**MessengerX.com** saýtynda olar barada köpräk biliň.

Messenger INTERNATIONAL

Bu kutap – awtoryň sowgady. Satuwa degişli däl.

Köpräk bilmek isleýärsiňizmi? Bu kody skanirläp alyň.